
ШӨХРАТ
АБДЫЕВ
КӨНЕУРГЕНЧ РОВАЯТЛАРЫ

ŞÖHRAT ABDYÝEW

# KÖNEÜRGENÇ ROWAÝATLARY

398 .( 575.4)
A14

Abdyýew Şöhrat.
Köneürgenç rowaýatlary:Rowaýatlar, tymsallar( Uly ýaşly mekdep okuwçylary üçin)/ Kiril hatyndan milli türkmen elipbiýine geçiren, Köneürgenç etrap merkezi kitaphanasynyň müdiri, şahyra Annatuwak Kakaýewa .-A.: Magaryf, 1993.- 79 s .

*Awtordan*

*Ürgenç gadymy Horezm döwletiniň paýtagty hökmünde-de, öz ösen medeniýeti, ylmy, sungaty bilen-de has irki döwürlerden bäri meşhurlyk gazanyp gelipdir. Ol has irki siwilizasiýanyň merkezleriniň biri hökmünde taryha girdi. Taryhyň çarhy soňky döwürlerde Ürgenjiň ýüzüne çäge syçradyp geçip gidipdir. Emma şol döwürlerden galan nusgalar kül içindäki göwher ýaly asyrlardan-asyrlara lowurdapdyr. Şol döwrüň ajaýyp ymaratlaryndan, sungat eserlerinden nusgalar biziň günlerimize hem gelip ýetidpir.*

*Indi onuň adyna Köneürgenç diýýärler. Müň ýaşly ymaratlary bilen seleňläp oturan şäher köpleriň ünsüni çekýär. Eýsem, Köneürgenç örän köp dürli rowaýatlaryň hem mesgeni. Olar diňleýjini biygtyýar özüne çekýär.*

*Babam söhbetsöýer, märekeman adamdy. Onuň aýdyp beren rowaýatlary, ertekileri çagalykdan aňymda galypdyr. Olar maňa köp wagtlap ynjalyk bermedi. Ahyry hem şu kitabyň dünýä inmegine getirdi. Şonuň üçin kitaba başda «Babamyň hekaýatlary» diýip at goýjak boldum. Emma rowaýatlaryň köpüsiniň ýerligi gadymy Horezm topragy, Köneürgenç bilen baglanyşykly bolup çykdy. Şeýle bolansoň Köneürgenç bilen baglanyşykly bolmadyk käbir ertekileriň, rowaýatlaryň bolmagyna garaman, «Köneürgenç rowaýatlary» diýip atlandyrmagy dogry tapdym. Kitap folklor materialymy ýa-da gaýtadan işlenen proza diýen soragy çözmegi bolsa, kitaby okajak okyjylaryň özlerine goýýaryn.*

## KÖNEÜRGENÇ

Ak sakgally, ýüzi peşeneli ýaşuly hasasyny ýere diräp, skameýkada otyr. Köçeden geçýän maşynlaryň yzy üzülenok.
-Baba, näme üçin biziň şäherimize «köne» diýýärler?
Onuň nämesi köne?
-Ýok, oglum, biziň şäherimiz täze. Görýäňmi, heý, köne zat barmy? Köne zat bolsa derrew aýryp, täzesini gurýarlar-diýip, goja jogap berýär.
-Eýsem, minarany, Törebeg hanymy, Soltan Alyny hem ýykyp, täzeden gurarlarmy?
-Ý-ok, olary remont edýärler. Heý, olary hem ýykyp bolarmy? Olaryň gurlanyna azyndan 600-800 ýyl bolupdyr. Birwagt biziň şäherimiziň ýerinde iňňän uly paýtagt şäher ýerleşipdir. Oňa Ürgenç diýip at goýýarlar. Iki Ürgenç bolansoň, muňa «öňki, gadymy» manysynda «Köneürgenç» diýip at goýupdyrlar. Bu ýerde her bir ýadygärligiň, her bir depäniň uly taryhy, gyzykly rowaýatlary bardyr. Ine, meselem ... diýip, goja gürrüňe başlaýar.

## TOTY GUŞ

Oglanjygyň eline «Totynyň hekaýatlary» diýen kitap düşüpdi. Ol kitapda özüne düşnüksiz sözler baranm bolsa ony zalp bilen okap çykdy. Ine, häzir babasy gürrüň berýärkä-de şol kitapdaky Toty guş göz öňüne gelýär. Ol hakykatda Toty guşy bir gezegem görmedi. Ýöne telewizorda tomaşa etdi, suratyny gördi. Emma häzirki gürrüň berýän Toty guşy düýbünden başgaçady.
Toty guş edil kitap okaýan ýaly gürrüň berýär. Oglanjyk käte meýmireýär. Şonda Toty guş onuň gözlerine has aýdyň görünýär. Hereketlerem has aýyl-saýyl.
Toty guş Köneürgenç baradaky rowaýatlary aýdyp berýär. Hawa, babasy däl-de Toty guş aýdýar. Özem şeýle bir gyzykly, şeýle bir şüweleňli gürrüň berýär welin, oglanjyk agzyny açyp galýar. Toty guş ilki rowaýatyny «Merdiň gözýaşy» diýip atlandyrdy.

# MERDIŇ GÖZÝAŞY

Horezm şalarynyň biri erbet näsaglady. Kesel halys basmarlap, şanyň jany bogazyna geldi. Ahyry ol ýurduň ähli tebiplerini ýygnap ölüme buýurmagy ýüregine düwdi. Baş wezire pkirini ýaňzytdy hem:
-Gudraty güýçli hökümdar. Hekimleri ýene bir ýygnaly. Belki bir zat tapaýadylar-diýdi.
Şol pursatyň özünde çaparlar, jarçylar dumly-duşa at saldylar. Ähli tebipler bellenen müddetde şa köşgüne ýygnaldy. Wezir tebipleriň öňünde kesgitli şert goýdy:
-Üç gün puryja berilýär. Şoňa çenli şanyň derdine em tapmasaňyz, hemmäňize jellat aýpaltasy garaşýar.

Tebipler uly alada galdylar. Dert güýçlüdi. Hiç hili däri-derman bilen alyp bolanokdy. Baryndan hem beteri derman tapylaýanda-da şa sagalýança olar boşadyljak däldiler. Hemmesi ölümlerini boýnuna alyp, çuňňur gaýga batdylar. Birden bir tebip olara ýüzlendi:
-Halaýyk! Gamlanmaň! Çykalgany men tapjak bolaryn. Nesip bolsa, bu belany siziň başyňyzdan özümiz sowarys-diýdi.
-Aýt-da, aýt-boluşdylar.
-Men ony degişli ýerinde aýdaryn. Siz üç güne çenli pal atyň, gurra taşlaň, ýyldyz sanaň. Derman agtarýandan boluberiň.
Ähli hekimler onuň aýdany bilen boldular. Üç gün möhlet geçip, ýene baş wezir olary ýygnady. Şol tebip ýerinden galdy:
-Gatsyr, şanyň derdine derman tapsak, şu halaýygyň ölümden gutuljagy rastmydyr?
-Rastdyr-diýdi.
-Rast bolsa biz üç günläp kitap dörüp, ýyldyz garap, ahyry şa derdiniň dermanyny tapandyrys. Ýöne ony ele salmak örän kyndyr-diýdi.
-Gudrat güýçli hökümdaryň ýanynda ele salynmajak zat bolmaz. Aýt.
-Ele salyp bilmeseňiz, bize azar berilmez gerek?
-Berilmez.
-Bu ýeriň ýüzünde şanyň derdiniň ýaňlyz dermany bar.
Merdiň ejizläp aglandaky gözýaşy şamyzyň derdine em bolar.
Şanyň permany bilen tebiplere serpaý ýapylyp ugradylypdyr. Indi çaparlar dumly-duşa başga perman bilen at salypdyrlar. Minneti egri gylyjyndan çekýän, iliň-günüň aladasy bilen ýaşaýan bir merdi gollaryna zynjyr urup getirdiler.
Ony her hili horluga sezewar etdiler. Emma gözlerinden nem dammady. Gözüniň öňünde ene-atasyny parçaladylar. Saçlarynyň ýary agardy.

Dişleriniň ýarysy düşdi. Goly bagly ýesiriň gözlerinden syçran uçgun jellatlaryň saç-sakgalyny çirkizdi.

Şanyň iň soňky demleri gelip gidýär. Wezir-wekiller ýene merdiň üstüne hüjüm edýärdiler. Bu egzek onuň çagalaryny oda ýakdylar. Bagyr awusyndan ýaňa ýüzleri gara-ört boldy. Saçlarynyň bary agardy, dişleriniň bary düşdi. Emma onuň gzölerinden ýekeje katra hem gaçmady.

Wezir-wekilerden biri maslahat tapdy:

-Gözüniň öňünde munuň namysyna degmeli. Şonda aglar. Zynjyr bilen gozganmaz ýaly saradylar. Soň bolsa onuň gözüniň öňünde maşgalasynyň namysyna degidler.

-Ah-diýip, bir urundy. Şol demde hem gök daş bolup doňup galdy.

Şol pursat şa hem jan berdi. Tebibiň hilesine şa-da, wezir-wekiller-de akyl ýetirip bilmändir. Mertde ejizlik gözýaşynyň bolmaýandygy olaryň hiç biriniň kellesine gelmändir.

Ýöne ol tebip näçe akylly hem bolsa çykalgasynyň birnäçe adamyň ganyna sebäp boljakdygyny aňmadyk bolsa gerek. Ýogsam beýle diýmezdi.

## TOTY GUŞ

Toty guş suwa muşdak guwlar ýaly gadymy Ürgenjiň ortasynda ýaldyrap duran dury suwly kölüň depesinde öwrüm berdi. Soňam Şeýh Nejmeddin Kubranyň mawzoleýiniň depesine gelip gondy. Geň ýeri, gonan bada onuň ýüz keşbi bilesigelijilik bilen oňa garap duran oglanjyga öwrüldi duruberdi.

-Sen şo köl hakda bir zatlar bilýärmiň?-diýip, Toty guş oglanjykdan sorady. Onuň ýüz keşbinden öz gürrüň berjek bolýan zadyndan habarsyzlygyny aňyp, oglanjygyň bar ünsüni Kubranyň köli kakyndaky rowaýata alyp gitdi.

## KUBRANYŇ KÖLI

Şeýh Nejmeddin Kubranyň ady Ürgençde doga ýaly görülýärdi. Ýogsam näme, ol hem edil Ibn Sina, Beruni, Muhammet al Horezmi ýaly Ürgenjiň bagtyna gonan ajaýyp ýyldyzlaryň biridi ahyry. Ýiti paýhasy, çakdanaşa ylymlylygy üçin soltanada hem onuň sarpasy uludy. Şonuň üçin hem Ürgendçdäki ähli alymlaryň, şahyrlaryň kitaplaryna

reşat (ýaýratmaga, medresäniň programmasyna girizmäge berilýän rugsat) basmagy oňa ynanypdyrlar.

...Kiçijik mawy köl asmanyň bir bölegi ýere gaçaýdymyka diýdirýär. Kölüň içindäki bir adamlyk ak gaýyk bolsa, edil köle gonan ýalňyz gazy ýada salýar. Muňa Şeýh Nejmeddin Kubranyň köli diýýärler. Ol şol gaýyga münüp, öz talyplaryna ders berýär. Açyk howada, gözel tebigatly ýerde berilýän sapagyň talyplaryň aňyna gowy girýändigi üçin şeýdýärmikä? Ýok, beýle däl. Onuň köli täsin häsiýete eýe.

Allambaý Towsa diýilýän bir baýyň dünýäsi ýere-göge syganokdy. Ürgençde özüni iň baý adam saýýardy. Özüni Ürgençde tanamaýan bardyr öýdenokdy. Meşhur alym Fahreddin Rzany dagy aýagyna ýapyşan palçykça-da görenokdy. Ýöne kiçijik bir waka Allambaý Towsa Fahreddin Rza ýaly adamlaryň kän mertebe özünden ýokarda durýandygyna göz ýetirmegine sebäp boldy duruberdi. Uzak ýurtlaryň birinde bazarda duşan bir adam Allambaý Towsanyň ürgençlidigini bilip, ondan Fahreddin Rzany sorady. Allambaý Towsanyň gözi bilesigelijilik bilen ýyldyrady:

-Sen näme ony tanaýarmyň?

-Heý, ony ylym dünýäsinde tanamaýan barmy? Özüni göremok. Kitaplaryny okadym. Gaýybana tanap, adyna aşna bolup ýörün. Duşsaň salam aýt.

Ine, şu ýerde-de Allambaý Towsanyň kalbynda Fahreddin Rzanyň şöhratyna bolan göriplik duýgusy oýandy. Özüniň däl-de nirede bir çöregini patyşalykdan alyp ýören alymsumagyň tanalmagy onuň degnasyna degdi. Gelibem «Şolaryň ýazýan zatlaryny men ýazyp bilemokmy?» diýdi-de kagyz-galama ýapyşdy.

Allambaý Towsa öz kitabyna «Akylnama» diýip at goýdy. Daşyny gymmat bahaly matadan jezwerledi-de, mahmala orap, Mahmyt Ýalwajyň ýanyna ugrady. Mahmyt Ýalwaç Allambaý Towsanyň kitabynda hiç zadyň ýokdugyny aýdyp, oňa reşat bermekden ýüz dönderdi.

Başga alaç ýok. Näçe islemese-de Şeýh Nejmeddin Kubranyň ýanyna barmaly boldy. Şol başyna selle oran alymsumagy ähli ýerde tanaýarlar. Özem Fahreddin Rzanyň hem ýene köpleriň hem halypasy. Allambaý Towsanyň ony näler ykrar edesi gelenok. Ýöne ýene şoňa ýüz tutmaly. Allambaý Towsa ýaly adam haýyş bilen ýüz tutsa, ol hökman bitiräýmeli ýaly. Ýok, ol beýtmedi.

Nejmeddin Kubra Allambaý Towsany güler ýüz bilen garşylady. Habaryny aldy. Allambaý Towsa zer jezwerli kitabyny oňa uzatdy. Habaryny berdi. Şeýh Nejmeddin Kubra:
-Okap görerin diýdi.

Allambaý Towsa üç günden dolandy. Ýanyna sowgatjyk hem aldy. Gyrmyzy dony goltugyna saldy. «Nädersiň haramzada ýyrşaryberse». Ýok Şeýh Nejmeddin Kubra ony kanagatlandyrmady.
-Siziň kitabyňyz reşada mynasyp däl. Bu hili zady islendik çalasowatly adam çyrşap biler. Munyňyz dürüşde ýaly bir zat. Okan kitaplaryňyzdan ýadyňyzda galan ýerlerini hem çyrşaberipsiziň. Göçüren ýeriňizem bar. Ynha, meselem ... diýip, ol birin-birin düşündirmäge durdy.
-Näme üçin beýle?
-Manysy ýok.
-Ony sen maňa subut edip bilermiň?
-Subut edip beräýerin. Ynha, şu kitap kimiňki? Sen sowatly adam.
-Ibn Sinanyňky?
-Ine, bu seniňki.

Ol Allambaý Towsany köle eltdi. Iki kitabam suwa oklap goýberdi. Ibn Sinanyň kitaby suwa çümdi. Allambaý Towsanyň kitaby bolsa suwuň ýüzünde gaýyp geziberipdir.
-Indi gördüňizmi? Kitabyňyzyň gara şaýylyk agramy ýok. Men kitaplary okanyma kanagat etmän, şu kölde barlap görýän.

Şondan soňra Allambaý Towsa ýaly, aňsat ýerden şöhrat gözleýänler ýok bolanmyş. Ylmyň, edebiýatyň agramyny adyllyk bilen ölçeýän Kubranyň köli gadymy Ürgençde dürli ugurlardaky uly ösüşlere sebäp bolanmyş.

Şeýh Nejmeddin Kubranyň köli... Kubranyň mawzoleýi bar hem bolsa, onuň kölüniň edil häzir haýsy ýerde bolanlygyny kesgitlemek kyn. Belki, şeýle köl bolan hem däldir. Emma sunagtyň, edebiýatyň, ylmyň agramyny adyllyk bilen ölçemek baradaky şol röwşen ideýa barha giň gerim alyp, körzehinleriň, zoraýakdan ylma baş goşýanlaryň örüsini gün-günden daraldýar.

## TOTY GUŞ

Oglanjyk ukusyna garjaşýardy. Gören kinolary göz öňünde janlanýar. Ine, elleri, galkanly, gylyçly, atlaram özleri ýaly daýaw-daýaw adamlar. Olar biri-birine ýarag çekmäge başlaýar. Näme üçindir oglanjygyň gözlerine olaryň murtlarynyň ujyna çenli ýarag tygy bolup

görünýär. Birdenem bary sumat bolýar-da, olaryň ýerine Toty guş gelýär. Bir görseňem onuň ýüzi «Siziň üçin, körpelerdäki» Aman daýa meňzäp gidýär. Ol gözlerini edil oglanjyga dikip rowaýata başlaýar...

## MERTLIK KANUNY

Är kişiler jahadan är kimin ýaşap ötermiş. Agzyndan çykan bir agyz söze daňlyp, bir söz üstünde jan alyp, jan berermişler. Orta gara başy goýup, mert kimin gepleşer ekenler. Şeýle mert kişileriň biri barada şeýleräk rowaýat aýdýarlar.

Mämeli batyryň at-owazasy etraba ýaýrapdy. Edil arkadan bärde ar-namysy halallap gelýärdi. Onuň barlygynda etraba hiç bir ýagy ýakynlaşyp bilenok. Iller amandy, ýollar salamatyçylykdy. Kän zamanlar bäri Mämeli batyr uruşmaly bolanokdy. Atlar diňe toýlarda çapylýardy, ýaraglar diňe awda ulanylýardy.

Göz boldumy, dil boldumy, erkana tigirlenip duran bu günlerem birden galta düşen ýaly boldy. Mämeli batyryň Eýrana giden kerweni gumdan aşyp, ile ýakynlaşanda talandy. Kerwendäkileriň bary gyrylyp, mallar, harytlar oljalandy. Arabozarlar bu işi eden goňşy iliň batyry Agaly batyrmyş diýip myş ýaýradýarlar.

Haý, şu gözsüz batyrlarda soňuny saýman bir iş edäýmek endigi bar-da. Mämeli batyram sen-men ýok atlandy-da depdi, Agaly batyryň üstüne. Il agasy bolup ýören Agaly batyryň hem mert kişidigi, beýle namartçylygy etmejekdigi kellesine gelmedi. Ýogsam toýlaryna-ýaslaryna barşyp-gelşip hem ýördüler.

Agaly batyr awdady. Mämeli batyr onuň obasyna gyrgy ýaly duýdansyz indi. Juwaza goşulgy düýelere çenli sürdi «Çapmaly bolsa bizem senden pes atanyň ogly däldiris» diýip, Mämeli batyr gaýdyp gelşine göwnühoş ýylgyrýardy.

Agaly batyr gaýdyp geldi. Şol demde-de Mämeli batyra çapar ýollady. «Mallary yzyna gaýtarsyn, ary bolsa gelip düşünişsin. Ýok, gaýratyna buýsanýan bolsa-da ilerki guma çyksyn. Başa-baş göreşeli diýse-de men bar, ýygyn çekse-de. Ikisinden birini saýlasyn. Şulary aýt» diýdi.

-«Iki goçuň kellesi bir gazanda gaýnamaz». Bizde ýaraşyga ýer galmady. Är kişi bolýan bolsa ýekme-ýek çyksyn. Yzyna güjük tirkäp barsa ol namart. Menem şeýle barýan. «Waý» diýip ölsem menem namart-diýipdir.

Mämeli batyr bellenen ýere öň gelip garaşyp durdy. Iki-baka atly gezmeledi. Soňam atyny goýberip, aýbogdaşyny gurup oturdy. Gamçysynyň ujy bilen çägäni dörjeledi. Birdenem goşary jyzlap gitdi. Towsup gapdala zyňylanda ikinji bir ýylan uýlugyndan agyz urdy. Atyna baryp münjek boldy. Ýene oba gitsem gorkup namartlap gitdi adyna galaryn diýip garaşmaga durdy.

Agaly batyr söweş enjamyny dakynyp geldi. Olam başa-baş söweşe razy bolupdy. Gelip görse Mämeli batyr güp ýaly çişip otyr, geplän sözüni zordan düşündirýär.

Agaly batyr aňyrdan gandarynyň ganyna suwsap gyjynyp geýärdi. Söweş hyjuwy bilen göterilip gelýän batyryň lapy keç boldy. Agaly batyr garawsyz duşmanyny parçalap taşlap hem biljekdi. Ýöne ejize ýarag çekmek batyrlaryň işi däldi.

Agaly batyr atyndan düşdi. Öz duşmanynyň agzyna suw tutdy. Soňam mämeli batyry atyna mündürip, obasyna getirdi. Öýüne düşürdi.
Mämeli batyr soňky deminde:
-Men ýeňildim. Agaly batyrdan oljanan zatlary eltip geliň-diýipdir.
Agaly batyr welin onuň başujyny saklap oturypdyr. Jaýlamaga gidenlerinde-de salajanyň bir ujuny egninde göterip gidipdir.

## TOTY GUŞ

Toty guş ganatlaryny giň gerip, badyny peseltdi-de, aýaklaryny minaranyň depesine uzatdy. Darajyk guş ädimleri bilen onuň depesinde aýlandy. Hol aşakda ýazylyp ýatan Köneürgenje ünsli garady. Nazaryny gezdirip, oglanjygyň ýyldyrap duran iki gözüni tapdy.
-Saňa bu gezek Köneürgenjiň minarasy hakyndaky rowaýaty aýdyp bermelidir. Minaranyň depesine gonanymdan şol hakynda sorajagyňy gözleriňden okap durun. Hany, men bir böwrüme diň salyp, hakydamy oýaraýyn. Bu kerpiçleriň her birinde Ussaguşyň eliniň yzy bar ýaly. Onda diňle. Başladyk.

## USSAGUŞ

Ady äleme dolan Ürgenjiň nurana keşbine ýene bir hal gondy. Horezm şanyň buýrugy bilen gurulýan ajaýyp minara ýyldyzlaryň bärisine uzap barýar...

Horezm şa elinde atyn tesbisini sanasa-da, pikiri başga zatda. Ol hemme zatda özüniň ýeke-täkligini saklamak isleýär. Ine-de, onuň

hyýalyna gara garga ýaly nejis pikir gelip düşledi. «Ussa, ussa ...» diýip içinden gaýtalady. Beýle hünärli, ajaýyp zatlary bina edýän ussa edil Soltanyň özi ýaly ýeke-täk. Belki, bardyr hem. Ýok, bu etrapda ýok. Horezm şa tisginip gitdi. Belki, bardyr hem. Ýok, bu etrapda ýok. Horezm şa tisginip gitdi. «Eýsem ussa şeýle minarany ýene bir ýerde dikeldip bilmezmi? Onsoňam ol elýetmez hünärliligi bilen soltanyň ýeke-täkligini ýada salýar».

Onuň agyr gabaklary galdy. «Ýok etmeli». Beýle minara ýene bir ýerde dikelmez ýaly ýok etmeli. Hawa, Horezm şa şeýle pikire geldi. Özüniň jellat aýpaltasyny sungata hem uzatmagy ýüregine düwdi. Horezm şa öz pikirini ýakynlaryna hem ýaňzytdy. Olar hem şeýle etmeli diýdiler. Ürgenjiň minarasy ýeke-täk bolmaly.

Iş gyzgalaňly gidýärdi. Köp sanly işçiler bilen birlikde minaranyň gurluşygynda ussanyň şägirtleri hem işleýärdiler. Näçe gizlin saklansa-da, agyz-agyzdan ýel alyp, şanyň pikiri bu ýere hem gelip ýetdi.

Ussanyň şägirtlerinden biri kerpijiň ýüzünde bu habary beýan etdi. Ussanyň nazary ençeme ellerden geçip, özüne gelen kerpiçdäki ýazgyda eglendi. Okady. Başga bir kerpiji aldy-da ýüzüne özi üçin gamyş, kagyz, ýelim ibermegi haýyş edip hat ýazdy. Kerpiçden kemçilik tapan bolup, «Şuny iberen ussa gowşuryň» diýip, yzyna gaýtardy. Şeýle etmese boljak hem däldi. Ussa berk gorag astyndady.

Wepadar şägirtler halypasynyň haýyşyny kanagatlandyrdylar. Ussa öz sungatyna biwepalyk etmedi. Minarany gurup boldy. Depesine altyndan gupba oturtdy.

Tamamlanan işi görmäge gelen Horezm şanyň ýanynda jellatlar häzir bolup durdular. Ussanyň düşmegine garaşylýardy. Emma minaranyň depesinden gamyşdyr kagyzdan ýelim arkaly ganat edinen ussa asmana göterilip gitdi. Zalym soltan öz gara niýeti bilen agzyny açyp galdy.

Şondan soň ol Ussanyň adyna halk Ussaguş diýipdir. Ugurtapyjylygy bilen özüni halas eden ussaguş soňra Hywa, Buhara, Samarkant ýaly şäherlerde hem ajaýyp ymaratlary bina edip, özüne ebedilik ýadygärlik, halkyň aňynda bolsa öçmejek ýatlama galdyrypdyr.

## TOTY GUŞ

-Sen näme üçin Ussaguş şondan soň nirä baryp gondyka?-diýip soraňok-nirededir öýdüp çak edýärsiň? Ä? Bilmeýän bolsaň, onda aýdyp beräýeýin. Gulak as.

## BOLDUMSAZ

Ussaguş gündogara uçdy. Üç-dört at düşlärlik ýol geçip, bir galanyň depesinde aşaklady. Ýere gondy, ölüm penjesinden gutulan Ussaguş emeli ganatlaryna seredip, uludan demini aldy:-Indi saz boldum. Men ýene-de halk üçin kän zatlary guraryn. ...Äpet köne galanyň harabasy henizem beýikligi bilen ähli zatdan saýlanyp dur. Halk oňa «Boldumsaz» diýýär. Munuň özi Ussaguşyň saz bolan ýeri diýmekdir. Bu sözüň näderejede hakykata golaýlygy belli däl. Ýöne iliň söwer ogullarynyň basan yzy, aýdan sözi, ýörän ýoly ebedi ýadygärlik bolup galýar.

Toty guş

Ol bu gezek birhili enaýy-enaýy oýunlar etdi-de oglanjygyň gaşyna gondy. Silkinip darandy. Şeýdibem özüni gürrüňe häzirledi. Oglanjyga sorag berdi:

-Öňki gezek saňa haýsy rowaýaty aýdyp beripdim?

-Boldumsaz hakyndakyny.

-Hä, şol Ussaguş hakyndaky rowaýatlardanmy? Onda bu gezek saňa onuň şägirdi hakyndaky rowaýaty aýdyp bereýin.

## USSAGUŞYŇ ŞÄGIRDI

Ykbal ony garyp ýaratsa-da hünärden kembagt etmändir. Hawa, ol Ussaguşyň şägirdidi. Guran ymaratlary göreni aňk edýärdi. Daş kerpiçleri haly dokan ýaly sünnä bilen örerdi. Ir ertirden ýassyna çenli işlärdi. Sungatyna berlen ussanyň ýadadymy, ýaltandymy bolmazdy.

Ol tanalyp başlady. Daş-ýakynda ady çykdy. Uly zehini, uly ussatlygy ony ömür aýagy sekmejek ýerine-han köşgüne alyp geldi. Han Ussaguşyň şägirdini köşge aldy.

Ussa hanyň aradan çykan atasynyň mazarynyň üstüne gümmez galdyryp bolup barýardy. Tizara handan täze perman gelip gowuşdy. «Ussa gyzymyň hormatyna ýedi yklymda nusgasy bolmadyk taýsyz köşk gursun. Soňra meniň adym ömürlik ýaşar ýaly, pylan hanyň gurduran medresesi diýler ýaly heniz hiç ýerde gurulmadyk binýady berkden tutulan belent bina galdyrmaly».

Ussa ýigit işleýärdi. Üznüksiz işleýärdi. Ylaýta-da, hanyň apaly gyzy Tawus üçin gurmak oňa ýakymly boldy. Bar zehinini siňdirdi, han

gyzyna bolan ähli söýgüsini guryan binasyna guýup aýan etdi. Çünki esli wagt bäri gül bedenli Tawusyň yşkyna düşen ussa bikarardy. Söýgi bilen gurlan zadyň ajaýyplygyň çeniň däldi.

Han köşgi görüp haýranlar galdy. Içinden oýlandy. «Muny aldap göwnüni tapaýyn, köşgümi gözellikde ýedi yklyma belli bolar ýaly edeýin. Şäherimiz dünýäde taýsyz bolsun. Soňam beýle ymaratlar başga ýerde galmaz ýaly peşşaplara baş ataýmaly bor-da. Ýöne häzirlikçe uguny ýekeläýin. Ol entek maňa gerek».

Gara niýet han düz ýerde seleňläp galan, beýik şahyrlaryň gazaly ýaly ajaýyp köşge göwnüýetijilik bilen garady. Kiçi dilden bärden mylaýym sözledi:

-Berekella, ussa! Sen-ä aýdyşymdanam bäş beter edipsiň. Şuny ýadyňda sakla, han seniň zähmetiňi unutmaz. Saňa täze ýumuş. Men öz adymy taryhda müdimi galdyrmak isleýärin. Pylan hanyň gurdurany diýiler ýaly, köşgüň gapdalyndan üstüne çykanda üç günlük ýolda gelýän atlyny saýgardýan bir minara gur. Eger zähmetiňden göwnüm bitse, öz elim bilen gyzymy nikalap bererin.

Han eçildi. Ýigidiň arzuw guşy eýýäm gurjak minarasynyň depesinde pel-pelläp ýördi. Ussa ýigit hanyň gülbeden gyzy Tawusa näler hyrydar bakardy. Emma ony özi ýaly garyp ýigit üçin elýetmez halka hasaplansoň, tamasy üzgünlidi. Ýöne oňa bolan söýgüsini kalbyndan öçürip hem bilenokdy. Bu gün bolsa ... Eger han lebzinde dursa, onda ussanyň dünýäde armany ýokdy.

Özi üçin gurlan köşgi synlamaga gelen han gyzy ussa sataşdy. Onuň nazary ymaratda eglendi, ussanyň söýgüsini duýdy, birdenem muhabbetden püre-pürlendi-de ussa tarap aýlandy. Ussany der basdy. «Hanyň aýdanyny duýduraýsammykam? Aý, gowusy duýdurmaýyn-la».

-Bibim, niçik göwnüňize ýaradymy?

-Bu köşge diňe bir der siňdirilmändir. Bu diňe bir zehin bilen hem döredilen ymarat däl. Muňa zehin bilen söýgüni goşup, dere eýläp siňdiripsiňiz. Beýle ajaýyp zat dünýäde ýokdur.

-Şeýle ajaýyp zat diňe size mynasyp, bibim.

-Şeýle ymaratda oturjak gyz hem diňe ony guran ussa mynasyp.

Ýigit ýüreginiň gürsüldisine bäs gelip sözledi:

-Bibim, hudaý halasa, şeýle-de bolar. Ataň hem seni maňa bermäge söz berdi. Ýöne men şeýle bir minara gurmaly-diýip düşündirdi.

Ussa bilini berk guşap işleýärdi. Joşgun bilen işleýärdi. Sähel ýadajak bolsa, söýgülisiniň keşbi göz öňünde janlanýardy, biline kuwwat gelen ýaly bolýardy. «Şeýle ymaratda oturjak gyz hem diňe ony

guran ussa mynasyp». Bu sözler onuň gulagynda ene hüwdüsi ýaly ýaňlanýardy...

Ussa her gün şäheriň ymamy azana gygyrmak üçin münbere çykmanka, gurup ýören minarasynyň üstünde peýda bolýardy. Töwereginde howalanyp oturan metjit, medrese, köşkler onuň elinden çykan zatlar. Olary ussa öz ömrüniň binýady saýýar. Aýratyn hem han gyzy üçin guran köşgi onuň gözüne eziz görünýär. Tawusyň ady agzalanda onuň on iki süňňüne galpyldy ýaýraýardy. Ussa süýji hyýallara batyp, köşkde özüne onuň ak bileklerini ýassanyp oturan görnüşde göz öňüne getirýärdi. Şu pikirler oňa hiç zat bilen deňeşdirip bolmajak ruhy lezzet berýärdi.

Ussat işleýärdi. Eýýäm hol asmanda. Jaýlar, ymaratlar aşakda galdy. Şol ýerde işini dowam etdirip ýör.

Han häli-şindi onuň işinden habar alyp durýardy. Ýigidiň şeýle çalt gurşuna begenip, öz ýanyndan ony işletmegiň ugruny tapanyna monça bolýardy. «Boluber bakaly. Göreris. Han gyzynyň dyrnagy hem saňa ýetäýmez. Tawus bilen sözleşeniňden habarym bar. Şony bahanalaryn».

Ussa işini tamamlady. Iň soňky kerpijini kebşriläp, depesine hanyň görkezmesi boýunça altyndan gupba oturtdy. Nähili ajaýyp! Minaranyň başy hol asmana –örän belentlige uzaýardy, göýä geçip barýan durnalaryň hatary ilteşip galarlydy.

Indi han çykyp görer. Belki göwni ýeter. Onsoň... Ussa süýji ýylgyrdy. Emma şol wagt töweregine ýakyn adamlaryny tirkäp gelen hanyň ýüzi gaty gazaplydy. Ussanyň ýüreginiň gürsüldisi çaltlaşdy, kalbyna bir howsala aralaşdy. Näçe wagtlap çeken zähmetine beriljek bahaň çykjak ýerine hanyň agzyna seretdi. Sebäbi onuň gaharly gözleri ussa seretmek islemeýän ýaly kesä göngipdi. Hanyň çal murtlary gymyldaýança esli garaşmaly boldy.

-Ussa, zähmetine sözüm ýok. Emma meniň bir agyz sözüm üçin sen namysymy depelediň. Seniň Tawusyň ýanynda bolandygyňy subut etmäge taňry şaýatlar näçe diýseň bar. Men saňa beýle et diýmedim. Diňe zähmetiňe göwnüm ýetse diýdim. Sen bolsa... –Onuň sesi birden zarplandy –-Ýok, beýle namysy çekmek han adyma gelişmez. Gapysyndaky hyzmatkäri hanyň gyzyna el ýetiripdir diýen sözi eşitmek maňa agyr deger. Beýle ýagdaýda günäkär gul günäsini diňe gany bilen ýuwup biler. Jellat!..

Ussanyň daşyny gallan ozaldan öwredilen jellatlar hanyň ýokary galan eliniň aşak düşerine garaşýardylar. Nepis nagyşlanan donuň ýeňi aşak gaýdandan jellat aýpaltasy ussanyň boýnudnan indi. Al gan

ahmyrly ýaly zogdurylyp çykdy. Neresse ussanyň gany heniz guramadyk palçyk ýokundyly geýimlerine syçrady, näçe wagt bäri torç eden topragyna akyp başlady.

Ussanyň bu topraga nähak akýan gany zeminiň bagryny daglady. Zemin muňa çydap bilmedi, lerzana geldi, goduklady.

Haýbatly başyny buýsançly galdyryp oturan minara özüni guran ussanyň gana bulaşyp ýatmagyna dözmedi. Özüniň äpet göwresini ýakyn adamlaryny töweregine üýşürip, gan dökmegiň keýpi bilen duran hanyň üstüne goýberdi. Ýer sarsyp gitdi. Halkyň ganyny sülük deý soryan zalymlary... öz astynda ömürlik gizledi. Ussanyň guran minarasy hany öz ýakyn adamlary bilen ussadan öňürti jaýlady.

Han gyzy Tawus ussa ýigit bilen öz köşgünde  bile jaýlamakalryny wesýet edip, köşgüň depesinden özüni oklanmyş.

Asyrlara barabar ýaşamaly minara şeýdip özüni guran ussanyň-namyrat aşygyň ganyny almak üçin öz ajaýyp şekilini bir giden haraba öwrüpdir. Onuň ornunyň nirede bolanlygy anyk belli däl. Gadymy Ürgenç topragynyň köp ýerinde harabalar, köne galalaryň yzy köp.

## TOTY GUŞ

-Şonuň nämeligini bilýärmiň?-diýip, Toty guş syrçalary öwşün atyp duran, minaranyň demirgazyk günbatar tarapyndaky belent ymaratlary görkezdi.

-Törebeg hanym!-diýip, oglanjyk göwünjeň aýtdy.

-Ýok, ol hakynda ýene bir gezek. Häzir ýene Ussaguş hakynda. Şonuň gapdalynda bir mazar bardyr...

Toty guş ýene-de rowaýata başlady.

## DIÝAR KÜÝSEGI

Ussaguş uzak wagtlyk sergezdançylykdan soň öz ülkesinde ölmek, Ürgenjiň topragyna duwlanmak arzuwy bilen Watanyna dolanypdyr. Şoňa çenli ol köp ýurtlarda örän ajaýyp ymaratlar gurupdyr, şägirtler ýetişdiripdir.

Ussaguş Ürgenje dolanyp gelýär. Indi oňa ölüm howp salmaz. Ondan bäri Ürgenjiň hökümdarlary näçe gezek çalyşdy. Onsoňam goja ussa soňky arzuw-şu toprakda ölmek arzuw bilen gelýär ahyry?! Onsoň oňa Ürgenjiň bir daban ýeri, bir gysym topragy halal ahyry.

Çagalykdan göze siňen meýdanlar kalba ýakyn. Ussaguşyň olara bagryna basasy, gujaklasy gelýär. Hol-ha, öz eli bilen bina eden minarasy onuň dolanyp gelýänine şatlanýan ýaly, salgym atyp gol bulaýar. Metjit-medreseler, ussanyň elinden çykan zatlaryň hemmesi «Ürgenç topragy saňa halaldyr-halal» diýýän ýaly. Horezm şa göriplikden ussany ýok etmek islänem bolsa, sada halk ony gowy gorýärdi ahyry?!

Ussaguş Ürgenje dolanyp gelýär. Nämedir bir zat onuň gojalan göwnüne ýylylyk berýän ýaly-la? Ussaguş birmahal şazada Törebeg hanymy söýüpdi. Şazada gyz hem öz söýgüsini diňe hünärment ýigide bagyşlapdy. Ýöne ykballaryny birleşdirmek dürli sebäplere görä, olara miýesser bolmandy. Törebeg hanym baradaky şo-ol ýakymly ýatlamalar oňa lezzet berýär. Ol bütin ömrüne birmahal Törebeg hanymy söýeni üçin özüni bagtly saýyp, gaýybana söýgüsine çoýunyp gezipdi. Ussaguş diňe bir Watanyna däl, özüniň gadymky söýgüsine hem dolanýar.

Ürgenç Ussaguşy gujak açyp garşylaýar. Tanyş-bilişleriniň, şägirtleriniň, dogan-garyndaşlarynyň şatlygynyň çägi ýok. Olar Ussaguşyň diýara dolananyna begenýärler. Ýogsam, näme, bürgütlerem öljek wagty öz gaýasyna dolanýar-a?!

Törebeg hanym dünýäden öten ekeni. Mert gyz öz söýgüsine wepalylygyna galypdyr. Ölmezinden ozal:

-Ussaguş mert ýigitdir. Ölmezinden öň diýara dolanar. Mertler Watany unudýan däldir. Ony meniň bilen ýanaşyk jaýlaň-diýip, wesýet edipdir.

Ussaguş bu habary eşidip, gaty hapa boldy. Ol Törebeg hanymyň üstüne entek hiç ýerde bolmadyk üýtgeşik bir gümmez galdyrmagy özüne borç hasap etdi. Ussaguş şägirtleriniň goldawyna daýanyp, oňa soňky zehinini siňdirdi. Minaranyň günbatar ýüzünde alnyňa sylybermeli ajaýyp ymarat seleňläp galdy. Adamlar gümmeziň diňe bir adamlykdygyna geň galyp, Ussaguşa soragly bakypdyrlar. Ol pespälligini edipdir:

-Şazada şalar bilen ýatmalydyr. Garamaýak garamaýak bilen. Her niçigem bolsa, men onuň wesýetine garşy bolup bilmen. Meni gümmeziň gapdalynda jaýlasynlar.

Ussaguş Törebeg hanymyň özünden saýlanyp durmagyny isläpdir. Bütin ömrüne gezişi ýaly, onuň egin deňlemegine öz elinden gelýän zatda-da göwnne laýyk bilmändir. Ussaguşyň näme üçin beýle edýändigini has anyklap soranlarynda bolsa ol şeýle diýipdir:

-Meniň guýýan kerpijimde berklik bardyr. Emma şalaryň lebzinde berklik bolmaz. Özlerine ýer tapmadyk günleri meni ýene çykaryp

zyňarlar. Soňky arzuwym Ürgenjiň bir gysym topragynyň buýurmagydy. Şol arzuwyma ýetsem bes. Törebeg hanym bilen men kyýamatda sataşmaly bolduk.

Köp wagt geçmänkä, Ussaguş dünýäden ötüpdir. Ony öz wesýetine görä, gümmeziň gapdalynda jaýlapdyrlar. Şeýdip Ussaguş pespälligini öz ölümi bilen hem ýene bir gezek subut edipdir.

## TOTY GUŞ

-Bu gezekki aýtjak rowaýatym has gyzykly bolar-diýip, Toty guş aýtmanka oglanjygy gyzyklandyrdy. Soňam ýadyna salýandan bolup, boýnuny eýläk-beýläk gyşardyp esli eglendi. Aýdyp başlamaga howlukmady. Oglanjygyň sabry ýetmedi:
-Aýdyp ber-dä gyzykly bolsa, Toty guş. Ýogsamam ol näme hakynda?
-Meniň ýaşymdaky?
-Hawa.
-Onda başlasana Toty guş. «Bir bar eken, bir ýok ekenem» diýmän aýdyber.
-Ýogsan men näme şeýle diýýänmi. Ýöne sen sözümi bölmän otur...

## ŞYHY ŞEKER GENJIM WELI

Welilik akylyň, parsadyň aňrybaş derejesi hasaplanýar. Ol her kime ýetdirip ýörenok. Onuň üçin süňňi halal adam bolmaly. Haramharsylyk bilen welilik bir ýere sygyşmaýas diýýärler.

Şol zamanlarda bir akylly aýal bolupdyr. Ol bütin ömrüne öz hakyna kaýyl bolup, kişi hakyny iýmän, ýaşap gelýär ekeni.

Ol juda akylly, öňden görüji aýal bolansoň, öz oglunyň hem welilige ýetjekdigine, Ürgenjiň şöhratyny göterjek bir ýyldyz bolup dogjakdygyny aňýar.

Ol çagasyny alty ýaşda medresä getirip berýär-de, alty aýyň içinde ähli dersleri, ylmy maglumatlary geçip çykmagy talap edýär.

Oglanyň şoňa ukybynyň bardygyny durýdurýar. Oglanjyk täsin ukyby bilen görenleri haýran galdyrýar. Onuň üçin bir eşiden zadyny iki gezek eşitmek zerurlygy bolmandyr.

Şyhy Şeker atlandyrylan bu oglan alty aýda däl-de, bir ýylda şol döwrüň ähli ylymlaryny özleşdirýär, welilige ýetýär. Akyl-parasatda onuň bilen deňşelen bolmaýar. Munuň sebäbini onuň enesinden soraýarlar. Enesi:

-Men halal süýt emip ulaldym. Bütin ömrüme hem diňe alyn derim bilen ýaşadym. Çagama hem halal iýdirdim. Kişiniň dyrnak ýaly zady hem goşulmady. Diňe bir gezek suwa baramda, bir hoşa üzüm akyp barýan ekeni. Bir dänesini ýolup agzyma salanymdan soňra, onuň kişiniňkidigi ýadyma düşdi. Şol bir hoşa üzümuň eýesini agtaryp tapmadym. Şol bir däne üzüm üçin eýesini razy eden bolanymda, oglum bir ýylda däl-de, alty aýda welilige ýetmelidi-diýip jogap berýär.
Şonda oglanjygyň Şyhy Şekler ady bilen bilelikde, genje (kiçijik, ýaşajyk) weli ady hem ýörgünli bolýar. Onuň adyny Genje weli diýip tutmaga başlaýarlar. Genje weliniň akyl-paýhasyny hemme ykrar edýär.

Arman, ýyldyzyna guwanmak Ürgenje uzak miýesser etmeýär. Asyl Ürgenjiň özüniň güni batmagyň bäri ýanynda duran bolsa nätjek?! Tizara Ürgenjiň üstüne tatar-mongollar sil ýaly yňdarylyp dökülýär.
Medreseden çykyp gelýärkä, daýyrdaşyp gelen duşman atlylary Genje weliniň kellesini togalap gidýärler. Medresäniň bosagasynyň üstüne onuň al gany dökülýär. Nejmeddin Kubranyň mawzoleýiniň günbatar ýüzünde daşyna hatara daş goýlan çaga mazary ýatyr...

## TOTY GUŞ

Toty guş oglanjygyň garşysyna gondy. Gyzyklandyrjak bolmak, gümürtik söze başlap dymmak ýaly hemişeki endikleriniň hiç birini etmedi. Onuň bilen edil uly adam ýaly gepleşdi:
-Men saňa beren sözümde tapyljak-diýdi.
-Sen maňa näme söz beripdiň, Toty guş?
-Törebeg hanym hakynda soň bir gezek aýdyp bereýin diýipdim-ä.
-Hä, omy? Aýdyber. Diňläýin.

## HÜÝRGENÇ

Öz gözelligi, pähim-paýhasy hem-de ugurtapyjylygy bilen meşhurlyk gazanan şazada Törebegn hanym diýýärler. Onuň mawzoleýi hem Törebeg hanymyň özi ýaly Gündogarda seýrek ymaratlaryň biri bolup, şu günlerem saýlanyp otyr.

Törebeg hanymyň çaksyz owadanlygy baradaky habar Horezminiň çäginde durmady. Agyzdan-agza geçip, ýel bolup uçdy. Bu habar seljuk döwletiniň soltany sanjaryň gulagyna ýetýär. Ol Törebeg hanyma aşyk bolup, oňa sawçy ýollaýar. Näme şerti, nähili galyňy bolsa çekmäge taýýardygyny, ähli zada erkiniň ýetjekdigini aýdýar.

Törebeg hanym sawçylara:
-Baryp soltanyňyza aýdyň. Soltan hökmünde onuň köp zada erki ýeter. Köp galalary özüne boýun egdirip biler. Ýöne ýürek diýilýän galany müňläp ýygyn bilen hem syndyryp bolmaýar. Onuň üçin hem akmaklyk etmesin-diýýär.
Sawçylar baryp Törebeg hanymyň habaryny Soltan Sanjara aýdýarlar. Sözi gaýtarylan şa dergazap bolýar. Bütin Horezme göz görkezmegi ýüregine düwýär. Amyderýanyň sakasyna bent basyp, eger Törebeg hanym özüne durmuşa çykmaga razylyk berse açyljakdygyny, bolmasa açylmajakdygyny duýdurýar.
Törebeg hanym Soltan Sanjara adam ýollaýar. Baran adamlar:
-Söýgi zorluk bilen gazanylmaýar. Onsoň ile ýamanlyk etmek merdiň işi däl. Bibimiz şa bolup bir naçardan ýeňildi adyny almajak bolsa, açsyn diýdi-diýip, Törebeg hanymyň habaryny berýärler. Emma Soltan Sanjar baran adamlaryň töwellasyny almaýar.
Ähli zadyň barlygy suw bilen, Horezminiň ýaşyl baglary ýapraklaryny sallap ugraýar. Garagumdan öwüsýän sörtük Horezminiň ýaşyl ýaýlasyny ýalap barýar. Iň esasy hem halkyň ýylajy galmagy daşda däl. Nätmeli? Goşun çekip gitmelimi? Ýok, muňa Törebeg hanymyň ynsaby çatjak däl. bir özi üçin munça ganyň dökülmegine ýol berip bilmez. Ol bu ýagdaýdan hile arkaly bir özi baş alyp çykmagy ýüregine düwýär. Ýöne ol Törebeg hanymyň çeňňegine düşermikä?!
Şazada gyz oýlanýar. Belki, ol akyllydyr. Törebeg hanym aldatmaz. Şazada gyz adam iberip, barlap görmekçi bolýar. Ol ýörite adam iberip, iberen adamlaryna onuň daşky keşbini, mümkin bolsa käbir hereketlerini synlap gelmegi tabşyrýar.
Iberen adamlaryna onuň ýüzüni görmek başartmaýar. Olar ony diňe ýeňsesinden synlap gaýdýarlar. Törebeg hanym ol barada has anyklap soraýar.
-Siz soltany gördüňizmi?
-Gördük.
-Nähili ýagdaýda?
-Biz onuň ýüzüni görüp bilmedik. Tärek kylyp otyrka ýeňseinden synlap gaýtdyk.
-Nirä bakyp täret kyldy? Ýelämi, yga?
-Yk tarapa oturyp, täret kyldy.
Onuň şu hereketinden Törebeg hanym soltanyň samsyk tarapynyň bardygyny bilýär, aldap boljakdygyny aňýar. Şondan soň haýdan-haý kyrk sany täze gulunlan ýyndam ýylky tapyp gelmegi buýurýar. Olary

derýanyň sakasyna çenli her ýerde, her ýerde goýdurýar. Özleriniňem taýlaryny bir çakyrym bärde galdyrýar. Özi bolsa bir ýylkyny münüp, derýanyň sakasyna tarap ugraýar. Soltan sanjaryň ýanyna baryp, özüniň oňa durmuşa çykmaga razy bolandygyny aýdýar. Seljuk soltany bendi açjakdygyna söz berip, oňa öýlenmekçi bolýar:

-Ýok, ilki bendi açdyr. Gysrak ýylky bilen gelenimi görüp dursuň. Bendiň açylanyny gözüm bilen göreýin. Onsoň men seniňki.

Olar bende barýarlar, Soltan Sanjar meniň atym başartmaz, senem at mün diýip, oňa at bermekçi bolýar. Törebeg hanym öz ýylkysynda gitjekdigini aýdýar:

-Özüň çydasaň, atyň çydar, men gitmesem ýylkynyňam gitmejegine atyňam düşüner. Bent açylansoň atyňam aýaklaryny ýazar-diýýär. Soltan sanjar onuň soňky sözüne düşünmän galýar.

Bendi açýarlar. Dykyn alyp duran suw dürtülerine mähetdel yňyp gaýdýar. Şol demde ýylkynyň başyny yza öwren Törebeg hanym gamça basýar. Emjekleri çişip, taýyna ýetmäge howlugyp duran baýtal ýyldyrym bolup uçýar. Soltan Sanjaram yzyndan kowýar. Her çakrymda baýtaly çalşyryp gelýän Törebeg hanym zut gidýär. Amyderýanyň orta akymlaryndan geçiberende ýetibilmejegine gözi ýetensoň Soltan Sanjar:

-Bar-eý, gyz gidiber-diýenmiş. Şondam hem häzirki Amyderýanyň boýundaky Baragyz diýen ady galanmyş diýýärler.

Halk iş bitirip gelen batyr gyzy dasbar bilen garşylaýar. Soltan sanjar şondan soňra ýeňilenini boýun alyp, Törebeg hanyma garşy çykmandyr. Ugurtapyjylygy bilen haýran galdyran Törebeg hanym Horezm gözellerine nusga bolupdyr. Oňa «gyzlaryň hüýri, hüýr gyz, soňabaka bolsa Hüýrgenç» diýmäge başlapdyrlar. Şindi-ki Köneürgenjiň öňki Ürgenç ady hem Hüýrgenç sözünden galanmyş.

Belki, hakykatdan erteká ýakyn bu zatlar bolan hem däldir. Taryhy yzarlasaň, faktlaryň başga-başga zady gürrüň bermegem mümkin. Ýöne Ürgenjiň edermen gyzy hakyndaky rowaýat şeýle görnüşde agzydan-agza geçip biziň günlerimize gelip ýetipdir.

## TOTY GUŞ

-Eý, oglanjyk, Hanýabyň nähili döränini bilýäňmi?

-Ýok.

-Bilmeýän bolsaň, bu rowaýatam şonuň döreýşi ýaly, ile ýagşylyk edýän adamlar hakynda.

# HANÝAP

*Pis oguldan ýagşyrakdyr,*
*Pyragy, ýagşy at galsyn.*
*Magtymguly.*

Ol Köneürgenç şäherini deň ikä bölüp güwläp akyp ýatyr. Ýüz ýaşly çynarlaryň arasyndan ýylan hereketi bilen suwylyp geçýär-de, teşnelere ýetmek üçin örän uzaklara gidýär. Bu-üstünden agyr heňňamlary ötüren Hanýap bolmaly.

...Şu etrapda ýaşap geçen bir hanyň maly ýere-göge sygmandyr. Bu agyr döwletiň ýalňyz gädik tarapy bar ekeni. Hanyň perzendi bolmandyr. Näçe öýlense-de, döwletbaşy perzende gözi düşmändir.

Ol dünýäden namyrat ötmeli boljagyna gözi ýetip gaty gamgyn gezipmişin. Mal-mülke höwesi gaçypdyr. Ýalançy dünýäniň yşgynda gezenine ökünipdir. Ine, ol pähimdar, ýagşyzada alymyň huzuryna barýar. Arzyny aýdyp, içini dökýär:

-Mal-mülküm ýere-göge syganok. Emma yzym eýesiz galyp barýar.

Pähimdar ýaşuly:

-Oglum, gam çekme diýipdir. Dünýäniň asly agdyk ýasalandyr. Dört tarapyny deňläp bilmän, bir armanly dünýäden gitmek her bir merde ozalebetde ýazylandyr. Mal-mülkden peýda ýok. Haýyr-sahawat gazan. Yzyňda ýagy at galar.

-Eýsem, men näme etmeli?

-Aja nan ber, suwasana suw ber. Ömür unudylmaz bir ýagşylyk galdyr. Mal-dünýäňi il-gün üçin harç et.

Han öýüne dolanýar. Ol: «Men ölsem, bu zatlar gör kimlere ýal bolar. Gowusy, öz elim bilen bu zatlary harçlaýyn» diýip pikir edýär.

Ol kän oýlanýar. Ahyry belli bir netijä gelip, gum eteklerindäki obalara çapar gönderýär: han:

-Pile güýji ýetýänler gelsinler. Men olara sakadan suw içer ýaly ýap gazdyryp berjek. Ähli harajady menden-diýýär.

Çöpde-çörde san bardy, emma işlemäge gelýän adamlarda san ýokdy. Tarp ýerleriň göwsi ýarylyp, suw üçin ýol açylyp barýardy. Gazy alty aýlap dowam edipdir. Şeýdip hanyň aladasy, iliň güýji bilen şu ýap gazdyrylýar. Amyderýanyň mele suwy ömür görmedik ýodasy bilen teşne illere tarap ýol salypdyr.

El bilen emele getirilen bu ýaba halk «Hanyň gazdyran ýaby», «Hanýap» diýip at goýupdyr. Biperzent öten hanyň ady bir ýagşylygy sebäpli halk arasynda «Hanýap, Hanýap» diýlip gaýtalanyp gelnipdir.

Onuň men-men diýen ärleri maýyrýan agyr gazysy ýaňy-ýakynlara çenli dowam edipdir. Diňe tehnikanyň gelmegi bilen halk bu ejirli işden dynypdyr.

Indi ol kanal uzaldyldy hem giňeldildi. Indi ol Köneürgençden ýüzlerçe kilometr günbatara-Aýböwür böwrüne çenli şaha-şaha bolup ýaýrap gidýär.

Onda Jeýhunyň joşguny saklanyp galypdyr. Kenarlaryny opuryp, çukanajyk-çukanajyk burumlar ýasap akýar. Esrän iner ýaly, kenara haýbat atyp, degresinde joş urýan durmuşa nem bermek üçin howlugyp barýar. Onuň ýagşylykdan dörän ýüregine şam-u-säher durma ýok.

## TOTY GUŞ

Toty guş garagajyň gaba başynda oňa mähirli nazar salyp aýlandy. Soňam şahasyna gondy. Ynsan dilinde oňa ýüzlendi:
-Eý, Garagaç, men sen baradaky gamgyn rowaýaty bilýän. Ony soranjaň oglanjyga-da aýdyp bererin.

Geň zat, hereketleriniň bary oglanjygyň göz öňünde bolup geçdi. Ol bu gürrüňlerem edişdip durdy. Emma şeýle seretseň, Toty guşuň hereketleri hol alysda ýalydy.

Toty guş bärisine öwrüldi welin oglanjyk bilen ýüzbe-ýüz bolaýdy.
-Diňle, Garagaç, men sen baradaky gamgyn hekaýaty gürrüň bereýin.
Oglanjygam garagajy ekmegiň günädigini bilsin, sen hakyndaky rowaýaty eşitsin...

## GARAGAÇ

Her ýerräkde birnäçe düýp garagaç gara düýn ýaly garalyp otyr. Olaryň biri edil Soltan Aly bilen Nejmeddin Kubranyň biri-birine bakyp oturan mawzoleýleriniň öňünde gögeripdir. Bu garagaç nämeleri hakydaňa getirmeýär?!

...Serker baý öz hyzmatkäri Bagbany uzak sapara kerwenbaşy edip goýberdi. Kerweniň gidýän ýurdunda belli bir düzgün bolmanmyş. Şol sebäpli ol ýerden talanman gelýän kerwen az ekeni. Serker baýyň Bagbany özi ýaly edermen ýigitlere kerwenbaşy belläp, kerwenden düşjek girdejiniň deň ýaryny Bagbana bagyş etjekdigi barada söz bermegi hem şonuň üçin.

Agyr kerwen çölüň iň soňky depesini yzda galdyryp, oba inip gelýär. Ençeme çapawulçylykly çozuşlar yzyna gaýtaryldy. Bagban

birnäçe ýerinden ýaralandy. Emma şonda-da keýpi kök. Öz gazanjak baýlygyna, öz söýýän gyzyny duluna çekip biljekdigine buýsanjyň ýylysyna çoýunyp barýar.

Bagban agaçlary söýerdi. Öň baýyň bagynda bagbandy. Ol uzak ýurtlarda hem bu pişesini unutmady. Şol ýerden bu ýerler üçin geň bir agajyň nahalyny alyp gaýtdy. Getirip nahaly bagda oturtdy.

Baýlygyň haramdan üýşýän ýeriniň bir gapdalynda hökman hile bardyr. Serker baý kerweniň sag-aman gelenine  begense-de, böwründe sanjy bar. Il öňünde eden lebzine görä, baýlygyň ýaryny bagbana bermeli. Diwana gysym teňňe oklap görmedik baý näderini bilenok.

Täze oturdylan nahaly gören Serker baý Bagbany işläp ýören ýerinden çagyrdy:

-Bu näme agaç?

-Bilemok. Kerwensaraýyň deňinden geçýän bazarçylaryň biri gaçyrypdyr. Bu ýurtda ösjegi-ösmejegi belli däl. Ýöne alyp gaýdyberdim.

Baý sesini çyakrmady. Agajyň garamtyl baldagyna seretdi. Içinden bir zatlara ýylgyrdy-da, öz ugruna gitdi. Agşama çenli bir-iki adamyň ýanynda Bagbanyň täze getiren agajynyň örän syrlydygyny, ýöne aýtmak bolmaýandygyny ýaňzytdy.

Agşam baý kerwene gidenleri hormatlap öz öýüne çagyrdy. Hyzmat edilişine  baýyň öz ogly göz-gulak boldy. Orta nahar gelensoň, baý bagbana ýüzlendi:

-Oglum, şol agajy ekmeseň, gowy boljak ekeni...

-Hä, näme boldy?

-Oňa garagaç diýýärler...

baýyň bu gürrüňini oturanlaryň hemmesi eşitdi. Nahar iýlip bolnansoň, el ýuwuldy. Baý gzöüniň gytagyny aýdlady:

-Bar, aýt, çaý getirsinler.

Bagbana goýlan çäýnegiň aýratynlygyny baýyň ogly bilen özünden başga bilen adam bolmady.

Ertesi günki şum habar oba tiz ýaýrady. Bagban agşamky ýatyşyndan galmandyr. Hemmeler Bagbanyň ölümini «bagtsyzlyk getirýän» garagaçdan gördüler.

Bagbanyň eken nahaly göýä onuň ýasyny tutýan ýaly uzak wagtlap eýikmändir. Örän haýal ösürpdir. Adamlar «gandar» agajy görenlerinde hemişe Bagban neressäni ýatlapdyrlar.

Şeýdip garagajyň tohumyny ilki getiren Bagbanyň  nähak ölümi bilen ol hakynda erbet «myş-myşlar» ýaýrapdyr. Hamala ony eken adam

ölýärmiş. «Garagajy eken saýada ýatmaz» diýen gürrüň hem bar. Şu yryma eýerip, bu agajy diňe 80-90 ýaşan gojalar ekýärler.

...Güjümläp giden garagajyň şahalary Soltan Aly bilen Nejmeddin Kubranyň tyllaýy syrçaly diwarlaryny sypalaýar. Göýä ol özi hakyndaky hekaýaty ýalana çykaryp, şu ýerli gojalardan kän eşiden gürrüňini gaýtalaýan ýalydy:

-Ýalan. Bary ýalan. Daragt ekmekden sogap zat ýok. «Garagajy eken saýada ýatmaz» diýen gürrüň meniň örän haýal ösýänligim üçin aýdylýandyr. Häzir men 150 ýaşadym. Meni eken 30 ýaşly ýigit 90 ýaşap, şu etrapda aradan çykdy. Şonda men 60 ýaşanam bolsam, boýumy almandym. Ol 90 ýaşanda saýamda namaz okamaga kölegäni zordan tapdy. Görýäňizmi, adamlar, men hakyndaky gybat ýalan. Ýalan, ýalan, ýa-a-lan...

## TOTY GUŞ

-Ýaňky rowaýatymy gysga gördüňmi? Seniň uklamaly wagtyň bolanokmy?

-Rowaýat diňlesem ukym gelenok-diýip, oglanjyk jogap berdi.

-Şeýle bolsa edil bagban ýaly ykbaly keç bolan adamlaryň ýene biri hakynda aýdyp bereýin. Düşünmedik ýeriňi sorarsyň, bolýamy, ynsan balasy?

Oglanjyk baş atdy.

Toty guş rowaýata başlady.

## JEMILJAN

Ussalar hiç haçanam köp bolan däldir. Şonuň üçinem hakyky şägirtler ussat gözleginde owaldan-ahyra ser-sepil bolupdyrlar.

...Uzak ülkelere barýan kerwen Ürgenjiň kerwen saraýynda düşledi. Kerwene daklyşyp gaýdan ýedi ýaşly jöhüt oglanjygy bu äpet şähere aňk bolup seretdi. Haşamly howlular, altyngümmezli ymaratlar, belent minaralar onuň ünsüni çekdi. Iň esasam ol şu wagta çenli gaýybana adyny eşidip ýören Şeýh Nejmeddin Kubra bilen duşuşdy. Üç ýüz altmyş şägirdiň ussady, uly alym ony haýran galdyrdy. Ol kerwenden üzülip galdy. Şeýh Nejmeddin Kubra şägirt durdy.

Halypa din hadymlarynyň tersine gidip, dini başga jöhüt oglanjygyny özüne şägirt tutundy. Oglanjygyň ukybyny görüp, ondan bir zat çykjakdygyny aňdy. Oňa sapak berip başlady.

Göripler, içigaralaar hemişe-de bolupdyr. Şeýh Nejmeddin Kubrany görüp bilmeýänler oňa her hili şyltak atýarlar. Olar «Şeýh Nejmeddin Kubra daşyna ýaş oglanlary üýşürip, beçebazlyk edýämişin» diýen gürrüň ýaýradýarlar. Emma soltanatda birbada muňa gulak gabardylmaýar.

Jemiljan atly bu oglan ýörite Şeýh Nejmeddin Kubra üçin suw daşaýan ekeni. Günde bir gezek boýny küýzeli Tüni derýa baryp gelipdir. Onuň boýnundan asylgy küýzesindäki suň hemişe gaýnap durupdyr. Şol wagtlar Tüni derýa Ürgenjiň bir çakyrym ileri ýüzünden geçýän ekeni. Jemiljan halypasynyň bir aýdanyny iki gaýtalatmandyr. «Jemijan!» diýip bir gezek gygyrandan nirede gezip ýörenem bola onuň gaşynda häzir bolýan ekeni.

Şeýh Nejmeddin Kubrany bir büdredip bolmazmyka diýip ýören göripler ýene dek ýatmaýarlar. «Bir jöhüt oglan Kubra şägirt bolan bolup, seniň gyzyňy göz astyna alyp gelipdir. Halypa hem bu zatlardan habarly» diýen habary Horezmiň şasynyň gulagyna ýetirýärler. Dergazap bolan şa Jemiljanyň kellesini almak barada perman berýär. Şol demde atlanan jellatlar suw alyp gelýän oglanjygyň kellesini kesip taşlaýarlar.

Suwa giden Jemiljan eglenip, wagty bilen gelmeýär. Kubra ynjalyksyzlanyp başlaýar. Oňa çenli Nejmeddin Kubradan hem ar almakçy bolup, «namysyna deglen» şa onuň ýanyna gelip ýetýär. Nejmeddin Kubra şany görüp, bir zatlaryň bolandygyny aňýar. Gudrat görkezmegiň wagty gelendigini duýýar. Nämedir bir ýumuş buýurmakçy bolup:

-Jemiljan!-diýip gygyrýar.

Emma gelen adam bolmaýar.

-Jemiljan!

Ikinji gezekde hem halypanyň çakylygy jogapsyz galýar.

Ol üçünji gezek gygyrýar:

-Jemiljan!

Şol pursat bolup geçen waka topy-topalaňy bilen gelip duran şa haýran galýar. Kellesi kesilen Jemiljan kesilen kellesini goltugyna alyp ýetip gelýärmiş. Ol şol halda-da halypanyň buýrugyna häzir bolup durmuş.

Oglanjyga şadan bir zat ýetenini aňan Nejmeddin Kubra gargap başlaýar:

-Ürgenç gider, Buhara gider, Samarkant gider...

Kubra «Stambul» diýip, «gider» diýmänkä şa onuň agzyny tutýar.

-uraweri, tagsyr, bütin ünýäni harap edersiň.

Şa aldananyny bilýär. Çöküne düşüp ötünç soraýar. Oglanjygyň agramyna barabar hun hödür edýär. Emma halypa öz söýgüli şägirdiniň ölümi üçin tylla almak ilemeýär. Sebäbi hakyky şägirdiň huny Kubranyň hasap edişine görä bahasyzmyş.

Tizara tatar-mongollar ýurda dökülýär. Şeýh Nejmeddin Kubranyň sanan şäherlerini ýer bilen ýegsan edýärler. Stambuly alyp bilmän galýarlar.

Kubra ylma teşne bolup gelen, dini başga oglanjygy öz jaýlanjak ýeriniň başujunda jaýladýar. «Maňa gelen ilki bilen şoňa sežde etsin»-diýip wesýet galdyrýar.

Şeýh Nejmeddin Kubranyň haşamly mawzoleýine giren ýeriňde nazaryň kiçijik oglanyň mazaryna düşýär, hawa, bu şo-ol Jemiljan bolmaly.

## TOTY GUŞ

Toty guş rowaýatyny aýaklan bada oglanjyk gözlerini ýaşardyp pallady.
-Indi bes edäýeli. Näme palladyň, uklasyň gelýärmi?
-Ýok.
-Eýsem näme edesiň gelýär. Toty guşuň sesi hol uzaklardan eşidilýän ýaly güňlenç ýaňlandy. Oglanjyga ol bütinleý gidip barýan ýaly göründi. Tisginip oýandy:
-Rowaýat diňläsim gelýär? Toty guşuň sesi hol uzaklardan eşidilýän ýaly güňlenç ýaňlandy. Oglanjyga ol bütinleý gidip barýan ýaly göründi. Tisginip oýandy:
-Rowaýat diňläsim gelýär.
-Ýene-de diňlejekmi?-Toty guş böwrüne diň saldy-
Indi Horezmşalar hakynda aýdyp beräýsemmikä?!
Oglanjyk ünsüni jemläp, gulagyny gerdi.

## AZGYN ŞA

Dört pasyl içinde aýlanyp duran bu owadan dünýäde tutulýan, ynsanyň myrady saýylýan toýlar mukaddes hasaplanypdyr. Bu gadymy Ürgençde Muhammet şa zamanlarynda hem şeýle ekeni...

Ürgenjiň darajyk köçesinde  gulpaklary iki egnine düşüp duran derwüş ýakymly owaz bilen sena aýdýardy. Işikleriň öňünde sesine bat berip, biraz eglenýärdi. Içerden kimdir biri çykyp, onuň daşy ýylmanyp

giden betbagt kädisine bir zat okladygy yzyna öwrülýärdi. Ýogsamam başga bir işige tarap ýoluny dowam etdirýärdi. Derwüş aýdym arasynda «Halaýyk, hudadan şalar adyl bolsun diýip diläň. Şasy azan ýurda bela gelermiş» diýip, şol bir aýdýan sözlerini gaýtalaýardy. Derwüş köçede şalaryň adyllyga, adamlary haýyr-yhsana çagyryp, birsydyrgyn senasyna gygyryp ýör. Emma haýbatly köşklerde adyllykdan özge nämeler bolmaýar?!

O döwürler Şähribossan etraplary gülgün diýar diýilýänleri bolupdyr. Bu ýerleriň lälezar baharlaryny diýsene! Synlanlaryň kalbyny lerzana getiripdir. Şonuň üçin hem Ürgenjiň şalary aw awlamak, gezelenç etmek, göwün açmak üçin köplenç Şähribossana çykýan ekenler.

Bu gün Şähribossanda toý tutulýar. Ýazlaga çykan obanyň uludan-kiçä hemmesi garyp çopan Annalynyň öýüne üýşüpdir. Bu ýerlerde seýrek bolýan zat-çopan ýigit öz söýen gyzyna öýlenýär. Nejep aşyk Aýjemal bilen ykbalyny goşýar.

Obanyň gyz-gelinleri tarapyndan yhlas bilen bezelen, üsti kejebeli akmaýa gelnaljylaryň öňüni çekip gelýär. Atbaşçylar sarç bedewlerini öňe-yza dabyrdadýarlar. Kä oýa inip, kä alaňa dyrmaşyp, kejebe süýşüp gelýär. Bu ýerlerde gadymdan bäri gölegçi bilen kejebäniň öňüni kesip geçmeýärler. Bu adamçylygyň ýazylmadyk kanuny. Şeýle iki mukaddesligiň öňünde adamçylyk nyşanasy bolmadyk galtamanlar hem toba gelipdir.

Gelinli kejebäniň öňünden Muhammet şa topy-topalaňy bilen çykýar. Däbe görä oňa bir tegelek nan uzadýarlar. Şu ýerde Muhammet şa kejebäni alnyna sylyp, gelne bagt diläp ýoluna gidibermeli. Emma hökmürowan şanyň kalbynda gara pikirler köwsarlaýar. Ol gelniň ýüzüni açyp görkezmegi talap etdi.

Atbaşçylara bu habar gök gübürdän ýaly täsir etdi. Namysy orta goýup başdan geçäýmeli ýeri geldi. Emma olaryň öňünde allanyň saýasy düşen, ähli raýatyň atasy hasaplanylýan hökümdar durdy.
Gelnaljylar müýnlülik bilen toý ýerine geldiler. Hiç kim açyk aýtmasa-da, geň galdyryjy pyşyrdylar agyzdan-agza geçdi. Toý birhili nämälim tukatlyk bilen dowam etdi. Adamlar haýsydyr bir adatdan daşary waka garaşdylar. Emma şanyň hokgalary munuň bilen çäklenmedi.

Şa çadyryna gelip, uly ýörişlerde şanyň tuguny göterýän atlybaşysyny ýanyna çagyrdy. Muhammet şa oňa hyýrsyz seretdi:
-Saňa üç soragym bar. Birinjisi, şo gelin çopan ýigide mynasypmy?

Zyndanlaryň, diwanhananyň, kazy-kelanlarynyň üstünden garaýan galtaman sypat atlybaşy murtlaryny oýnatdy:
-Ýok.
-Şo gelin nirä mynasyp?
Şanyň pikirine eýýäm düşünen atlybaşy hökümdara ýaranjaňlyk bilen şelaýynsyrady:
-Şanyň haremhanasyna.
-Saňa üçünji sorag, hemma zada düşünýän serkerdä nähili buýruk berilýär?
-Hemme zada düşünýän serkerde etmeli işini özi biler, tagsyr. Sizi şu gün haremhanaňyzda şo gyz garşylar. Çopana bolsa haýsy bir gyrnagy berende gelişmän dur?..

Şähribossanda tutulan toý ýasa döndi. Nejep özi üçin getirilen gyrnaklaryň birine-de göwün bermedi, hemmesine rugsat berip goýberdi. Şa haremhanasyna getirilen Aýjemalyň gözüne howalanyp duran köşki-eýwanlar zyndandan enaýy görünmedi.

Söýgülisinden ýüzüni açmanka jyda düşürilen Aýjemal biçäre Muhammet şa «Öz iliňde ölmäsiň, arzylanyp gömülmäsiň, ýasyň tutulmasyn»-diýip, ýer ýumruklap garganmyş. Muhammet şanyň şol azgynlygy Ürgenjiň başyna bela bolup inenmiş. Tatar-mongollar dökülip, ýurdy ýer bilen ýegsan edipdirler. Gül öwüsýän diýarda hazan öwsüpdir.

Muhammet şa hem pälinden tapypdyr. Tatar-mongollaryň gelýän habaryny eşidip, ýurtdan gaçyp gidipdir. Kaspiý deňziniň uzakdaky adalarynyň birinde, heýwere keselileriň arasynda gözgyny bolup ölüpdir.

Şalaryň adyllygyny, durmuşyň gowulygyny islän halk taryhy şahslaryň subýektiw hereketleri bilen baglanyşdyrýar. Tatar-mongollaryň çozmagy şalaryň azanlygy üçin bolan hadysa däl. Üstünden asyrlar geçensoň rowaýatlar ýamanlygy ýaman zada, gowulygy gowy zada sebäp edip görkezýär. Ýöne bu rowaýatda hakykata golaýlyk şeýle bir ýogam däl.

Dört pasyl içinde aýlanyp duran bu owadan dünýäde tutulýan, ynsanyň myrady saýylýan toýlar mukaddes hasaplanypdyr. Bu gadymy Ürgençde Muhammet şa zamanlarynda hem şeýle ekeni. Bu häzirem şeýle.

## TOTY GUŞ

Bu gün Toty guşuň ýerine Baýguş geldi. Oglanjyk oňa ýaltaklap seretdi:
-Eý, Baýguş, senem rowaýat bilýäňmi?
-Meňzeýänmi, ä?! -Baýguş örän eýmenç hem çakyr güldi. Gözleriniň garaçygyny pyrlandyryp-pyrlandyryp goýberdi. Ol gözleriň garaçygy aýna gapdaky şarik ýaly onuň göz owasynda pyrlandy durdy.
-Şaňňyrt! Baýguş bir silkindi weli ... Oglanjygyň göz öňünde Toty guş durdy.
-Gorkaňokmy?-diýip ol sorady –-Zyýany ýok, men saňa Baýguş hakynda aýdyp bermekçidim...

## BAÝGUŞ

Ýene-de rowaýatlaryň täsin ýumagy Akpamygyň kökesi ýaly, tigirlenip ugraýar-da, öz yzyna biygtyýar düşürip äkidýär.

Köne galanyň harabalygy ikindiniň alagaraňkysynda näbelli bir sudur bolup görünýär. Ana, şol tarapdan bolsa Baýguşyň ýakymsyz sesi gelýär. Ol häzir ýüregedüşgünç jakyrdanok-da, birsydyrgyn guguldaýar. Baýguşyň peýdaly guşdugyny bilselerem, käbir adamlaryň kalbynda oňa bolan ýigrenç orun alypdyr. Belki, başga guşlaryň tersine ala-böle onuň harabany söýýänligi üçindir. Mümkin. Ýöne ol hakynda adamlaryň şeýleräk gürrüň edýänligi belli:
-Baýguş gargyşa galan guşdur. Ol aslynda adam bolupdyr. Şindi ki üns berip garasaňyz, onuň ýüzünde adam şekiliniň perişan alamatlary bar ýaly duýulýandyr. Onuň hakyky ady Baýogly bolmaly ...

Baýogly ýaşajykka ony ene-atasy hiç zatdan kem etmändir. Ene-atasy oňa ýaşlykdan her hili gymmatly nesihatlary eder ekenler. Ürgenjiň iň uly alymlary bolsa oňa dürli ugurlardan sapak beripdirler. Emma bary biderek bolupdyr.

Baýogly Ürgenç sährasynda ýetişen laçyn ýaly gyza öýlenipdir. Ol gyz oňa durmuşa çykmanka, özünden başgany söýmejekdigine ant içdiripdir. Emma Baýogly özüniň baýlygyna baýrynyp, ene-atasynyň pendine hem gulak asman, ikinji gezek öýlenipdir. Ilkinji öýlenen gyzy jadygöý ekeni. Ol «ykrarsyz ärden är bolmaz» diýip, onuň talagyny-da garaman, öz iline gidipdir. Baýogla bolsa «Haý, adam sypatyň ýitsin» diýip gargapdyr. Baýogly şol demde gözleri içinden geçip barýan, elhenç sypatly guşa öwrülipdir. Şondan soň onuň adyna «Baýogly» diýmän, «Baýguş» diýmäge başlapdyrlar.

Ene-atasy oňa ýurduňa ikilik etmezligi ýaşlykdan sargaýan ekenler. Watany jandan eziz görmegi tabşyrypdyrlar. Haçanda ýurda tatar-mongollar çozanda, ol ene-atasynyň bu sargydyny hem unudýar. Ýarag alyp duşmana garşy çykmaga derek, öz gara başyny aman gutarmagyň aladasyny edipdir. Bipaýan perzendi kemala getiren ene-ata Ürgenjiň diwarynyň düýbünde soňky demlerine çenli söweşipdirler. Baýguşa bolsa «Ýurduň haraba bolsun, öňýeten saňa nälet daşyny oklasyn, ylahym» diýip gargyş edipdirler.

Şondan bäri hem baýguşy betbagtlygyň alamaty hasaplaýar. Öz jaýlaryna gonsa yrym üçin ot oklaýarlar.Soňra Baýguş etmişine kän ökünipdir. Emma Watana dönüklik edeniň, lebzinde durmadygyň günäsi geçilmeýär.

Köne harabalykdan Baýguşyň sesi gelýär. Belki, ol ýurdy gorap ölen ene-atasynyň mazaryny agtarýandyr. Ýene-de ötünç sorajakdyr. Emma bary biderek bolar. Onuň günäsi geçilmeýär. Onuň betbagt durmuşy eger irde-giçde Watana, Söýgä dönüklik etjekleriň geljekki ykbalyny görkezip, harabalarda dowam edip ýör.

## TOTY GUŞ

-Eý, oglanjyk saňa bir soragym bar. Sen bir halta meýdana zyňylan çörek tapyp berermiň?

-Ol-a kän, penjireleriň öňünde, zibil ýaşşiklerinde, hatda köçäň ugrunda-da pytrap ýatyr.

-Nany zaýalamaly däl diýip size öwredenoklarmy?

-Öwredýärler...

-Onda näme?

-...?

-Nanyň nähili gudratly zatdygy baradaky rowaýaty gürrüň bererin weli...

## NANYŇ GUDRATY

Gün esli gijikdi. Äpet gyzyl çörek alyslarda alaňyň aňyrsynda tigirlenip barýar. Ol ýygan odunlaryny ýüklemäge duranda, özünde agyr ýadawlygy duýdy. «Azajyk nan galypdy. Çaý gaýnadyp garbanaýsaň-a...»

Oňa wagt ýokdy. Oba aşmalydy. Iner agyr ýük astynda yňranyp ýerinden turdy. Ýüzüni demirgazyga öwürdi.

Onuň açlygy has bildirip ugrady. Günbatara seretdi. Gyzyl çörek barha-barja aňry süýşýärdi. Ajygansoň ol hasam çörege meňzeş göründi, agzyny suwartdy.

Düýe egri boýunlaryny sozup demirgazyga çekýärdi. Şu gidişine gitse-de, il ýatmanka obanyň bir çetlerine aşyp biljegi gümanady.
Ol çydam edip bilmedi. Guşagyny çözdi. Günortanky tygşytlap goýan bir döwüm nanyny çykardy. Ömründe etmedik işini etdi. Çöregi oturyp saçak başynda däl-de ýöräp barýarka iýmäge başlady.

«Nan gudratyňdan aýlanaýyn seniň. Seni harlanlaryň hor bolýanyny, sylanlaryň sarpaly bolýanyny bilýän. Baý bolmasamam, aç bolamda saçagymda tapylýanyň üçin minnetdar. Bu günki günämi bagyşla...».

Emma çörek bagyşlamady. Kiçijik bir owuntygy ýere gaçdy. Ol «Wah» diýip aşak çökdi. Düýesini saklap gaçyran owuntygyny gözlemäge oturdy.

Kän gözledi. Gaty kän gözledi. Nan owuntygy tapylmady. Onýança ýarysy görnüp duran gyzyl çörek hem ýitip gitdi. Älem gara çäkmenini başyna çekip başlady.

Garaňkyda zat saýgaryp boljak däl. Ol bir pursat oýlanyp durdy-da çörek owuntygyny gaçyran ýeriniň gumuny tümmejik edip üýşürdi. Üstüne taýagyny dürtdi. «Ertir gelip gözlärin. Taparyn. Tapmasam agaç dikip şu ýeriniň mukaddesligini mälim ederin. Hiç kim basalamaz».
Ol gaýtdy. Odunyny düşürdi. Çala ymyzganyp, ymyzganman ýene düýesiniň ýüzüni guma tutdurdy.

Ol agşamky kän eglenen ýerine golaý gelýärdi. Günüň tegelek kökesi elwan şapagyň ýüzünden galyp barýardy. Öňde bir zat ýiti öwşün atyp göründi. Ol ýakynlaşanda, gözlerine ynanmady. Agşamky dikip giden taýagy durşuna altyna öwrülen bolsa nätjek... Gumy dörende bolsa ýene bir bölejik altyn tapypdyr.

## TOTY GUŞ

Toty guş esli oýlanyp oturdy. Wagty bilen söze başlamady. Oglanjygyň içi byjyklap barýardy.
-Eý Toty guş, aýtjak bolsaň aýt-da.
-Aýtjak, ýöne haýsysyndan başlajagymy bilemok. Näme hakda eşidesiň gelýär?
-Meniňmi? Ýagşylyk-ýamanlyk, garyplyk-baýlyk, patyşalar...
-Hä, boldy. Ýagşylyk hakdaky rowaýat gulak as.

# ÝAGŞYLYK

Bir mahal bir şäheriň adamlary şeýle azgyn bolanmyş. Ynsap diýen zady bilmänmişler. Hemmesiniň ýürekleri gara bolansoň, edip bilseler biri-birlerine ýamanlyk edenmişler. Hatda sähel ýanaşsalar, biri-birleriniň etini hem iýipdirler. Şonuň üçin olaryň tutuş şäherleri garaňkylyk bolupdyr.

Bir gün bu şähere Ynsap işi düşüp gelipdir. Garapälliler derrew onuň atyny ogurlapdyrlar. Ynsap ak sakgalyny sypalapdyr-da ýene ynsaplylygyny edipdir:

-Men size ýagşylyk etjek. Ýamanlyga ýagşylyk hem bar-diýipdir. Sahawat horjunyny açypdyr-da, olara kän naz-nygmatlar paýlapdyr. Emma olar aç däl ekenler. Pälleri içlerine çökensoň, olar şeýle aç ýaly görünýän ekenler. Ynsap:

-Size kanagat bersin-diýip, dileg edipir-de ýoluna gidipdir.

Ýagşylyk gara pällileriň arasynda galyp kän aglapdyr. Gözýaş döküpdir. Emma adamlaryň hiç biri Ýagşylygy yzyna gaýtarmak hakynda pikir etmändir. Ýagşylyk yzyna gaýtarylaryna kän garaşypdyr. Adamlar ony yzyna gaýtarmagyň deregine zir-zibilleriň arasyna oklap goýberipdirler. Göwher ýaly bolup ýatsa-da, Ýagşylyk hiç haýsynyň gözüne ilmändir.

Hemişeler eltilip berlen ýerinden arzylanyp yzyna getirilýän Ýagşylyk uzak çydap bilmändir. Bir gije hüwläp asmana galypdyr-da, gyzyl oda öwrülipdir.

Dünýäniň ýagtylanyna adamlar aňk-taňk bolupdyrlar. Özlerini şeýle harlan Ýagşylygynyň ýene özlerine nur saçýanyna begenmändirler. Gaýtam ýagşylygyň hemmä deň şöhle saçyşyny görüp bilmändirler. Şöhläni o goňşy o goňşudan gabanypdyr. Etekleri bilen ýapjak bolupdyrlar. Ýagşylyk bularyň beýleki adamlara hem zyýan ýetirip başlanlaryny görüp, lowlap gyzypdyr. Garapällileriň şäherini jyzyrdadyp ýakmaga başlapdyr. Şäheriň ýerini az salymda küle öwrüpdir. Külüň ýerinden al-ýaşyl bolup galkan gülleri görüp begenipdir. Ýene öňki kaddyna gelip, mylaýym şöhle saçyp başlapdyr.

Şeýdip Ýagşylyk asmanda hemişelik galypdyr. Adamlar oňa Gün diýipdirler.

Garapällileriň şäheri häzir ýok. Ýöne olaryň birnäçesi şäher ýanan wagtynda dumly-duşa gaçyp ýetişidpir. Henizem birlän-ikilän bet pygylly adamlaryň duşýanlygy şonuň üçindir.

Ýagşylyk bolsa ýerde ýagşy adamlaryň köplügi üçin olara zat diýip bilenok. Adamlaryň olary ýok etjegine ynanýar. Şol sebäpli gowy adamlaryň hatyrasy üçin zol aýlanyp ýör, aýlanyp ýör.

## TOTY GUŞ

Toty guş başyny silkeläp goýberdi. Soňam:
-Minaranyň örän owadan altyn gupbasy bolupdyr-diýdi.
-Ony alyp muzeýde goýdularmyka?
-Ý-o-k. Muzeýde goýsalar jaý dälmi. Ony has irkiräk döwürlerde gaçyrypdyrlar. Minara şonda duşmana gaty uly zyýan ýetiripdir.
-Minara duşmana zyýan ýetiripdir?
-Hawa, ýurdy goramakda minaranyň görkezen hyzmatlaram az bolmandyr. Men saňa şony aýdyp beräýerin...

## ATGYRLAN

Bu etraba «Atgyrlan» diýýärler. Öňler Ürgenjiň altyn gupbaly minarasy gaty uzaklardan howalanyp, görner durar ekeni. «Atgyrlan» sözüniň aňyrsynda hem şonuň bilen baglanyşykly waka ýatyr.

...Ýurda betbagtçylyk aralaşdy. Tatar-mongollar dagdan inen sil ýaly duýdanyz döküldi. Muhammet şa şurdy taşlap gaçyp gitdi. Emma Ürgenjiň pukara halky şäheri goramaga aýaga galdy.

Mongol serkerdeleri bu ajaýyp şäheri biri-birinden öň almaga dyrjaşýarlar. Şäheriň üstüne çar tarapdan goşun çekilýär. Ürgenjiň altyn gupbaly minarasy hol uzakdan gün şöhlesine öwşün atyp, aç gurtlara semiz goýnuň guýrugy bolup özüni güjeňleýär. Agzy suwaran galtamanbaşy şähere bir zarbada ýetjegine ynanýar. «Minara görünýär. Şäheriň golaýyna geldik. Atlary gamça basyň» diýip buýruk berýär.
Öňde at derledýän meýdanlaryň ýatandygy diňe şondan soňra belli bolýar. Topar-topar obalar yzda galýar. Goşun öňe süýşýär. Minara barha yza gaçýar. Ýene-de buýruk:
-Minara görnüp dur. Şäher ynhajykga. Atlary sowatmaň.

Gyzan at toýnaklarynyň astynda depreklenýän toprak yza bakan suw ýaly akýar. Agyr goşuny ymsyndyryp, minara mekirlik bilen yza gaçýar. Göýä hol obadan geçen ýeriňde ýetiläýjek ýaly duýulýar. Her niçik hem bolsa, minaranyň syrdam sütüni barha açyk görnüp başlaýar.

Atlar ak köpük bolup derleýär. Şähere bir demde ýetmek arzuwy bilen ganatlanan galtamanlar muny duýmaýarlar. Yzly-yzyna gamçy çalynýar. Ymgyr goşun ýeriň bölegi ýaly öňe süýşýär.
Minara has golaýa gelýär. Dogrusy, özleri minara golaý gelýärler. Ýene az salymdan ... Ýöne dur-la... nökerleriň biriniň aty büdredi-de tapba ýykyldy. Onsiň ýene biri. Ýene, ýene... Ýykylan at köp boldy. Atlaryň hemmesi diýen ýaly şu ýerde ýüregi çişip ölüpdir diýýärler.
Galtamanlaryň şäheri bir zarbada almak plany başa barmandyr. Şeýdip duşmanyň çozulmadyk ilki hüjümini minara yza serpikirýär.

Dogry, soňra alty aýlyk gabawdan soň duşmanlar şäheri alyp bilipdirler. Şäher haýynlyk bilen haraplanypdyr. Minara hem şikest ýetýär. Duşmanlar onuň altyn gupbasyny atyp gaçyýarlar.
Emma hakyky sungata ölüm ýok. Ol şu günlerem başy alynsa-da boýun egmedik esger ýaly asmana baş dikip, howalanyp otyr. Ýogsam näme?! Hakyky ussatlaryň elinden çykan sungat eseri halk bilen ýaşaýar. Halkyň derdini deň paýlaşyp, bile göreşýär. Bu dünýe döräp şeýle, ýene-de şeýle bolmaly.

## TOTY GUŞ

Toty guş oglanyň bilesigelijiliginden, soragdan doly gözlerine garady:
Oglanjyk, seniň hemme zatlary bilmek isleýänligiň maňa hoş ýakýar-diýip, ol aýtdy.
-Meniň gyzykly zatlary diňläsim gelýär.
-meniňem aýdyp beresim gelýär.
-Aýdyber-dä onda.
-Häzir saňa Şeýh Nejmeddin Kubra baradaky rowaýaty aýdyp berjek bolup durun-a...

## ÜRGENÇ SYNÝAR

Mertleriň ykbaly ilinden aýry bolup bilmeýär. Tatar-mongollaryň sil ýaly ýňdarylyp gelýän habaryny eşidip, Muhammet şa ýurdy taşlap gaçanam bolsa Ürgenjiň merdana halky aýaga galdy. Arslan ýürek Jelaleddin gerçek ýigitleri toplap, ýurdy goramagy ýüregine düwdi.
Alymlaryň köpüsi durmuşyň Bagdat ýaly has asuda ýerlerine gitdiler. Ýöne ulamalar ussady Şeýh Nejmeddin Kubra Watandan gaýry rahatlygy göz öňüne getirip bilmedi. Kemal tapylan şu topragy gorap ölmeli diýen netijä geldi.

Muhammet şanyň enesi Jelaleddiniň şöhratyna görüplikden ýaňa bir ölüp bilenokdy. Şalyk täji öz söwer agtygyndan aýrylyp oňa geýdirilenden soň bolsa-ha hasam içi ot bilen ýalyndy. Watan ýaly mukaddes zadyň ykbaly çözülýän mahaly hem göripleriň kalby agarmaýan bolarly.

Kubra tatar-mongollar şäheri gabanda derwezä aýagyny diräp oturyberipdir. Onuň keramatyndan dünýä garaňkylyk bolupdyr, duşmanlar galanyň derwezesini tapman heläk bolupdyrlar. Ýöne onuň üstünden Muhammet şanyň enesi Türkan hatynyň ýoly düşüpdir.

-Sen näme işleýäň bu ýerde?

-Derwezäni saklaýan.

Senden derweze saklan bolarmy. Tur git.

-Ýamanlygym diňe saňa ýetjek bolsa, gynanman gitmesem giderdim. Gör ahyry, il-gün, ýurt heläk bolup barýar.

-derwezäni saklamak saňa galmandyr. Gümüňi çek.

Kubra derwezäni taşlap gidipdir. Dünýä ýagtylypdyr. Duşmanlar şäheriň daşyna halkalaýyn aýlanypdyr. Beýik halypa barybir dek oturyp bilmändir. Gözel ýurduň harap bolup barýanyna ýüregi gyýylyp, ýaragyny şaýlapdyr-da, duşman bilen söweşmäge gidipdir. Mert durup galany gorapdyr.

Duşmanyň güýji eýgerder ýaly bolmandyr. Haçanda Ürgenç elden gider-gider bolanda şalar-şazadalar-a şäherden gaçyp, başyny gutarmak bilen bolupdyr. Nejmeddin Kubra öz adamlary bilen soňky gezek duşman leşgerleriniň üstüne at goýýar. Ýagy bilen gözi ýok ýaly garpyşýar. Duşmanyň tuguny ýykýar. Şol pursat hem onuň kellesini alypdyrlar. Ýöne şonda-da ol duşmanyň tuguny elinden goýbermändir. Duşmanlar onuň elinden tugy barmaklaryny ýeke-ýeke çapyp aýryp almaly bolupdyrlar.

Ürgenjiň beýik ogly onuň bilen bile synýar.

## TOTY GUŞ

-Oglanjyk, ejeňi gowy görýäňmi?

-Hawa, olam meni gowy görýär.

Oglanjyk şeýle sorag-jogaplardan gürrüňiniň soňunyň haýsydyr bir rowaýata ýazjagyny bilýär. Ýöne enteg-ä Toty guşuň nämäniň üstünden düşjegini aňanok. Gürrüň berýän-ä babasy welin, hyýalynda şol jadyly Toty guş oňa rowaýaty gaýtalaýan ýaly.

-Her näme diýseňem, sen ejeňi onuň seni gowy görşüçe görüp bilýän dälsiň. Bir rowaýatda, bilýäňmi näme diýilýär...

## PERZENT DAWASY

Perzent dünýä indi. Myradyny el alan ene çagasyny ýüpden sallançak etdi. Bir zat bolsa hemmeden öň begenjek, hemmeden öň gynanjak enäniň ähli mähri ak süýt bolup onuň göwsüne indi. Çagasyny ýanap hüwdä hiňlenýän mahaly ene-de bagtyýardy, perzendem. Ene düýe sagmaga çykanda bolsa onuň sallançagyny bu sährada gezip ýören awara şemal üwreýärdi. Guşlar iň şirin mukamlary bilen ony hüwdüleýärdiler.

Çagajyk gaýmak ýalap ulalýardy. Güneşiň, ene süýdüniň, hüwdiniň astynda meýmireýärdi. Şeýdibem ilki emedekledi, onsoň durdy-durdy boldy, soňra bolsa ent-ment edip, aýaklaryny biri-biriniň öňüne taşlamagy öwrendi. Hä diýmän bolsa ylgap owlaklar bilen ýaryşyp ýören oglanjyk boldy. Enäniň guwanjynyň çägi ýokdy. Bir salym gözünden sowulsa, ýüregi atygsar durardy. Oglanjygyň kalby bolsa sähra telwas edýärdi. Owlak-guzy görse ylgardy, köşejik sataşsa, yzyndan galasy gelmezdi, taýçanak duşsa, üstüne münüp çapsam diýip göwün ýüwürderdi.

Dili zybana gelmedik çaganyň ümüne diňe enesi düşýärdi. Onuň näme diýjegini gözlerinden aňýardy. Bir zat bolaýmasyn gorkusy bilen ondan nazaryny salmaýardy. Bir gün çagajyk akmaýanyň ýanynda gezip ýören akja köşejige seretdi-seretdi-de onuň yzyna düşüp gitdi. Düýe sagmaga giden enesi gelip çagasyny tapmady. Giden ugrudyr diýip ters tarapa gözlege çykdy. Şol bamana günbatar garaldy-da, güýçli şemal peşmekleri aldygyna kowalap başlady. Çäge sowrulyp ugrady. Perzendini yzlap çykan ene bozlap galdy. Biçäräniň ýürek gyýyjy sesi bolsa Garagumyň başyna oýun salýan şemalyň güwwüldisiniň içinde ýitip gidýärdi.

Çaga ýeliň ugruna düşüp allaowarralardan çykypdyr. Şeýdip goňşy guýa baryp düşenmiş. Bu ýerde niýetini gara düwen bir aýal ygyp düşen çaga eýe çykýar.

Ene çagasyny kän idegleýär. Mal yzynda gezip ýören atasy hem ýiten çaganyň süýeginden bir nyşan tapmak umydy bilen gözlege çykýar. Ene ahyry çagasyny goňşy obadan tapýar. Emma çagany tapan aýal öz çagam diýip dawa tutýar.

Dawa ula gidýär. Dawaly çaganyň üstündäki galmagal kaza çenli ýetýär. Enesi «Dogran men, perzent meniňki» diýýärmiş. Dawagär aýal «Galat aýdýar, perzent meniňki» diýip onuňkyny inkär edýärmiş. Kazy näderini bilmeýär. Hyzmatkärine gygyrýar:

-Gylyç getiriň! Dawaly çagany ikisine deň bölüp berjek!

Dawagär aýal şertine bitirse razy.

-Şeýdäý, kazy-diýýär.

Ene ot gysymlan ýaly ellerini daldaladýar:

-Ýok, ýok, beýtmäň. Ol aýalda galybersin. Diri gezip ýörenini görüp gezsem bolýar-diýenmiş.

Kazy özüniň ugurtapyjylygy bilen şeýdip çaganyň hakyky enesiniň kimligini anyklapdyr.

## TOTY GUŞ

Oglanjygyň nowbahar gözlerinde ýene-de rowaýat diňlemek höwesi ýyldyraýar. Telpegine gürrüň berse-de, garaz, o zamanlardan gür bermegi halaýan gojanyň bosla rowaýatlary egsilerli däldi. Çaganyň hyýal dünýäsinde ýaşaýan Toty guş hem onuň bilen öwrenişdi.

Ýene-de Toty guş oglanjygyň gaşyna gelip gonýar. Başlamaga bahanamy? Ol gyt däl-le. Ýa oglanjyk, ýa Toty guş biri-birine bir sorag berer. Şonuň bilenem rowaýat hakyndaky söhbet başlanar. Bu gezek Toty guş sorag berdi:

-Oglanjyk, näme ýüzüň çytyk, gaharjaň daýhanyň ýüzi ýaly?

-Gaharjaň daýhanyň?!

-Hawa, näme eşitmänmidiň? Aýdyp bermeli etdiň-ow..

## GAHARJAŇ DAÝHAN

Jüp öküz daýhanyň kejine gaýdyp, öňküdenem gyzgyn ganyny gyzdyrýar. Kä ikisi deň ýöremän, kä biri gapdala sowup içini ýakýardy. Şonuň üçinem daýhanyň elindäki tasma gamçy gezekli-gezegine öküzleriň sagrysyna  şarpyldap degýärdi. Daýhan kä gara öküze, kä ak öküze sögýärdi. Ol şeýdip ýeke özi alagalmagal bolup ýörşüne şory ýüzüne çykyp duran ýeri sürüp, ortalap barýardy.

Işi rowaçlyga ygtyýar berip ýören Hydyr atanyň ýoly onuň üstünden düşdi. «Bi, daýhan, näme üçin ömür zat gögertmejek ýere der saçyp ýörkä? Gel, şuňa bir gowy maslahat bereýin» diýen pikir bilen sowuldy. Hydyr ata onuň ýanyna geldi:

-Salowmaleýkim!
Daýhan garabaşyna gaý işläp ýörşüne onuň salamyny eşitmedi. Ikinji gezek gaýtalanansoň, göwünli-göwünsiz aldy. Hydyr ata seresaplylyk bilen:
-Bu ýere biderek azap çekip ýörmeseň boljak ekeni. Barybir gögertmez-diýdi.
-Ol senden soralanok. Işiň bilen bol. Seniň maslahatyňa zar günüm ýok-diýip, daýhan öküzlerine yzly-yzyna gamçy çalypdyr. Soňam tüýkürinip goýberipdir-de hüňürdäp sögünipdir.

Gahary gelen Hydyr ata şor ýere nepes eýläpdir. Ýere tä kyýamat ahyrzamana çenli syýa gögertmezligini sargapdyr. Yzyndanam hiç zat gögertmejek ýere yhlas baryny edip ýören daýhana ýene bir gezek nebsiagyryjylyk bilen garapdyr-da öz ýoluna gidipdir.

Ondan soňra bir ýyl geçipdir. Alabahar Hydyr ata akgöwün adamlary myradyna ýetirmek üçon öz müdimi sergezdançylygy bilen aýlanyp ýörkä ýene-de şol ýeriň üstünden gelipdir. Hydyr ata ýere kineli garapdyr:

Ýer güňlenç seslenipdir:
-Diýipdi-ä welin, ýöne daýhanam niýetinden gaýdarly däl ekeni. Ýedi gezek suwaryp, ýedi gezek sürýänçä sargydyň ýadymdady. Soň sekizinji gezek sürüp agdaranda, mum helim bolup, erki elden giderip, näme bolanymy bilmändirin..
Hydyr ata biraz oýlanypdyr-da:
-Yhlasyňa görä myrat bolsun-diýip, ellerini ýüzüne sylyp, göz açyp ýumasy salymda gözden gaýyp bolupdyr.

## TOTY GUŞ

Oglanjygyň şol hyýaly hemrasy ýene gelip gaşyna gondy. Töweregine garanjaklady. Oglanjyk onuň söze başlaryna garaşýar. Ine, ol söze başlady;
-Eý, oglanjyk, sen ene-ataňy gowy görýäň dälmi?
-Hawa.
-Sen olara kömekleşýäňmi?
-Hawa, şu gün ejemiň ýumşunam etdim. Jigim turýança sallançagyny üwredim. Soň üzüme gonan guşlary kowup geldim. Şonuň üçin ol maňa akyllyjamam diýýär...
-Onda şonuň üçin saňa bir rowaýat aýdyp bereýin ...

## SARGYT

Bir ymgyr çölde, aňňat-aňňat gumlaryň arasynda  kä çepe sowulýan, kä saga dönýän, kä şaha aýyrýan, kä birigýän ýollar öz üstünden nijeme kerwenleri geçirendir. Ahal bilen arada ýaýylyp ýatan ummasyz çöl ululy-kiçili ýodalardan, ýollardan ýaňa bişen gürbegiň tory ýaly bolup ýatandyr. O zamanlar bu ýollar howp-hatardan aman bolmandyr. Ýoluň azaplary, kynçylyklary hem onuň üstüne.

Güzeran zerurlygy obalary gumy kesip, Kesearkaçdaky obalar bilen gatnaşyk etmäge mejbur edipdir. Özlerinden artyk zatlaryny alyp gidipdirler, özlerine zerur zatlary alyp gaýdypdyrlar.

Argyş hatarly ýola düşýär. Ene-atanyň ýeke dikrary, oglanlykdan saýlanan ýigit hem argyşa goşulyp gidermen boldy. Ýol azygyny düwdi. Ugramazyndan öň atasynyň gaşynda häzir boldy:

-Kaka, saňa argyşdan näme alyp geleýin?

-Oglum, maňa tapsaň, ýüpüň üzük-ýolugyny ýygnap geläý.

-bar sargydyň şolmy? Ondan gaplap getirerin.

Agyr ýola ilki gezek baş goşýan ýigit ak pata diläp enesiniň gaşynda hem dyz epdi:

-Eje, argyşdan saňa näme getirmeli?

-Ejeň näme göwni bar, oglum. Maňa gowusy çöregiň ýanygyny çöpläp getiräý.

-Beh-eý, ejemiň aýdýanyny. Onuňm kyn zady bormy? Gerek zadyň şol bolsa halta dolusyny äkelerin.

Işekçer ýigit öz erkegine artyk-süýşük zatlaryny ýükläp argyşçylara  goşulýar. Goldan-gola, takyrdan-takyra, guýudan-guýa aşyp argyş süýşüp barýar. Her düşlenende ýigidiň ýadyna enesiniň sargydy düşýär. Iýen çöreginiň ýanygyny aýryp, ýygnap goýýar.

Gumdan çykyp ile aralaşýarlar. Her kim elten zadyny zerur zadyna çalyşýar. Ýigit hem aňry-bäri alyş-çalyş edýär. Atasynyň sargydyny berjaý edip, gözüne görnen ýerden üzük-ýoluk ýüp çöpleýär.

Bellenen gün ýüki çalşyrylan düýeler yzyna tarap ýola düşýär.  Guýy sanap öz obalaryna tarap göçüm edýärler.

Iň soňky ýapyny yzda galdyran argyş oba inýär. Agşam çaý başynda argyşdan gelen ýigit müýnlülik bilen habaryny berýär:

-Kaka, seniň sargydyň kän bolmasa-da bitirdimem weli, ýolda kä çeki üzüldi, kä üzeňňi. Käte gaplaryň agyznyň bogusy gitdi. Garaz, ýygnan üzük-ýoluk ýüplerimiň bary ýolda ulanyldy-diýýär. Kakasy:

-Meniň sargydymy bitiripsiň. Ýolda ulanaryň üçin şony sargapdym-diýenmiş.
-Eje, seniň üçin-ä az-owlak çöregiň ýanygyny ýygnap getirdim.
Ejesi hem oglundan şatmyşyn.
-Sag-aman gelen ýeriň bolýar, oglum. Bir-ä ýolda aç bolmasyn, birem çöregiň ýanygyny iýmesin diýip sargapdym. Çöregiň ýanygy adamy kesel edýär. Ýolda howul-hara çöregi ýanygy bilen iýmedik bolsaň bolýar-diýenmiş.

Ýigit ene-atasynyň näme üçin özüne üzük-ýoluk ýüp, çöregiň ýanygyny sarganyna şondan soňra düşünip galypdyr.

## TOTY GUŞ

Toty guş asmana galdy. Birsalym gökde gezmeläli diýip, oglanjygam ýanyna aldy. Oglanjyk Toty guşuň arkasyndamy, ýa özi uçup barýarmy bilenok. Ýöne asmandan-a barýarlar. Ähli zatlar  hol aşakda görünýär. Toty guş çüňki bilen hol uzaklary salgy berdi:
-Şony görýäňmi?
-Hawa, görýän. Depemi ol nämemi?
-Hawa, depe. Üns berip seret, nämä meňzeýär?
-Ertekili kitapdaky harmanyň suratyna. Toty guş, aýtsana, ol näme? Belki, gyzykly rowaýaty bardyr?
Toty guş oglanjygy köp ýalbartmady.

## HARMANJYK

-Harmanjygyň nähili döreýşini aýdyp ber diýýärmiň?

Aýdyp bereýin. Özüňem görensiň. Gyryň üstündäki örän alyslardan görünýän bu depe, öz daşky görnüşi boýunça edil harmany ýada salýar. Rowaýata gulak assaň, bu aslynda-da harman bolupdyr.
Bu gyra Nalajyň gyry diýilýänini bilýänsiň. Nalaç diýilýäni jykyr bilen şu gyryň üstüne suw çykaryp ekin ekipdir. Şol ýylam onuň ak ekini başyna gören ýaly bitipdir.

Bir gün Nalaç bugdaýynyň gyzylyny üýşürip, üstüne bereket kesegini goýan wagty geçip barýan bir atly sowulýar. Ol uzak ýola barýandygyny aýdyp, namaz okaýança, atyna bir goşawuç iým bermegi haýyş edýär.

Nalajyň kalbynda husytlyk uçguny döreýär. Eline berlen attorba bir goşawuç dänäni dözmeýär. Gözüni güýdüp iým torba owunjak daş guýup, ata geýdirýär.

At eýesi bir seretse, atyň gözlerinden boýur-boýur ýaş akýar. Haçanda torbany görende ýagdaýa düşünýär. Atly aty horlany üçin Nalaja «Harmanyň daşa dönsün» diýip gargyş edip gidýär.

Eýesiniň husytlygy sebäpli harman daşa öwrülip galypmyşyn. Şondan bäri bu ýerniň adamlary ýolagçy bir dileg bilen sowulsa, boş goýberilmeli däldigini gaty gowy bilýärler, husytlygyň erbet zatdygyna hem düşünýärler.

## TOTY GUŞ

Ol bu egzek birhiliräk öwrüm etjek boldy. Olam onçakly başa barmady. Içi güjükli sorag berdi:

-Öz käriňi başarmasaň näderdiň?

-Haýsy käri?

Toty guş soragyna düzediş girizdi:

-Hä, sen entek belli bir käriň başyny tutaňog-ow. Meselem, haýsydyr bir käri edinensoň, işiň ugrygybermese näderdiň?

Oglanjygyň beýnisi soragyň düýp manysyny çokup bilmän kösendi-sakawlady:

-Menmi? Okaryn. Bäşlik alaryn. Ýene okaryn.

-Aý pekge. Düşünmediň. Öňem biriniň işi oňmanynda näme edenligi baradaky rowaýaty aýdyp berjekdim. Gowusy söze başlabereýin...

## ÝERE SYGYN

Dürli ýerlerde işläp, hiç haýsynda kemal tapmadyk biri maslahat soran, akyldar-dananyň gaşynda dyza çökenmiş:

-Hiç bir ýerde işim oňanok. Bir maslahat berseňiz.

Akyldar ony ünsli diňläpdir, sowam sorag beripdir:

-Ataňyz nä kesp ederdi?

Maslahat sorap gelen gyzaryp-bozarýar. Gümmi-sümmä urjak bolýar.

-Aý, ol hökmanmydy näme?

-Bolsa-da aýdyň.

-Ýaşuly, onyň meniň aýdasym gelenok.

Maslahat sorap geleniňiz çyn bolsa soraga jogap beriň.

-Şoňa ýetmämizde bolmazmydy?

-Bolmaz ogul.
Bolmady. Ýüzüni ýere salýan şol sözi ýene-de gaýtalady.
-Atam ogrudy. Şonuň bilen gün görerdi.
-Häzir özüň näme iş edýäň?
-Täzelikde ussa şägirt durdum.
-Onda seniňki kyn ogul. Ogurlyk ediberseň, işiň oňardy. Ýöne bir dogry ýola düşen boslaň, sowulma. Ogurlykdan dogurlyga geçmegem kyn, dogrulykdan ogurlyga geçmegem. Gowusy, ýere hyzmat ediber.

Aýdyşy ýaly, adam daýhançylyk edip başlapdyr. Günleriň birinde bolsa, kemal tapyp, işi oňuna bolup gidipdir.

## TOTY GUŞ

Rowaýat gutardy welin Toty guş gözüni bir gyrpyldadandan ikisem öňki ýerine geldi. Toty guş demirgazyk tarapa öwrüldi. Onuň gözlerinden çykýan şöhle kinoproektordan gaýdan yşyk ýaly bolup, hol alys uzaklara bir ýere gitdi. Örän alysdaky ýanaşyk iki gala düşdi.
-Seret-diýip, ol aýtdy-Şu galanyň söýgi hem wepa hakynda örän gyzykly bir rowaýaty bar...

## MAZLUMHANSYLU

Iki sany äpet galanyň arasy ep-esli bar. Şeýle hem bolsa olaryň gabarasynyň ululygy sebäpli aralary ýakyn ýaly görünýär. Onuň günortasyndaky Gäwür hanyň galasy bolsa demirgazykdaky Mazlum hana degişli bolupdyr. Iki han il bolup ýaşar ekenler.

Bu has köneräk zamanlarda bolupdyr. Şol wagtlar aýal-gyzlar erkekler bilen deň derejede görülýän ekeni. Barysy diňe şindan soň ýüze çykypdyr. Iki hanyň arasyna çöp düşmegine hem şol waka sebäp bolýar.
Mazlum hanyň Sylu diýen örän görmegeý, ýaş aýaly bar ekeni. Ol görk-görmekde taýsyz bolupdyr. Gäwür hanyň nazary oňa düşýär. Onuň ajaýyp kaddy-kamatyna akyl-huşuny aldyrýar.
Gäwür han bütinleý Syluwyň yşgyna düşýär. Ony azdyrmagyň ýoluny agtarýar. Ençeme synanyşyklardan soň ony razy etmek Gäwür hana başardýar. Haram keýpe berlen Sylu bütin hanlygy namys astyna goýýar.

Gäwür han bu işi gizlin saklamagyň çäresini gözleýär. Onsoň ol Sylu bilen pynhan gatnaşyk etmek üçin iki galanyň arasynda ýer astyndan örän gizlin ýol gurdurýar.

Egri ýol uzaga gitmeýär. Bir gün dostunyňka görme-görşe gelen Mazmum han öz ghözlerine ynanmaýar. Sylu Gäwür hanyň öýünde oturanmyşyn. Mazlum han ýaňy gaýdan wagty hem öýünde gören aýalynyň bu ýerde oturanyna müňkür bolýar. Meňzeşdir öýdýär. Tizden öýüne dolanýar. Öýüne gelse, Sylu eýýäm öýünde otyrmyş.
Mazlum han gizlinlik bilen aňtaýar. Hemme syr äşgär bolýar. Özüni namys astynda goýan aýalyny öldürmekçi bolup topulýar. Emma Gylu Göwür hana habar ýetirip ýetişen ekeni. Gäwür han ýarag çekip, Mazlum hanyň üstüne gelýär. Sylu ylgap onuň aýagynyň astyna dary sepýär.

Mazlum hanyň köpegi zynjyryny üzüp, oňa topulýar. Syluwy parçalaýar. Soň Gäwür hany ýaralaýar.

Mazlum hanyň ejiz tarapyny Gäwür hana aýdan ekeni. Göwür han gylyç salyp, Mazlum hanyň dyzçanagyndan aşagyny kesip taşlaýar...
Mazlum han soňky deminde «It wepa, aýal biwepa» diýip ýetişýär. Onuň özüni bir bölek, aýagyny bir bölek jaýlaýarlar. Onuň dyzçasnagyndan aşagy hem ýigrimi sekiz ädim çykanmyş.

Haçanda Sylu jaýlananda ilat onuň üstüne lagnat daşyny oklapdyr. Şedip Sylu tutuş aýal jynsyna erbet garaýyşy döredipdir. Şondan soň adamlaryň arasynda aýal-gyzlara gyýyk göz bilen garamak, ynamsyzlyk ýüze çykanmyşyn, «Bir ýamanyň ýedi ýere kösti ýeter» diýip şonuň üçin aýdýarlar.

Hojaili şäherinden Köneürgenje gidýän şa ýoluň gündogar tarapyndan iki gala ýanaşyk otyr. Mazlum hanyň galasy agyr gonamçylyga öwrülipdir. Gäwür hanyň galasyny bolsa adamlar haram toprak hasaplap, merhum jaýlamaýarlar.

## TOTY GUŞ

Oglanjyk irkiljek-irkiljek bolýar. Ine-de Toty guş oglanjygy arkasyna aldy-da Akgala alyp gitdi. Oglanjyk bu köne gadymy galany nebsewürlik bilen synlady. Toty guş oňa sorag berdi:
-Jyn-arwahly ertekiler diňläpmidiň?
Gorkudan ýaňa ol titir-titir etdi:
-Näme bu jyn-arwahlaryň galasymy?
Toty guş güldi:
-Ýok, näme gorkýaň? Men-ä jyn-arwahly rowaýatlaryň birini adýyp berjek boldum...
-Onda diňläýin. Jyn-arwah gelmez gerek?

-Ýok, bu ýerde adamlar ýaşaýar. Jyn-arwahlar bolsa diňe ertekilerde ýaşaýar-a...

## AKGALA

Köne hananyň ýakasyndaky gadymy gala çölüň ortasynda, jöwzanyň aşagynda kökerilen ýaly güne kakap galypdyr. Bötendagdan garasaň, äpet gala demirgazyk gündogar tarapa agaryp görünýär. Akgala ady şondan galan bolsa gerek. Küňreleri, gözaralary galany goraýanlar ýaňy çykyp giden ýaly mizemändir. Iki bölek galanyň içinde aňry tarapdaky adamyň keşbini saýgarmak kyn. Bu hakda nähili rowaýat aýdylýanyny bilýärmisiziň?

...Gyz oňa göçülen ýurtda sataşdy. Aglap oturan gyz geçip barýan atly ýigidiň gözüne ildi. Haly perişan nowbahar gyzyň deňinden geçip gidäýip bilmedi. Sowuldy.

-Eý, gözel gyz, ne beýle ah-u-efgan eder sen?

-Enem-atam meni şu köne ýurtda galdyryp, göçüp gidipdir. Söýenere hossarym, guwanara garyndaşym ýok.

-Ýyglama, gözel gyz, men saňa hossar bolaýyn.

Gyz onuň aýdýan sözleriniň çyndygyny, ýalandygyny bilmek isleýän ýaly ýüzüne dikarynlap seretdi. Sähraýy ýigidiň hiç-hili hile-alsyz ýürekden aýdýanyna göz ýetirip, ýerinden galdy, onuň ýanyna geldi.

Ýigit bu nätanyş gyzy atynyň syrtyna mündürip alyp gaýtdy. Obasyna getirdi. Soňam gyzyň razylygy bilen oňa öýlendi.

Oba betbagtlyk aralaýar. Obanyň mallary ýer ýuwdan ýaly gürüm-jürüm bolmaga başlaýar. Malyň süýeginden nyşan tapmak hem başartmaýar. Ýagdaý çenden çykma boluberensoň, ýurduň şasy ähli akyldarlary, bilimdarlary, münejjimleri, gurrandazlary ýygnaýar. Bu ýagdaýyň sebäbi soraýar. Olar kitap garap, ýyldyz sanap, gumalak atyp, ýurda bir sany ýuhanyň aralaşandygyny bilýärler. Ýuha diýilýäni ýylanlar nesline degişli bolup, aždarhadan hem beterräk mahlukmyşyn.

Şa ýurduň ähli erkeklerini ýygnaýar-da:

-Kimde-kim öz aýalynyň aslyna doly ýetik bolmasa galsyn, galanlary gaýdybersin-diýýär. Hälki ýigit galmaly bolýar.

-Ýigit, gelniňi tanaýarmyň?

-Ýok.

-Nireden öýlendiň?

Ýigit gelnine sataşanyny gürrüň berýär. Pähimli adamlar oňa gije ýatman gelnini garawllamagy maslahat berýärler. Emma ol her gün

beýhuş bolan ýaly özüni bilmän uklap galýar. Bolmansoň, ýene danalaryň ýanyna gelýär. Olar oňa içmäge doga berýärler. Aýaly her gün agşam ýüzüne tüýkürip ukladyp gidýän ekeni.
Bu gün agşam ýigidiň gözüne uky gelmeýär. Ol ýatamzynyň öňinçäsi berlen dogany içdi. Gözüni ýumup uklan kişi bolup ýatyr. Gelnini garawullaýar. Ine-de gelni ýorgandan ýylan ýaly suwulyp çykdy. Adamsynyň ýüzüne bir tüýkürdi. Soň bir silkindi-de ak ýylana öwrüldi. Kündügiň agzyndan girdi-de, sozugyp çürnüginden çykdy. Her hili oýunlar etdi. Soň obanyň çetine tarap ugrady.

Ýigit ony garaba-gara garawullap gidip oyr. Obanyň çetinde ýene bir gara ýuha oňa garaşyp duran ekeni. Ol ak ýuhanyň dogany bolup çykdy. Ak ýuha her gün agşam il ýatyp, it uklanda obanyň mallaryndan oňa eltip berýän ekeni.

Ýigit gören ahwalyny patyşa gürrüň berdi. Ondan dynmagyň maslahatyny etdiler. Ahyry kyrk gulaç ýeriň aşagynda kyrk gapysy hem demirden gala gurmaly, ýuhany şoňa taşlamaly diýen karar gelindi. Şa şeýle galanyň gurluşygyna başlamak barada perman berdi.
Gala gurlup bolundy. Özem kyrk gulaç ýeriň aşagynda, barjak bolsaň, kyrk sany demir gapydan geçip barmaly.

Ýigit gelnini ýeriň aşagyndaky gala getirdi. Ony iň soňky işikden içe girizdi-de, özi daşa çykyp, işigi mäkämledi. Ýuha iýniňi düýrükdiriji çirkin gygyrdy. Emma ýetişikli ýigit demir işikleri yzly-yzyna mäkämleýärdi. Ol iň soňky işigi açylmaz ýaly mäkämledi-de, uludan demini alyp, derini syrdy...

Häzirki Akgala şol ýer astynda galan demir galanyň üstünden gurlanmyş. Alymlar ol ýerde gazuw-agtaryş işlerini geçirýärkä, armasyna gelen oba adamlary, gazylan ýerden demir işik görünäýjek ýaly düşnüksiz bir garaýyş bilen garaýarlar. Çarwa ýigitleri bolsa gowy tanamaýan gyzlaryna öýlenenoklar.

## TOTY GUŞ

-Eý, oglanjyk, Pilmahmyt hakyndaky ertekini bilýäňmi?
Oglanjygyň gözleri jogap gaýtarmaga höweseklik bilen ýyldyrady:
-Hawa, bilýän. Ony bakjada enekämiz aýdyp berdi. Soň ertesi gürrüň edip berenim üçin bäşligem aldym. Bilýän men ony-a.
-Bilseň gowy-da Pilmahmyt ýaly daýaw adamlaryň biri barada rowaýt bilýärdim-de... Aý, onam bilýänsiň-le..
-Kim hakynda?

-Çilgez sopy hakynda.
-Ýok, ony bilemok. Aýdyp beräý-dä, Toty guş? Eger rowaýat aýtjak bolsaň «Siziň üçin körpelerem» görmäge gitjek däl.
-Ýok, ony gör. Onda seniň üçin köp peýdaly zatlar aýdylýar. Häzir aýdyp bereýin. Diňle-de, soň tlewizor görmäge git...

## ÇILGEZ SOPY

Aslynda onuň ady Kabas dagy bolanmyş. Asly mekany Arabystanda bolupdyr diýýärler. Beýik daglar oňuşdyrmanosň, üstündäki öwlüýäsi zady bilen bir gijede Horezmin ýurduna göterilip gaýdypdyr. Bir gijede derýanyň ýakasyna gelip gonan daga ýerli ilat Bötendag, ýagny böten-başga ýerden gelen dag diýip at goýupdyr.

Bötendag ... Ol Tüni derýanyň köne akaba ugrunyň boýunda çölüň ortarasynda el bilen getirilip goýlan ýaly bolup otyr. Onuň üstündäki Ybraýym-Edhemiň mawzoleýi, Çilgez sopynyň metjidi gaty uzaklardan görünýär. Ol ýerde Erhem sahabanyň, onuň ogly Ybraýym soltanyň, Çilgez sopynyň, Hezret Alynyň ýaşlykda ölen ekizleriniň mazary bar.

Bu ýere gelýänleri ilki bilen haýran galdyran zat Çilgez sopynyň metjidi bolsa gerek. Dagdan byçgy bilen kesilip örülen metjidiň daşlaryny ynsan güýji bilen gozgamak mümkin däl. Ýöne Çilgez sopy üçin bu mähnet daşlary gozgamagyň hiç hili kynçylygy bolmandyr. Sebäbi onuň öz göwresi hem kiçi däl ekeni. «Çilgez» sözüniň özi hem «kyrk gez» diýmegi aňladýar. Bu onuň boýunyň uzynlygy bilen baglanyşykly.

Metjidiň arka ýüzünde uzyn, gaty uzyn mazar ýatyr. Ol Çilgez sopynyň mazary bolmaly. Şeýle boýy bolan adamyň uzynlygy iki, ini bir metr bolan daşlary kesip, ondan metjit gurmagy bolup biljek zat.

Ýogsamam bir gezek şeýle bir waka bolanmyş. Ybraýym soltanyň öýüne bir düýeli myhman sowulýar. Ybraýym Soltan ony güler ýüz bilen garşy alýar. Töre geçirýär.

Nätanyş myhman üçin gazan atarylýar. Ybraýym soltan myhmanyň tüý basyp giden agyz-burnuny birhiliräk görse-de, sesini çykaranok. Myhman hatyrasyny saklaýar. Ybraýym soltan Edhem sahabanyň ogly. Şerigaty, däp-dessury gaty berk berjaý edýär. Azajyk biedeplik hem bolsa, gödegräk hereketleri edermen bolýar. Sebäbi myhman özünden bilenok. Haçanda nahar taýýar bolanda, ele suw akydylmanka, myhmanyň öňüne legen, ýyly suwly kündük getirip goýýar:

-Myhman, tagamyň hatyrasy üçin tämizleniň.

Myhman o zatlaryň ýüzüne hem seretmeýär. Ybraýym soltanyň bu sözi üçin öýkeläp, nahary hem iýmän turup gidýär. Ybraýym soltan myhmanyň göwnüne degip, geçilmez agyr günä edendigine göz ýetirýär. Obanyň çetinde myhmanyň yzyndan ýetip töwella edýär:
-Myhman, düýäň başyny bir çek-le. Biz şerigaty berjaý etjek diýip, agyr günä edipdiris. Dag ýaly günämizi dary ýaly edip geç.
-Ýok, günäňi egçip bilmen.
-Gurbanyň bolaýyn, myhmn. Bir egzek egçir. Näme şertiň bolsa bitirmäge razy.
Onuň soňky sözi myhmany oýlandyrýar. Ybraýym soltandan gaty kine edenoň, şuny edip bilmez diýen niýet bilen şeýle diýýär:
-Şu duran ýerimden düýämden düşürmän, aýagymy ýere degirmän alyp gitseň, günäňi geçeýin. Tagamyňy hem iýeýin.
Ybraýym soltan şerti diňleýär. Az salym oýlanýar. Soňam oba garap: «Çilgez» diýip gygyrýar.

Dem salymda boýy kyrk gez, gaýanyň bölegi ýaly Çilgez soltan ýetip gelýär. Nätanyş myhmany düýesi bilen göterip Ybraýym soltanyň öýüne getirýär. Myhman bilen öý eýesini ýaraşdyryp, uly sogap gazanýar.

Häzir bu özboluşly, gadymdan galan ýadygärliginiň ýanynyň adamyz wagty ýok. Zyýarata gelen iki ýaşuly Çilgez sopynyň mazaryna seredip, özara gürrüň edýär:
-Geçmişde nähili admalar bolupdyr. Adam tohumy barha ownaýar öýdýän?!
-Gürrüňdeşi oňa garşy çykýar:
-Ýok-la, adam tohumy däl-de, köp adamlary synlap, adam ygrary, lebzi, häsiýeti ownaýar diýseň, dogry bolar...

Rowaýatlaram şu gün hakda söhbet etmäge gepbaşy bolaýýar-ow...

## TOTY GUŞ

Bu gezek soraga oglanjyk başlady:
-Eý, Toty guş, sen köp galalar barada gürrüň berdiň, ýöne näme üçin Gyzylja gala barada aýtmadyň?
-Sen o galany nirden bilýäň?
-Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow gün ekskursiýa gitdik-dä şoňa.
-Gördüňizmi onsoň?
-Hawa.

-Näme zatlar gördüňiz?
-Ýykylyp gutaraňkyrlan köne gala. Onsoň bäri gelip bazara girdik. Moroženoe alyp iýdik.
-Şol ýerden gyzylymtyl daşlar tapdyňyzmy?
-Hawa, hä şonuň üçinmi?
-Bir sebäbi şol. Ýöne galanyň ady üç dürli düşündirilýär. Howlukma, aýdyp bereýin.

## GYZYLJA GALA

Kimligini anyk aýdyp biljeg-ä däl welin demi degirmen ýöredýän häkimleriň biri bu ýerde gala saldyrarman boldy. Ussalar, hakyna tutulanlaryň bary bu işe sürüldi. Ussalar galanyň haýsy ýerini laýdan galdyrmaly, haýsy ýerini kerpiçden örmeli-baryny peýleýärdiler. Kerpiç bişirýän hummuzlaryň tüssesi gije-gündiz kesilmeýärdi.

Şol ýerli belli galtamanlaryň biri häkimiň ýanyna geldi. Barly adamlar ýaly özüniňem gala kömek edesiniň gelýändigini aýtdy. Indiki oljasyna düşen kerweni oňa bagyşlajakdygyna söz berdi.
Kellekeserlerini yzyna tirkän galtaman «awa» çykdy. Şöwür çekip birnäçe gün garaşansoň, kerwen ýolunda jaň sesi eşidildi. Gözleri gyzaryp, saçlary syh-syh bolan, ýaragy düz galtamanlar oňa tarap aç böri ýaly okduryldylar. Hä diýmän oljalanan kerweniň başy häkimiň obasyna tarap öwrüldi.

Galtaman wadasynda tapylyp, kerweniň gylyny gyşartman häkimiň gaşyna getirdi. Gözleri jöwherlenen häkim agyr ýükli kerweni görüp ýyrşardy. Galtamana sorag berdi:
-Kerweniň ýüki näme ekeni?
-Barlap görmedik.
-Barlaň.

Tizden kerweniň ýüküni barladylar. Ol durşuna boýag bolup çykdy.
Başga bir gymmatly zatdyr öýden häkimiň lapy keç boldy. Gaharyna hyzmatkälere buýruk berdi:
-Kerweniň ähli ýüküni düşüriň, boýaglary kerpiç guýýan ussalar laýa goşsunlar.

Aýdyşy ýaly edipdirler. Boýag goşulan kerpiçler gyp-gyzyl birenaýy bolupdyr. Gyzyl kerpiçden örülen diwarlar uzakdan gyzaryp görnüpdir.

Galanyň Gyzyljagala ady şondan galypdyr diýýärler. Gyp-gyzyl daşlaryň galyndylaryna bu ýerde häzirem duşmak bolýar.
Bu ýerde gökleňleriň gyzyllar diýen tiresi ýaşanmyş, galany gurduranam şolarmyş diýen gürrüňem bar. Bu galada ýaşaýanlar çöpboýa öndürmek bilen meşgullanypdyr. Gyzylja gala ady şondandyr diýibem düşündirilýär. Her niçigem bolsa ad-a galypdyr. Haýsynyň hakykta has golaýdygyny welin aýtmak kyn-da...

## TOTY GUŞ

-Oglanjyk, indi sen ýatyp dynç al. Yzyny ertir dowam ederis.
Oglanjyk uklady. Bellenen wagtda ýene-de Toty guş bilen ýüzbe-ýüz boldy. Toty guş bir dem oýlanyp oturdy-da:
-Eý, oglanjyk, bu gün sen Gökleň medrese baradaky rowaýaty diňlärsiň-diýdi.
Indi diňe Toty guşuň sesi eşidilýär. Oglanjyk bolsa oňa gözlerini gyrpman seredýär.

## GÖKLEŇ MEDRESE

Gökleň medrese... Onuň taýak atym ileri ýanyndan Hanýap towlanyp akýar. Medresäniň gümmezekläp duran hüjreleriniň iň soňkusy ýakynda ýykyldy. Şykgyldap duran toýun palçykdan eýi ýetirilip galdyrylan diwarlar uzak ýyllaryň ýel-ýagmyryna, şorlan topragyň yzgaryna ahyry ýan berdi. Indem ... oňa haraba diýesim gelenok.

Medresäniň synasynyň sagat wagtyny hem bilýänler bar. Medresede ylym alan, ony özleriniň ylym öýi hasaplap ýörenlerem az däl. Bir wagtlar bu ýerde sowet mekdebi ýerleşipdir.
Medresäniň demirgazyk tarapynda gyşyn-ýazyn çagalaryň şowhuny kesilmeýär. Daş kerpiçden salnan owadan ymarat-orta mekdebiň jaýy. Mekdep hem medrese... Göwnüňe bolmasa, göze görünmeýän haýsydyr bir sapak olary birleşdirip duran ýaly. Ýogsam näme? Onsoňam Gökleň medrese hakynda nämeler aýdylmaýar?

Medreseden sähel öýle taraprakda Hanýabyň ileri kenarynda Gyzylja gala ýerleşýär. Bu ýerler gadymy Hywa hanlygynda ýurduň günbatar araçägi bolupdyr. Has dogrusy, mundan bu ýana ekara meýdanlar bolmandyr.

...Taryhyň kerweni özüniň güňleç ses edýän jaňy bilen asyrlara ýaň salyp, zol gidip otyr. Kerweniň jaňy köne harbalara, iki-ýeke somalyp galan mawzoleýlere, galalara düşüp hüňleýär. Asyrlaryň aňyrsyndan ýaňlanýan bu owazlardan näme eşidilýär?

Hywa hany Etrek-Gürgen sebitlerinden olja bilen dolanyp geldi. Hywa bazary ýesirlerden hyryn-dykyn doldy. Han olaryň aksakallaryny Hywada saklap, galanyny ýurduň günbatar çetinde-Hanýabyň aýagujunda göz tussagy edip saklady. Gürgenler şu ýurtda mekan tutdular. Han olary bu ýerde suwuň aýagynda ýerleşdirip, agyr salgyt saldy. Ýurduna gitmezlikleri üçin berk gözegçilik goýdy.

Diri adama hemme zat gerek. Gyzylja galada ýerleşen gökleňler ýetme-ýykylma suw bien Horezmiň boz toprakly ýerinden hasyl almaga başladylar. Ýerli halk bilen gatnaşyk açyldy. Ýöne Watan ýaly şirin zat ýok. Hemmeleriň göwni Gürgeni küýseýär. Hatda düýelerem sähel gözüňden sypyndygy köşegini yzyna tirkäp Gürgene tarap güm bolaýýar.

Zelili şahyryň «Watanym seni» goşgusy hemmeleriň gözüne ýaş aýlaýar. Watanyň gadyryny diňe şulardan soraýmaly.

Bir gün aksakallaryň üýşmeginde Zelili şeýle teklip bilen ýüzlendi. Meňlihoja Hywada zyndanda bolansoň, gökleňleriň kethudasy Zelili bolup galypdy. Şonda-da ol «Näme bu ýurtda ömürlik ornaşaýmak hyýalyň barmy?» diýiläýmeginden gorkup ýaşulular çekine-çekine aýtdy:

-Azady babamyz ylym-şam-çyrag diýipdi. Düýäň üstünde-de bolsa, çagalarymyz ylymsyz galmasyn. Medrese salalyň. Okadyp biljegimiz bar. Ýurda göterilsegem gökleňlerden galan zat diýip ýagşylyk bilen ýatlarlar...

Şahyryň pikirini ýaşulular makullady. Uly-kiçi hemmeler elinden gelen kömegini etmeli edildi.

Şeýdibem Gökleň medrese salyndy. Ýöne Zelilä bu ýerde uzak sapak bermek miýesser etmedi. Gökleňlere ýurda aşmaga mümkinçilik döredi. Gökleňler bir günüň içinde bulut süýşen ýaly göterilip gitdiler. Ýöne olaryň bu ýerli bolup galanlary hem az bolmady

Gökleň medrese gökleňleriň Hywadaky ýaşan günlerine ýadygärlik bolup galdy. Zeliliniň teklibi, ýaşulularyň yradasy bilen gurlan medrese köp-köp nesillere ylym berdi. Soň onda gyzyl mugallymlar sapak geçdi. Hywa hany Gürgene baryp öz gylyjynyň ganly yzyny goýup gaýtdy. Onuň sürüp getiren ýesirlerinden bolsa ýagşylyk galdy. Halkyň zelili ýaly şahyr ogullarynyň bar ýerinde başga hili bolubam bilmeli däldi.

## TOTY GUŞ

Toty guş uçup barşyna pessaýlady-da, garagajyň aşagyndan geçdi. Soň ýene ýokary göterilip, garşysyndaky mawzoleýiň depesine galdy. Mawzoleýiň üstüne gonman daşrakdan öwrüm edip, onuň gapdalyna gondy.
-Bu Pirýar weli diýdi. Onuň ogluna bolsa Mahmyt Pälwan diýýärler. Özem atasy ýaly Ürgençde däl-de, Hywada ýaşap öten ...
Toty guş rowaýata başlaýar.

## MAHMYT PÄLWAN

-Pälwan ata diýilýäni kim bolduka?
Goja başam barmagy bilen çäýnegiň gapagyny basyp, aşak-ýokary çalaja galgadyp, çaýyny syrykdy. Çäýnegi aňyrrak süýşürip, käsesini eline aldy. Diňe şondan soňra jogap bermäge başlady:
-Halk bir zada yňyp gitse gidýär oturýar. Pälwan ata diýilýäni öz döwrüniň meşhur şahyry hem pälwany bolan adam. Onuň hakyky ady Mahmyt bolup, Pälwan onuň lakamydyr. Horezmde meşhur adamlar sanalsa, Mahmyt Pälwanyň ady hem öň hatarda tutulmaga mynasyp.

Mahmyt Pälwan köp göreşlerde özüni görkezýär. Şeýle bolansoň ony Horezm şasy baş pälwan hökmünde köşkde saklaýar. Bu hakda öňki kitaplarda hem ýazylandyr...

Mahmyt pälwanyň öňüne çykyp biljek pälwan Horezm topragynda-ha magat ýokdy. Eýranda, Yrakda, Hindistanda tutulýan toýlardan hem onuň ýeňişsiz dolanýan wagty ýokdy. Diňe bir gezek, hawa, şol gezek ol ýeňişsiz dolandy...

Eýranda tutulýan toýa Horezm şasy bilen bilelikde Mahmyt Pälwan hem gitdi. Eýran şasynyň tutýan toýunyň dabarasy uludy. Köp ýurtlaryň iň atly pälwanlary çagyrylypdy.
Uzak ýoluň ýadawlygy basmarlasa-da, Mahmyt Pälwan myhman ýerinde jaýlaşyp, çaý-suw içensoň, azajyk ýadawlygy aýryldy. Ol gezelenç etmegi, şäher etegindäki bu oba bilen tanyşmagy ýüregine düwdi. Obany gezmeläp ýörşüne gonamçylyga girip gidenini duýman galdy.

Iňlär siňeksiz mazarystanlyk. Dur-la. Bir hümürdi eşidilýän ýaly-la?! Pälwan öňe ädim urdy. Garrap, bili ýaýa dönen ak saç mama haýsydyr bir mazary gujaklap aglaýardy, bir zatlary samraýardy.

Pälwan onuň ýanyna bardy, salam berdi.
-Guranyň bolaýyn, bizi rysgaldan kesme...
Ol henizem mazary gujaklap ýalbarýardy. Ahyry bäri döndi. Pälwana seretdi, salamyny aldy.
-Ýeri, mama, haýsy dert seni bu ýere alyp geldi?
Mama içki derdini daşyna çykarmaga durdy:
-Oglum, biz bir rysgaly şalykdan ýazylan bendeler. Bäş baş maşgalamyz diňe ogulymyzyň arkasyndan gün görýär. Oglum patyşanyň uly pälwany. Patyşa uly toý tutýar. Ol toýa uzak-ýakyn ýerleriň ähli pälwanlary çagyryldy. Toýa Horezminiň iň uly pälwany Mahmyt hem geljekmiş. Meniň oglum dünýäde diňe Mahmyt Pälwandan çekinýär. Patyşa eger oňa bir pälwandan basylaýsa, çörekden kesjekdigini duýdurdy. Ol çörekden kesilse, biz aç galarys. Üç gije-gündiz bäri şu keramatly mazary gujaklap, oglumyň Mahmyt Pälwany ýeňmegini dileýärin...

Mahmyt Pälwan ony ünsli diňledi. Yzyndanam:
-Mama, sen öýüňe gaýdyber. Enşalla, seniň ogluň ýeňer diýdi.
Mama ony hudaý tarapyndan iberilen bir gudrat hasaplady. Şat bolup öýüne gaýtdy. Onuň şol meşhur Mahmyt Pälwandygyny tanamady.
Mahmyt pälwan ertesi toý diýlen güni gijesi bilen kän oýlandy. Nähili bolarka? Bir maşgalany çörekden kesmek gowy däl. Ýurduň abraýyny hem goramaly. Onsoňam Mahmyt Pälwan bilden bir tutansoň, bilgeşleýin ýykylyp bilermikä?! Munuň özi gaty gelşiksiz, tutuş märekäni oýnamak ahyry! Ol o ýanyna bu ýanyna kän agdaryldy. Uklaman daňyny atyrdy.

Ahyry şol pursat gelip ýetdi. Göreş meýdanynyň bir tarapynda goýlan bezelgi supra Eýranyň, Horezmiň şalary, belent mertebeli adamlar gelip oturdylar. Iň uly baýraga Mahmyt çykdy. Onuň bilen tutluşmaga Eýranyň şasy pälwanyny goýberdi.
Pälwanlar tutluşdylar. Mahmyt Pälwan garşydaşynyň guşagydnan elini egçirdi.
-Ýa bir Aly Şahymerdan!-diýdi-de, göterip ýanbaşdan aýlarly bolanda, düýnki garry mama ýadyna düşdi. Garşydaşyny ýerde goýdy-da, iki dyzyny aşak taşlady.
-Şa şertini üýtgetmese, men ýykyldym-diýip, boýun aldy.
Horezm şasy ot gysymlan ýaly zöwwe ýerinden turdy:
-Dönük, dönük! Saňa Horezm topragy haram. Gözüme görünme...

mahmyt pälwan toýdan çykyp gaýtdy. Ömründe bir gezek uly baýraga çykyp, öz erki bilen garşydaşyndan ýeňilip gaýtdy. Hemişeler ony gözigidijilik bilen garaýan nazarlar ugradýardy. Bu gezek bolsa ...

Mahmyt Pälwan daglarda gezip ýördi. Birden hol uçut gaýadan bir at uçup gaýtdy. Onuň üstünde adamam bardy. Mahmyt Pälwan çalasynlyk bilen aty tutmaga ýetişdi. Atlyny hem, aty hem ynjytman, usullyk bilen ýere düşürdi. Atly Horezmiň patyşasy bolsa nätjek. Gaýdyşyn Mahmyt Pälwanyň atyny münüp gaýdypdyr. At hem uzaklardan öz eýesini tanapdyr-da, uçutdan özüni goýberipdir.

Patyşa öz halagäriniň öňünde dyza çöküpdir:

-Günämi öt, pälwan. Seniň näme üçin dyzyňy ýere taşlanyňy bütin Eýran bilýär. Halk patyşanyň pälwanynyň öňünde goýan şertinden habarly ekeni. Seniň beýik adamkärçiligiňe halaýyk haýran galdy. Sen ýykylanam bolsaň ýeňdiň. Ynjydanym üçin bagyşla, ýör, ýurda gideli. Bu ýagşylygyň üçin bolsa sylagyňy şol ýerde ýetirerin...

Nökerleriň ugratmagynda ýüzüni Horezme tutan iki sany atly ümmüldeşip, daglardan düşüp gelýärdi.

## TOTY GUŞ

Toty guş haýsydyr bir kitapdan okaýana meňzäp hekaýat aýdýar. Hatda käbir hekaýatlar onuň özüniň aýdýanyna meňzeş hem däl. Rowaýaty aslynda kimdir biri gürrüň berýän ýaly duýulýar. Ýöne oglanjygyň göz öňünde bosla örän gyzykly-gyzykly rowaýatlary gaty kän bilýän Toty guş janlanýar.

Ynha, Toty guş Tüni derýa hakyndaky rowaýat aýdýar. Oglanjyk üçin parhy ýok. Gyzykly rowaýat bolsa bolany. Diňlemäge ýaltanmaýar.

## TÜNI DERÝA

Içinde defoliant ysy küküp duran «An-2» samolýoty gerekli belentligini ýygnan soň, ýüregiňi bokurdagyňa getirip, çaýkamasyny bes etdi. Aşakda tolkun şekilli çäge alaňlary, tekizlikler aýyl-saýyl saýgardýar. Aşak garap oturyşyma egrem-bugram sapajyk ýaly günbatara uzaýan zolajyga gözüm düşdi. Tüni derýa...

Asyrlaryň geçmegine garamazdan, onuň akym ugrundaky atyz-çilleriň, obalaryň sudury üýtgemän galypdyr. Demirgazyk gündogardan süýşüp gelýän ekara-ýaşyl zolak onuň akym ugruna ýakyn gelipdir.

Tüni derýa. Şasenemiň Garybyny sorap zarynlan kenarynda durup, boş hana garaýarsyň. Jeýhunyň bir şahasy bolan bu derýanyň göçgünlilik bilen akandygyna onuň ýylanyň yzy ýaly egrem-bugram hanasy şaýtlyk edýär. Indi bosla sowulan döwran ýaly boşan hana hoňkaryp dur.
Bir ýerlerden zaryn saz eşidilýär. «Tüni derýa» atlandyrylan bu gamgyn saz Şasenemiň ýürek owazy bolman, bir mahalky kül edilen etrabyň nalasy bolup ýaňlanýar. Dogurdanam bu ýerler bir mahal ýaşyl diýar diýilýäni bolupdyr. Hywadan jaýyň üçeginden ýöräp ugran ýylan ýere düşmän, sarygamyşyň eteginde ýerleşýän Wezir şäherine ýetip bilýän ekeni. Ýogsam näme, Tüni derýanyň akym ugry türkmenleriň ata Watany bolupdyr ahyry.

Saz ýaňlanýar. Zaryn owaz onki süňňüňi söküp barýar. Ondaky zaryn owazy edil häzir duýan ýaly bolýarsyň. Asyrlaryň aňyrsyndan ýaşyl diýary çöl eden sahnalar janlanýar.

...Hywa hany emeldarlary, ýumşa iberilen ýasawullary ýeke-ýeke kabul edýär. Üstýurtdaky türkmen obalaryna salgyt ýygnamaga iberilen iki ýasawul gorka-gorka arzhana girdi. Han sanap oturan altyn tesbisini tagtyň gaşyna ildirdi, olara soragly garady.
-Han aga ... Şol başbozar türkmenler...
-Hä, ýene salgytlaryny bermedilermi?
-Olar bererli däl, han aga. Goşun çekäýmeseň, kyrk-elli atlyňa eýgerderli däl. Öňki alanlaryňyz besdir diýip, zabun garşylyk görkezdiler. Köp ýerde çaknyşdygam. Atlylardan ölenem bar. Zordan gaçyp gutuldyk, han aga.
-Hm...

Han başga zat diýmedi. Gazaply gözlerini bir alartdy-da işige elini salgady. Iki ýasuwlyň ikisem ýeňsesinden itilen ýaly çykyp gitdiler.

Han böwrüni diňledi. Şu başbozar türkmenleri nätse bolar. Han bu zatlar hakynda öňem kän kelle döwüpdi. «Hanlykda erkana ýaýnap, ýerimi ekende ekýärler, suwumy içende içýärler. Salgyt tölemeli bolsa...»

Nähili göz görkezmeli?! Han turup gezmeledi. Gan dökmelimi? Olar ata çykyp, gylyç oýnatmaga her pursat taýýar. Gelegurt ýaly bir zat.
-Olaryňmy?! Olaryň içinden urmaly!

Han pikirini daşyna çykaranyny duýman galdy. Ýöne nädip? Uzakdaky deňiz ýakasyndaky türkmenler orlsar bilen gatnaşyk edýämiş. Olaryňka orslaryň gämileri zol-zol gelýämiş. Bu habar hanyň gulagyna ýygy-ýygydan gelip ýetýärdi. Dini başga orslar bilen aralyga serhet çekiläýse, han üçin ters däldi.

Han birden edil biriniň üstüne gygyrýan ýaly arlady, gamçysy bilen ädiginiň gonjuna patdyldatdy:
-Men olara göz görkezerin! Demligini daraldaryn! Bogaryn!..
Han öz tapan çykalgasyna monça boldy. Başbozar türkmenleriň gözgyny halda elewreýşini göz öňüne getirip, keýp etdi. Han Tüni derýanyň sakasyna bent basmak hakynda perman berdi.
Tüni derýa köki kesilen agaç ýaly gurap galdy. Ýaşyl baglar, çemenzar sähralar öz dirilik nyşanyny ýitirip başlady. Türkmenleriň köpüsi suwarymly ýer gözläp, Amyderýanyň günorta akymlaryna, Kesearkaja çekildi. Üstýurt ýaýlasynda ykmanda ýel uwlap galdy...
Asyrlar heňňamlaryň üstünden öz köne tigrini birsydyrgyn tigirleýär. Sowulan döwranlaryň hem ýene dolanmasy bar. Uzaklardan Düýeboýn kanaly ýetip gelýär. Türkmenler «Ozal akan ýerden akarmyş aryk» diýýärler.

## TOTY GUŞ

Toty guş köne endigine eýerip, oglanjykda gyzyklanma oýarjak bolýar, iki setir goşgyny zol gaýtalaýar:
-Arzygül çykdy üçege,
Kyrk ýigit düşdi pyçaga.
Oglanjyk durup bilmedi:
-Toty guş, o näme diýdigiň?
-Eşidesiň gelýärmi oglanjyk? Zorluk hem namysyna wepalylyk hakynda rowaýat? Aýdyp bereýinmi,ä ?
Oglanjyk baş atdy.

## ARZYGÜL

Arzygül ot ýaly ýedi ýigidiň arasynda ýetişdi. Agalary ýalňyz uýalaryny apalap saklaýardylar. Ýetişip barýan Arzygülüň owadanlygy obadan-oba aşdy. Barybam goňşy nanlaryň biriniň gulagyna ýetdi.
Horjunlary tylladan doldurylan kyrk sany sawçy gün dogar-dogmazda käliň gyrasyny etekläp oturan çarwa obasynyň çetinden girdiler. Ilki duşan adamdan sorap gerekli öýüň salgyny aldylar.
Ýedi ýigit awa gitjek bolup durdy. Emma atly-ýaragly kyrk adamyň «Myhmandyrys» diýip, aýratyn olaryň gapysynda dökülmegi ýigitleri ýoldan saklady. Myhmanlara hyzmat etmek aladasyna girişdiler.

Çaý-nahardan soň kyrklaryň öňüne düşüp gelen, ýüzi hyýrsyz, bürünç ýhabaryny bermäge durdy:
-Ýigitler biedepligimiz üçin bagyşlaň. Biz howlugýas. Şonuň üçin hem diňleseňiz habarymyzy bermek bilen boljak-diýdi.
Ýedi ýigidiň agasy edep saklap:
-Olar ýaly bolsa aýdyň oturyň-diýdi.
-Aýtsak, biz pylan hanyň adamlary. Haýyr işe sebäp bolmak üçin ýola çykan adamlar. Sizde bir gowy maşgala bar ekeni. Hanymyz biz bilen garyndaşlyk açsalar, agyzlarynyň aýdanyny berip gaýdyň diýdi-Ýigitleriň ýüzüniň agyp-dönüp barýanyny aňan sawçylarbaşy gürrüňiniň soňuny ýumşatdy-Biz bir ýumuş oglany. Hoş diýseňiz horjun-horjun tylla. Ýok diýseňiz, hana iberjek jogabyňyzy äkitmekçi.
Arly-namysly ýedileriň agasy murtuna ýapyşan agarany eliniň tersi bilen süpürdi. Myhman hatyrasyny saklap, salyhatlydan gysgajyk jogap gaýtardy:
-Baryp hanyňyza aýdyň, hana berer ýaly gyz bizde ýok.
Kesgitli sorag-jogapdan soňra myhmanlar turmak bilen boldular.
Ýedi ýigit hem  ýarag esbabyny şaýlap awa çykdy.

Sawçylaryň öňüne düşüp gelýän adam içini hümledýär. «Sähraýy çarwa diýjeksiň, nähili namysjaň halk. Öz uýalaryny beýik hana-da rowa görenok». Ol birden öz bolup barşynyň telekdigi hakynda oýlandy. Han onuň horjunyny tylaldan dolduryp goýberdi. Ol bolsa iki elini burnuna sokup, yzyna gaýdyp barýar.

«Sawçylar» bir menzil geçip düşlediler. Öz aralarynda maslahat etdiler.
-Beýle barsak, hanyň ýumşuny bitirp bilmedikden bolýas. Ýedi sany men diýen pyýada agramyna gyzyl çekeniň bilenem berjek däller-diýip, «sawçylarbaşy» oturanlara ýüzlendi.
-Biz ol oba, hut Arzygülleriň öýüne myhman bolduk. Bizden hiç kim erbet zat oýlamaz. Bäş-alty sany ýyndam atlyny ibereli,.. Agalary bolsa awa çykdylar.Belli bir maslahata gelindi.
Arzygül düýe sagmaga daşary çykypdy. Arwana keýp bilen sagdyryp durdy. Süýdüň jozzuldysy bilen ýakynlaşyp gelýän atlylary birbada aňmady. Ýigitleriň biri gamçysyny ýere oklap goýberdi. «Dur-a haramy» diýip, atyna käýinen wagty Arzygül tisginip gitdi, bärisine öwrüldi. Ýedi doganyndan arkaýyn gyz hiç ady göwnüne getirmän, olara soragly bakdy.

Şol barmana ýigitleri biri:

-Gamçymy ýadymdan çykarypdyryn. Äberip goýberip bilmezmiň-diýdi. Eli süýt kädili gyz ýüzüni kese tutup, ýaňy ýere oklanan gamçyny oňa uzatdy. Çalasyn ýigit gamçyly goşardan garbap tutdy, bir dartdan gyzy atyň öňüne kese basdy. Gyzyň «Waý, ýetiň!» diýen çirkin sesini ilki eşiden Alabaý diýen mähnet köpek boldy. Ol esli ýere barýança olar bilen dalaşyp gitdi, ahyry elinden zat gelmän, çyňsap yzyna dolandy.
Çalasyn atlylar hiç kim nämäniň nämedigini aňmanka obadan garasyny saýlamak bilen boldular. Kowgudan saýlanandyklaryna gözleri ýetensoň bolsa atlaryny maýdalyna sürüp gitdiler. Barmaly ýerlerine bir günlük ýol galanda  agşamlyk düşlediler. Sähra maralyny alty ganat ak öýe salyp, gulp urdular, öýüň daşynda garawul goýdular.

Arzygül oýlanýar. Ýedi agasy, obasy göz öňüne gelýär. Agalarynyň uly namysyň astynda galyp, içlerine  urjagyny hyýalynda aýlaýar. Häzir ol dört tärimiň arasynda. Han galasyna çenli ýene bir günlük menziliň bardygynam bilýär. Han üçin alnyp barlansoň, özüne hiç kimiň el batyryp bilmejeginden hem habarly.
Neden onuň ýadyna agalarynyň bir gezek «Gyzyl ýüzli ýigidiň gyz dogany bolmasyn» diýeni ýadyna düşdi. Hawa, ony Arslan baý sawçy iberende, ortanjy agasy aýdypdy.
Gyzyň birden damagy doldy. Gyz bolup dünýä inenine ökündi. Dyzyny gujaklap aglady. «Dogulmasam bolmaýamy? Siziň ýüzüňizi ýere saldym. Namys astynda goýdum...».

Ol esli aglady. Ýüregi gowzansoň bolsa aýgytly netijä geldi. «Size ölümimi çekdirerin, namysymy çekdirmerin. Ölümimi çekmek namysymy çekmekden her niçigem bolsa aňsat düşer. Arkaýyn bolaýyň. Men sebäpli ýüzüňiz gyzarmasyn. Hoş mähribanlarym...».
Ertesi işigi açanlarynda Arzygül öýüň çagarak bagyndan sallanyp, hallan atyp durdy.

Şol demde atly-ýaragly ýediler dostlary bilen ýetip gelýärler. Gyz ogrularynyň kyrkysyny hem paýhynlapdyrlar. Ölse-de, özlerini namysa goýmadyk uýalaryny hormat bilen jaýlapdyrlar.
Arzygül çykdy üçege,
Kyrk ýigit düşdi pyçaga-diýen gürrüň şondan soňra galypdyr.

## TOTY GUŞ

-Bir mahal sen ýaly üç oglan bolupdyr. Her haýsy bir ýerden ekeni...
Toty guş sözüne dyngy berip dymdy. Oglanjygyň gözleri ýyldyrady:
-hä, onsoň, Aýdyber. Gyzykly rowaýat bolsa gerek.

-Rowaýat has soňky döwre degişli. Diňle okap bereýin-diýdi-de, «Köneürgenç rowaýatlary» atly kitaby açdy. Çalt-çalt sahaplady-da, gözleýän ýerini tapdy. Soň okap başlady...

## KIM BOLUP ÝETIŞERKÄ?

-Oglanrak wagtym eşidipdim. Üçünjisiniň ady ýadyma düşenok. Öz-ä atly-abraýly adam bolup geçipdir. Bärki ikisini-ä bilýän weli...
Oglanjyk ünsüni jemläp, gulaklaryny gerýär. Goja gürrüňe başlaýar.
...Eýran hanlarynyň biri nähilidir bir gyzykly pişe bilen güýmenmekçi boldy. Hemme zat ony irizipdi. Ol nämedir özüni gyzyklandyryp biljek zady küýseýärdi. Hanyň kämahal gürrüňçi adamlary diňlemek ýa-da başga bir gyzyklyrak zada güýmenmek häsiýeti bardy. Han wezirini çagyrdy. Wezir gelip girdi.
-näme täzelik bar?
Hanyň ümüne düşüş wezir ellerini owkalady.
-Ýene öňki ýaly sadranç oýnatsak nädýär? Ýeňilene hem yza içirsek aýal geýmini geýdirip...
-Ýok, -Han elini salgap goýberdi –Beçebazlyga tomaşa edesim gelenok. Akyllyrak bir zat tap.
Wezir az wagtlyk idin sorap çykyp gitdi. Tizdenem dolanyp geldi.
-Han aga, Keýmir köri bilýänsiňiz?
-Eýranda, Türkmende ony bilmeýän barmy?
-Ana şol ýaş çagalaryň geljekde nähili adam boljakdygyny aýdyp bilýän ekeni.
-Näme Keýmir kör barmy?
-Ýok, ýöne Hywa giden biziň oglanlar türkmenlerden üç sany ýaş çagany ogurlap gelipdirler.
-Onsoň?
-Onsoň bizem kethudalarymyzyň biriniň pähimini barlap göräýsek diýýän.
Bu teklip hanyň göwnüne ýarady. Gözleri gyzyklanmak bilen ýyldyrady. Weziriň ýüzüne mylaýym nazar bilen garady.
Baş egip çykyp giden wezir eýýäm işe girişipdi. Obalaryň birinden köpüň sala salýan, maslahat alýan ýaşulusy getirilipdi. Her haýsy türkmen sährasynyňy bir ýerinden ogurlanyp gelnen çagajyklar bolsa saraýlaryň birinde çugutdyryp otyrdy.
Ýaşulyny hanyň gaşyna alyp geldiler. Han onuň salamyny göwünsiz aldy. Tutuksy gürledi:

-Il-güne maslahat berýärmiň?
-Soralanda bar zadyndan bermezlik musulman ymmatyna gelşenok, han aga. Onsoň bizem..
-Şu ýere näme üçin çagyrylanyňy bilýäňmi?
-Hanlaryň ýanynda bendesi hemişe-de ýazyklydyr, han aga. Günämiz bolsa geçiň.
-Tüket! Gara şaýa geçmejek samahullamalaryňy garamaýak halka eltip dök. Bize seniň akylly gürrüňleriň gerek. Häzir üç sany türkmeniň çagasyny getirerler. Ulalanda olaryň nähili adam boljakdygyny aýdyň berersiň. Bu hakda ýazgy edip galdyrarys. Aýdanyň dogry gelmese, seniň bütin nesliňe nälet bolar. Düşnüklimi?
-Tagsyr, synanyşyp gör diýseň göreli. Ýöne taýyň nähili at boljagy seýisine-de baglydyr.
Oňa çenli üç oglanjygy hem han köşgüne getirdiler. Goja olary ýeke-ýeke içgin synlady. Oglanjyklaryň biri han köşgündäki dürli bezegleri, nagyşlary gözigidijilik bilen synlaýardy. Bir o zada, bir bu zada seredýärdi. Ýaşuly oňa garap:
-Megerem, iki tarapy hem elden bermeýän, mekir adam bolup ýetişseň gerek-diýdi.
Kätipler onuň aýdanyny, oglanjygyň adyny, tiresini derrew ýazga geçirdiler.

Ikinji oglanyň gözlerinde gorky bardy. Taýakdan gorkusyna gabyrdap topulmaga çekinip duran güjügi ýada salýardy. Şonuň bilen birlikde töweregindäkilere «Bu edeniňizi oňaýyna gelende ýerine salaryn» diýen nazar bilen garaýardy.
Goja oňa garap:
-Ulalsa, Eýrana ot ýakdyrmajagyň biri şu bolsa gerek-diýdi.
Muny hem bellediler. Üçünji oglan gamgyndy. Hanyň dabaraly köşgi hem onuň ünsüni onçakly çekmeýärdi. Artykmaç gorky-ürküsi hem ýokdy. Şeýle bir manyly nazary bardy welin edil uly adamy ýada salýardy.
-Adamyň güli şu bolar-diýip ýaşuly aýtdy. –Il-günüň täsibini çekýän, akylly-parasatly adam bolup ýetişäýedi-dä.
Oglanjyklaryň kimlerdigi anyklanylyp, öz obalaryna getirilip goýberilipdir. «Iki aýakly iki günde» diýleni. Olar ers-mers bolup ýetişýärler.
-Ýaşulynyň aýdany gelipdir. Birinji oglanjyk Şyhym Sülgün ekeni, ikinji oglanjyk bolsa Eziz han. Şyhym Sülgün ugurtapyjy adam bolansoň, ony Jüneýit han diplomatik işde ulanypdyr. Tejene gan çaýkan Eziz hany

hem bilmeýän ýok. Üçünji oglanjyk hem ýaşulynyň aýdyşy ýaly adam bolup ýetişipdir. Ýöne kimligini hiç hakydama getirip bilemok-da... Halk pähimi uly akabany ýada salýar. Dürli şahsyýetleriň obrazlary şol akabada külal palçygy ýaly yzygiderli eýlenýär.

## TOTY GUŞ

Toty guş ganatlaryny giň ýaýdy. Oglanjyk ony uçup gitjekdir öýtdi. Emma ol uçmady. Ganatlaryny pat-pat urdy-da:
-Hywa hanlary hankynda-da birini aýdyp bereýin. Soň sen ýatyp dynjyňy al. Yzyny ertir dowam ederi-diýdi.
Toty guş ganatlaryny giň ýaýdy. Oglanjyk ony uçup gitdi diýip oglanjyk oýlaýar. Gözüni gyrpmazlyga çalyşýar. Şeýtse «hä munuň entek ukusy tutmandyr» diýip, ýene birine başlaberer öýdýär. Emma Toty guş hakyna jür. Häzirlikçe goýaly diýdimi, goýar. Şu rowaýaty diňlemeli-de ýatmaly.
Toty guşuň kä pessaýlaýan, kä belende galýan sesi eşidilýär.

## KIM NÄHILI HAN?

«Halk bir gözli çeşme» diýilýär. Onuň döretmeýän zady barmy? Goja gürrüň berýär. Rowaýatlar zynjyr halkasy ýaly düzülýär. Bu gezeki rowaýat Hywa hanlarynyň ýöreden syýasaty hakynda. Özem has soňky döwürlere degişli.

...Uzak gyrdan gaýdan düýeli gazak ýaşulynyň ugry Hywa galasyna tarapdy. Düýeli gazak köpleriň gözüne ilipdir. Ol «Hanyň ýanyna barýan. Hana arzym bar» diýip, öňünden çykana şol bir sözi yzygiderli aýdýan ekeni. Bu hakda hana hem habar ýetiripdirler. Han oňa el degirmezlik, ädimini yzarlamak barada perman beripdir.
Ol düýesi bilen göni şähere girdi. Şähere girensoň bolsa ol düýesini han köşgüne tarap sürdi. Mädreýim han ony uzakdan synlap durdy. Düýeli gazak hem:
-Han aga, men düýş gördüm! Han aga, men düýş gördüm!-diýip, şol bir sözi zol gygyryp, gaýtalap gelýärdi.
Ýasawullar ony saklajak boldular, köşge düýeli girilmeýändigini düşündirmek islediler. Emma ýaşuly gazak gulak asmady. Özüniň diňe hanyň ýanyna gelýändigini gaýtalady durdy. Han «Goýberiň!» diýen terzde yşarat etdi.
Hanyň ýanyna gelen ýaşuly düýäniň üstünde oturan ýerinde:

-Han agam, arzym br-diýdi.
-Aýdyp oturyň.
-Aýtsam, han aga, düýş gördüm. Düýşümde dumly-duşuna agyz urup, alyp-ýolup barýan gurt gördüm.
-Onsoň?
-Onsoň bir tilki gördüm.
-Onsoň...
-Onsoň bir kän, bir kä-än gülki gördüm.
Han «Düşnükli» diýdi. Soň tomsuň yssysyna garamazdan, galyň içmek geýşini, düýeli kööşge girişini geňledi.
Sorag berdi:
-Näme üçin düýeli geldiň?
-Tagtymdan düşesim gelmedi.
-Näme üçin tomusda içmek geýýäň?
-Ýazgydy öňünden duýanym üçin.
-Ugur nirä?
-Haýyr gazanmaga.
Han «serpaý getiriň» diýýär. Düýeli ýaşula serpaý ýapyp, hormatlap ugradýar.

Hanyň ýakynlary nämäniň nämedigine düşünmän galypdyrlar. Sebäbini soranlarynda han muny şeýle düşündiripdir:
-Ol raýatdaky iň akylly adam. Gönüläp aýtmaga het edilip bilinmejek zady aýdyp gitdi. Onuň gurt diýýäni biz bolmaly. Dumly-duşa çapawulçylyjk edip ýörşümizi gurda meňzetdi. Bizden soňraky tagta geçjek adam tilkilik bilen öz tagtyny saklar. «Tilki gördüm» diýýäni şudyr. Ondan soňraky tagta çykjak adam ile gülki bolup tagtdan düşer. «Kän gülki» diýýäniniň ýorgudy şeýledir.
-Tagsyr, düýesinden düşmän gelmeginde näme many barka?-diýip, Mädreýim hanyň ýakyn maslahatçysy sorapdyr.
-Hanlaryň hemmesi her edip, hesip edip, tagtdan düşmejek bolýandyr. Ol şuny aýtdy. Tomusda içmek geýmeginiň sebäbem ertir belli bolar...
Ertesi onuň giden ugrunda birden howa sowap, ýazyň günüdigine garamazdan, hasrat gopupdyr. Bu ýagypdyr. Diňe şondan soňra adamlar onuň paýhasyna haýran galypdyrlar.

Şol dana gojanyň aýdanyny soňra taryh hem subut edipdir. Gurt ýaly syýasat ýöreden Mädreýim handan soňra tagta gelen Seýit Isfendiýar Bahadur han tilkilik bilen ýurdy dolandyrypdyr. Seýit Adylla Töräniň bolsa diňe ady han bolup, ähli zady Jüneýit han dolandyrypdyr. Ol ile gülki bolupdyr.

Halkyň düýbünde hakykat ýatan rowaýatlary düýnüň, şu günüň wakalaryny özüniň çeperçilik eleginde hemişe eleýär.

## TOTY GUŞ

-Oglanjyk, saňa Harmanjygy görkezdim dälmi?
-Hawa, oňa Çäşdepe diýilýär gerek...
-Bolýa, bolýa. Şol gyrdan düşmän gidiberseň, gidiberseň, öňüňden Guba burun diýilýän ýer çykýar.
-Onsoň?
-Onsoň şol ýerde bir çeşme bardyr...
-Hawa, ertekimi bi?
Toty guş oglanjygyň bisabyrlygyna azajyk gatyrgandy:
-Sabyrlyrak bolarlar. Ol çeşmä Guba çeşme diýýärler...
Oglanjyk akyllyja bolup sesini çykarman otyr. Toty guş dowam etdi:
-Indi bolsa şol Guba çeşme baradaky rowaýaty diňlärsiň...

## GUBA ÇEŞME

Owaldan-ahyra dürli gözli çeşmä daş atylmandyr ýöne adam azsa nämeler edilmeýär?! Bu uly mukaddeslige kast edenlerem geçmişi unudanok.

Guba çeşme... Guba burunda ýerleşenligi üçin oňa şeýle diýýärler. Gyrda häsiýetli bolmadyk bir zat-bir bölek gamyş uzakdan gözüňe basylyp dur. Ol Guba çeşmäniň gözbaşyndan nem syzyp, gök öwsüp otyr. Läbik arasyndan syzýan turşumtyk, duzly suwdan guş-gumursy, towşan-keýik çölüni gandyryp gidýär. Guba çeşme gözýaş ýaly syzylýar. Onuň gözbaşynyň nirededigi belli däl.

Diňliburundan gyra çykyp seretseň Akderýanyň-gadymy Tüni derýadan gaýdan ýaplaryň biri bolsa gerek-köne akym ugry gadymy kerwen ýollary ýaly egrem-bugram ak zolak bolup, gözýetime uzap gidýär. Ondan bäri bolsa, gyryň etegi bilen öwrüm edip, häzirki Aýböwür kölüne guýýar. Gadymy akym ugrundan häzir zeý kanaly akýar. Akderýanyň suwunyň kesilen wagtam bu ýerlerde ýaşaýyş, ekinçilik bolupdyr diýýärler. Ynanmasaň rowaýata gulak asyp gör...
Birmahallar onuň şildiräp akýan süýji suwy bar ekeni. Egrem-bugram ýol ýasap, ýüz ugra teşnelere nem berip, Akderýanyň hanasyna birigýän ekeni. Bu giň ýeriň ýüzünde oňuşmadyk adamlar oňa kast etmedik bolandamy...

Aýakdaky türkmenler Hywada oturan hanyň böwründe köne dert bolup häli-şindi gozgaýar. Alarman, çaparman belalar, hana boýun synmak islänoklar. Her gezek salgyt ýygnamaly bolanda görgi baryny görkezýärler. Bu gezegem ýasawulbaşy şolar sebäpli hanyň keýpini bozdy:
-Han aga, Akderýanyň ugrundaky türkmenler salgyt tölemekden boýun towlaýarlar. Özlerem gowulyk bilen bererli däl.
-Näme bahana tapýarlar?
-Han geçen ýylam gaza çekjek däl diýip, hem gazy gazdyrdy, hem gazy salgyt saldy. Bu ýylam gazysyny gazdyk. Gazy salgydyny tölejek däl diýýärler.
-Olary gaty tiz mugyra getiris.
Hanyň bu sözi ýasawulbaşyda howsalaly umyt döretdi. Ol şol ýyrtyjy türkmenler bilen ýene gylyç syryşmaly bolar diýip öler ýaly gorkýardy. Bu bir görseň sähraýy, bir görseň ganygyzgyn halk bilen gylyç syryp gepleşmek gowulyga eltjek däldi. Ol bu hakda hana gönüläp aýtmakdan çekindi. Han sözüni dowam etdirdi. Özem düýbünden başga köçeden gopdy:
-Olary suwdan keseris. Özleri salgytlaryny elleri bilen getirip bererler. Salgyt tölänlere bolsa böwet açylýança bir gulak suw artyk gider.
Ýasawulbaşy alasarmyk ýagdaýda galyp, hanyň agzyna seretdi. Han görkezme bermäge durdy:
-Akderýanyň sakasyny gömsünler. Bir damja hem suw gitmesin. Özünem ähli ýasawulyň bilen sakany gora. Olar diňe öz ilinde uruşmaga batyrdyrlar. Onsoňam aňsat-aňsat başy birigýän halk däldir. Şu hem seniň peýdaňa bor. Menden habar barynça saka açylmasyn...

Akderýanyň asyrlap akan hanasy günüň içinde gurap galdy. Jüňňüllerde üýşüp galan balyklar öri darlygyndan heläk boldular. Guran hana bolsa jokrama günüň astynda darka-darka ýaryldy.
Han oýlanýar. Türkmenler on-on bäş günden köp çydam edip bilmezler. Tizara sakgaly döşüni ýapyp duran gaba telpek türkmenler atly işanlaryň birini öňüne salyp gelseler gerek. Bu olara has gymmat düşer. Göreris bakaly...

Gadymy ýurtda durmuş öz akymy bilen dowam edýär. Güzeran ýüzi güne gaýzygan daýhanyň jykyry ýaly haýallyk bilen şol aýlanyp dur, aýlanyp dur. Namysjaň halk boýun etmezligi ýüregine düwdi. Olar hanyň salgydynam tölemezler, suwunam içmezler. Ine, saňa gerek bosla! Guba çeşmäniň suwy gün-günden köpelýär. Göýä solup barýan

bagy-bossanara dözmeýän ýaly. Diňe bir mal-gara däl, ekin-dikine-de ölmez-ödi ýetip barýar.

Han garaşýar. Türkmenler welin kellesini etegine salyp, onuň huzuryna geläýenoklar. Han jansyzlaryň birini çagyrdy. Aýakdaky türkmenleriň nähili güzeran görýändiklerini bilip gelmegi sargady. Derwüş jindesini geýip, boýnundan betbagt kädisini asan jansyz türkmen obalaryna tarap gitdi. Gelibem Guba burundaky geň çeşme barada hana habar berdi.

Han oýunda utulan oýunçy ýaly böwrüni diňläp otyr. Türkmenlere göz görkezmek baradaky nejis pikir bir pursat hem ynjalyk berenok. Ol ýakynlaryny çagyrdy. Guba çeşmäni ýok etmegiň maslahatyny etdiler. Biri çeşmäniň gözbaşyny hapalamaly, şonda çeşme öz-özi gurar diýdi. Ýene bir çeşmäniň gözbaşyna gurşun eredip guýmagy maslahat berdi. Başga biri gözbaşa keçä oralan tut agajyny kakmagy dogry tapdy. Garaz, her kim bir zat aýtdy.

Etekdäki obada hiç kim gyr üstündäki gözbaşa kast ediler diýip göwnüne hem getirmeýär. Sebäbi duşmana kast edilse-de, owaldan-ahyra gözbaşa kast edilmändir. Ýöne bir gün ir bilen turan adamlara bir zat kemelen ýaly duýuldy. Nämekä? Asyl çeşmäniň sesi eşidilmeýän bolsa nätjek! Han atlylary bir gijede çeşmänňi gözbaşyny haraplap gidipdirler. Olaryň näme emel edeni belli däl. Ýöne hemişeki hyjuwy içine sygman çogup duran çeşme diňe dymyljap ýatyrdy...

Barybir türkmenler boýun egmändir. Dumly-duşa göçüpdirler. Kimler bolsa guýy gazyp çarwalyk etmäge başlapdyr. Tizara Tüni derýany hem hanasyndan sowupdyrlar. Bütin etrap gamgyn çölüstana öwrülip galypdyr.

Guba çeşme... Ol bu beýik hasrata dözüp bilmändir. Şor gözýaşa gark bolupdyr. Häzir onuň birhili, şorumtyk suwy bar. Ýöne şeýle-de bolsa syzylyp çykýan az mukdardaky mineral suwy ähli janly-jandar höwes bilen içýär. Guba çeşmäniň suwundan içen malyň, adamyň sagdyn bolýandygyny çopanlar aňypdyrlar. Emma bir zamanlar unudylan  bu çeşme hakynda oýlanmak şu günüň işi başyndan agdyk adamlarynyň ýadyna düşenok. Guba çeşme, häzir şonuň üçin gözýaş döýkýändir.

## TOTY GUŞ

Toty guş oglanjygyň gaşyna emaý bilen gondy. Gürrüňe başlamaga bahana agtaryp oturman, sorag berdi:

-Eý, oglanjyk, sen Jüneýit han barada eşitdiňmi?
-O kinodaky Jüneýit hanmy?
-Hawa, ony seniň babaňam gören bolmaly?
-Sen şo barada rowaýat aýtjakmy?
-Hawa.
-Ony babam gören bolsa nähili? Rowaýatlar gadymy döwürlerde bolup geçmeýärmi näme?
-Ýok, ynsan balasy, ýok. Her zamanyň öz rowaýatlary bolýar. Diňle, ynha, iň soňky ýaýran rowaýatlardan...

## HANBAÝTAL

Gulagyna azan aýdylyp dakylan ady Gurbanmämmet bolsa-da, taryhda görnükli yz galdyran bu adam daş-ýakynda Jüneýit han, ýagny jüneýitleriň hany ady bilen tanaldy. Gaty inçe diplomat, ýiti syýasatçy, gözsüz batyr bolan bu adam barada her hili çyna berimsiz gürrüňler aýdylýar. Elbetde, olaryň baryny hakykat diýip bolmaz. Ýöne gowy bolsun, erbet bolsun, halk hakydasy olary yzygiderli timarlaýar.
Ýogsamam ýanynda janyňdan doýmadyk bolsaň aýdylmaýan, diňe ýeňsesinden tutulýan beýleki bir adynyň Hanbaýtal bolandygyndan köp adam habarlydyr. Oňa bu adyň galyşy barada dürli gürrüň aýdylýar. Bir güýçli işana bir baýtal berip pata alanmyş, Han Işana bir baýtal berip, sopy bolanmyş. Hanbaýtal ady şondan galanmyş diýen ýaly myşly gürrüňler köp. Hakykata has ýakynrak ýaly görünýän aşakdaky rowaýat hem bar.

Jüneýit hanyň ýedi janynyň biri ogry bilen ahlak taýdan azgyn admalar bolupdyr. Ol şolara hiç hili rehim etmezden Nepes peşşaba tabşyrýan ekeni. Adamsyndan aýrylmakçy bolýan naçar maşgalalar dogrusynda dagy ol jezalaryň iň gazaplysyndan gazaplysyny ulanypdyr.
Bir gün Jüneýit hanyň huzurynda bir betgabgt gelin peýda bolýar. Bosagadan ätlän, hanyň jübüt duran köwşüniň birini ters düňderip goýýar. Egilip salam berýär, ýaşmak astyndan pyşyrdap, arzyny aýdýar.
-Han kaka, adamymyň bary-ýogy deň. Şondan meni aýryň. Hanyň gözleri gazap bilen agdaryldy. Edaly gelne adamçy öküziň nazary bilen seretdi. Sesine basalyk berip gepledi:
-Talagyňy soraýarmyň? Ganjyk esrese şeýle bolýar. Zyýany ýok, saňa taňry talagyny beräýeris.
Han sähel sägini hyzmatkäri çagyrdy:

-Bar, muny Nepes peşşaba eltip tabşyr. Tiz itden çykarsyn. Äriniň talagy gerekmiş oňa.
Hyzmatkär ýasawul gelniň ýeňsesinden südürläp alyp gitdi.
Şol wagt hanyň ýanyna hanyň gaýynatasy Atabaý gyrymsa ýetip gelýärdi. Ol hanyň öýünden ýeňsesinden südülenip, alnyp gidilen gelni görüp galdy.
Tabaý gyrymsa hayň ýanyna girdi. Köwşüni çykarjak wagty hanyň bir taýy düňderilip goýlan köwşüne gözi düşdi. Jüneýit hana sorag berdi:
-Bu köwşi aýňky gelin düňderip gitdimi?
-hawa.
-Näme arzy bar ekeni?
-Ärinden aýryljakmyş.
-Onsoň näme diýdiň?
-Azan heleýe näme diýmeli. Nepes peşşaba ugratdym.
-Näme üçin aýrylyşjak bolýanyny soramadyňmy?
-Ýok.
-Häý han, baýtallan ekeniň-ow. Uly iliň hany bolup oturyp, akylyň bir jüýje horazyňkyça-da ýok ekeni. O naçar saňa sebäbini giren bada aýdan ekeni. Bar aýt, ölmedik bolsa, syrtmagy boşatsynlar.
Emma gijä galypdyrlar. Nepes peşşabyň syrtmagyna boýny degen adam bada ölýän ekeni. Atabaý gyrymsa hana şol gelniň adamsyny getirtmegi buýrupdyr.
Hyzmatkärler şol demde gelniň adamsyny getirenmişler. Onuň erkeklik nyşanasy ýokmuş. Özem süpük neşekeş ekeni. Sorap görüp onuň aýala ýararlyk ýagdaýynyň ýoklugyny bilýärler. Atabaý gyrymsa hana garap, başky sözüni ýene gaýtalapdyr:
-Baýtallapsyň han. Biçäre gelniň ene bolasy, çaga hüwdüläsi gelendir. Onuň bagtyna mert diýip aýagyna ýykylany hem (naçarlapdyr diýmegi has gödegräk gören borly) baýtallapdyr.
Han peýdasyz hem bolsa etmişine ökünipdir. Edaly gelniň edebinden hanlaryň hem nusga alaýmaly tarapynyň bardygyna göz ýetiripdir. Şol pursatdan özüne Hanbaýtal adynyň galandygyny han aňanam däl bolmaly.

## TOTY GUŞ

Toty guş ýene-de geldi. Gelşine-de oglanjyga ýüzlendi:
-harmanjyk ýadyňa düşýärmi?
-hawa, hol gün görkezipdir.

-Göz öňüňe getirýärmiň?
-Onda diňle.
Birden gamgyn owaz töweregi gaplap alýar. Özem şeýle bir zaryn, şeýle bir zaryn, ýüregiňi elendirip barýar. Lowlap ýanýan oduň şuwwulda meňzeş sesem eşidilen ýaly bolýar. Kämähal bolsa Toty guşuň oglanjyga indi tanyş bolup galan sesem gulaga kakyp gidýär...

## GARADÄLINIŇ ÝANDYMY

Oňa käte «Garadäliniň ýandymy», köplenjem ýöne «Ýandm» diýäýýärler. Eýle-beýle bolsaň, erjeşer ýaly ýol däldir. Juda bir ussadyň güýçli bolaýmasa.

«Garadäliniň ýandymy» indi näçe wagtdyrr admalaryň ýüregini eläp, gözüne ýaş aýladýar. Sebäbi onda hakyky bagyr awusy ýüregiňi gyýyp barýar. Erbet bir daşbagyr bolaýmasaň, diňleseň, seni öz erkiňe goýmaz.

-«Ýandymyň» nirede dünýä inenini bilýäňmi? Çäşdepede. Şindiki Harmanjyk depä öňler  Çäşdepe diýýän ekenler. Obaň ýerleşişinden Harmanjyk günüň çäş wagtyna  dogry gelipdir.

Rowaýatlar näme diýýärkä? Onda bäriňe öwrül.

Aýböwür etraplarynda soňky iki ýüz ýyllykda ilkinji bolup ýurt tutan gökleňler bolupdyr. Muhammetrahym han sürüp gelen ýesirlerine Hywanyň aýagyndan ýer beripdir. Kyblada Gürgen bilen aralykda aýralyk ýaly, Nalajyň gyry keserip dur. Onuň üstündäki Harmanjykdepe (şol wagtky Çäşdepe) gaty alyslardan görünýär.

Burnuň gany ýaly goýy gyrmyzy ketenileri hem ilkinji bolup gökleň gelin-gyzlary dokap başlapdyrlar. Keteni adynyň gelip çykyşy bolsa, gökleňerdäki keteni urugynyň ady bilen baglanyşyklydyr. Keteni galasy hem bar. Ol doganlyk Garagalpagystanda bolup, gökleňleriň bir çak ýaşan ýeridir.

Ine, ahyry Gürgene göterilmäge mümkinçilik döreýär. Hywada han ölýär. Gökleňleriň köpüsi Gürgene sary ýola düşýär.

Kerwen günüň öýle ýerini nazarlap, süýşüp barýar. Kim düýeli, kim atly, eşek münenlerem bar. Bar ýüküni ulaga basyp, gapdalyndan pyýadalap barýanlar san-sajaksyz.

Görer göze görnüp duranam bolsa Nalajyň gyryna ýetilýänçä bir gün gerek boldy. Kerwen gyryň üstüne çykyp, Çäşdepede düşledi. Adamlar goş ýazdyrdylar.

Çagalar daşyndan seretseň harmanyň gyzylna meňzäp duran depeleriň üstüne dyrmaşyp oýnaýarlar. Olar öňdäki ýolda duşjak täsinlikler barada göwün ýüwürdýärdiler. Yzda bolsa... Edil eliň aýasynda ýaly bolup, belli bir wagt ömür sürlen, aglanan, gülünen, toý tutulan, horluk çekilen... ýurt ýatyrdy. Bu zatlary bolsa sähel uluraklar ýüregine salýandyr.

Garadäli gökleň ýerde ýaplanyp ýatyşyna hesretli gözleri bilen oýda galan ýurda seredýär. Bu ýurtda nämeler galmady?! Garadäliniň aýdymyna elenmedik oba barmyka?! Indem halypa gidip barýar. Halk, şägirtleri uly bagşyny gözýaş bilen ugradypdyrlar. Bir ýaşuly-a şeýle-de diýdi:

-Gökleň, aýdym-sazyňy bir goýup gideweri. Şägirtleriňe pata berensiň-dä hernä!

Ýok, onuň özünden ozdurjak şägirtleri Garadälini ýoklatmazlar. «Ine, bi Garadäliniň ýoly» diýip aýdarlar. Ussada öýkünip aýdym aýdarlar. Ýöne ... Gojalykdanmyka? Ýa-da soňy gelen, galan horluklar, Watan zary ýa-da düşýärmikä? Bagşynyň ýüregi bir zatlara atygsaýar.

Halypa gara gazmany gabyndan çykardy. Kirişlerini düzdi. Soňam şabram kakdy-da perdeleri yzarlap gitdi. Bu heniz görülmedik heňdi. Horluklarmy ýa öwrenişilen ýerden gitmäniň gynanjymy, ýitirilen dost-ýarlarmy ... garaz, Gara gökleň durşuna hesret bolup elenýärdi.

Garadäli gökleň dutary gapdalynda goýdy. Ugradyp gelýän şägirtleriniňi birini çagyrdy. Ýaňy dünýä inderen sazyny gaýtalap çaldy-da:

-Menden şunam alyp galyň-diýdi.

Kerwen ýene ýola düşdi. Garadäli gökleň kalbyny gyýmak bilen Aýböwüre gözlerini ýaşlap, ýene bir öwre seretdi. Soň gaýtalap garamazlyga çalşyp, kerweniň yzyna düşüp gitdi...Hawa, soňra hywaly şägirtleri Çäşdepede dünýä inen «Garadäliniň ýandymyny» aýdyma hem salypdyrlar. Indi bolsa «Ýandymy» hem bagşynyň özüçe aýdyşy bar. Ýöne mukamyň asyl durky welin üýtgemeýär. Ussadyň ýanyp dünýä inderen «Ýandymy» taraşa mätäç däl.

## TOTY GUŞ

Toty guş oglanjyga bir kitap görkezýär.

-Hany daşyny oka.

Oglanjyk hetjikläp okaýar:

-«Kö-ne-ür-genç ro-wa-ýat-la-ry».

Toty guş ony açýar-da, oglanjyga okap bermäge çemlenýär.

Ilki açan ýerindäki rowaýatyň sözbaşysyny okaýar:
-«Diýarbekiriň rowaýaty».

Yzyndanam üýtgeşik bir labyz bilen okap başlaýar. Tizara Toty guş hem, kitap oglanjygyň gözlerinden uçýar. Hyýaly şol alyslara gidýär. Birden ol garşysynda Toty guşuň gözlerini görýär. Ol okaýana meňzänok. Iki gözem oglanjyga garaýar. Rowaýaty bolsa aýdyp otyr...

## DIÝARBEKIRIŇ ROWAÝATY

Maşynyň kölegesinde çaý içmek üçin ýaňy goş ýazdyranymyz hem şoldy welin, duýdansyz çykan gargy tüýdügiň sesi on iki süňňümize ýaýrap gitdi. Munuň aýratyn sebäbi bardy. Biz Şasenem galasyny, gadymy Diýarbekiri görmäge gelipdik. Hol ilerki Duz gyryny etekläp, Tüni derýanyň gadymy hanasy uzalyp gidýär. Ondan  bäriligine yzynda adaja tozan galydyrp, ymgyr süri süýşüp gelýär. Çopan bolsa tanapy başyna goýberilen eşegiň üstünde iki aýagyny hem bir ýana sallap, ýanyn münüp gelşine gargy tüýdükde «Tüni derýa» zowladýardy.

Ol bizi gördi-de, bäriligine  gönüledi. Çopan halky hemişe myhman küýsegiç bolýar. Ol hem örän alçak, gürrüňçil ýaşuly ekeni. Ol çaý başynda  nazaryny käwagt bir ýazylyp otlap ýören agyr sürä aýlap goýberip oturyşyna öz aýdyşy ýaly, Garyp aşygyň ýollaryndan saz çalyp berdi. Sazam saz weli onuň Garyp aşyk hakyndaky rowaýaty hasam biziň ünsümizi çekdi. Onuň aýdýan wakalary hut biziň oturan ýerimiz bilen bagly bolany üçinem gyzyklydy.
-Men size «Şasenem-Garyp» dessanyny gaýtalamok, oglanlar-diýip, ol söze başlady-Aşyk Garyp hakyndaky hekaýat dessan ýazylmanka hem şu sähralarda dilden-dile geçip gelipdir. Soň bu hekaýatlar bir şahyryň düýşüne has aýdyň giripdir. Şahyr tarsa turup, döwet-galamyna ýapyşypdyr. Üç günde ýerinden galman ýazyp gutarypdyr. Ol şahyryň kimligini bilýän ýok. Ýöne eşidişime görä, ol bende kazasy dolanda Ybraýym Edhem babada jaýlanypdyr...

Diýarbekir häkiminiň gyzy, gözellikde deňi-taýy bolmadyk Şasenem göwün açmak üçin öz kenizleri bilen bagda gezim edýärdi. Ol her hili al-elwan gülleri hezil edinip synlady. Bu güýmenje hem ony tiz irizdi. Özdiýenli şazada gyz täze___________? agtardy. Häkimlikde onuň edeni bolýardy. Şa öz perzendine ähli erki beripdi. Şasenem sähra güllerinden oňat çemen baglap getirenlere serpaý ýapjakdygyna _________? Uly-kiçi serpaý hantamasy bilen sähra güllerine tarap eňdi.

Hemişe yşky aýdymlary aýdyp ýörensoň Aşyk Garyp adyny alan çopan ýigit hem padasyny ýoldaşyna tabşyrdy. Öz güllerinden ýolup çemen baglamaga oturdy. Onuň gülleri örän owadandy, gözüň ýagyny iýip barýardy. Olardan örän ajaýyp bir çemen emele geldi. Aşyk Garyp ony alyp, köpçüligiň ugraýan ýerine ugrady.
Şasenem özüne getirilen çemenleri ýeke-ýeke kabul edip, göwnüne ýaranlaryny alýardy, eýesine bolsa bir halat ýa bir gysym teňňe oklaýardy.

Şasenem Aşyk garybyň elten çemenine ünsli garady. Onuň owadanlygyna bendi boldy.
-Bu hili owadan gülleri nirede ösdürip ýetişdirdiňiz?-diýip sorady.
Ho-ol sähralarda-diýip, çopan taýagyny salgap görkezdi.
Şasenem kenizlerine:
-Bu gülüň çemenini eltip meniň otagymda goýuň, özüne bolsa bir laý serpaý bilen bir gysym teňňe berip goýberiň-diýip, buýruk berdi.
-Haý, bibim az tölediňiz?
Başgalaryňkydan onlarça esse köp töledim diýip oýlanan gyz oňa haýran galyp, soragly garady.
-Hakyky gül bilen söýgüniň bahasy bolmaýar. Men ony size ýöne sowgat hökmünde berýän. Ýogsam, bahasyny kemsidersiňiz.

Şeýdip Aşyk Garyp gaýdýar. Şasenem ol gülleri öz otagyna eltip goýýar. Bu ajaýyp çemen säher otaga öl düşende çopanyň söýgi hakyndaky aýdymyny gaýtalaýarmyş. Beýleki güllerden tapawudy bu güller wagt geçse-de solmany bilmeýär. Gaýtam barha owadanlaşýar. Ýene bir geň ýeri, Şasenem şatlansa çemen hasam owadanlaşýar. Gam çekse süllerýär. Gyz bu çemeniň syryny bilmän azara galýar.

Aşyk Garyby çagyryp getirýärler. Getiren çemeniniň syryny soraýarlar. Garyp «Bir çemçe ganymy geçseňiz aýdaýyn» diýýär. «Bar geçdik, aýt» diýýärler. Şonda Aşyk Garyp Şaseneme garap şeýle diýýär:
-Men seniň husnuňy ýedi ýaşymda düýşümde gördüm. Bir garyp enem, ýene naçar doganym bilen saňa ýetip bilmejegim anykdy. Içimi urup zar aglap ýörşüme gözümiň ýaşynyň daman ýerinde gülälekler gögerip başlady. Içim içime sygman, aýdyma gyryranymda käkilikler goşulyşyp saýrady. Gülälekler şeýle bir owadan boldy weli, bibim, hut sizi ýatlatdy. Öňküden beter ot aldym. Seniň çakylygyňy eşidip, öz bagymdaky gülleri gözýaşym bilen suwaryp başladym. Açylan günem...
Şasenem «Söýgi mundan zyýada bolmaz» diýäge-de özüni duran ýerinden Garybyň üstüne oklaýar. Gujakla ýatýarlar.

Soň il-günüň, halkyň talap etmegi boýunça Diýarbekiriň häkimi özüniň ýeke-täk gyzyny garyp çopana bermäge razy bolýar.
Bu geň hakykat şu säharada dilden-dile geçip gelipdir.
Şahyrlar bolsa dessana başlapdyrlar.

Tanyş ýerler: Diýarbekir, Şasenemeiň galasy, Tüniderýa, Akja gelniň bagy, süňňüňi elendirýän sazlar. Aýagyň astynda bir wagt bolup geçipdir diýilýän wakalar ýanlyk ýaýan çarwa gelniň pişegi ýaly hyýalyňy bir o ýana, bir bu ýana oklaýar.

## TOTY GUŞ

Toty guş asmanda kän uçdy. Öwrüm berip aýlandy ýördi. Gözleri bilen yzarlamakdan ýaňa oglanjyk ýadap gitdi. Toty guş ahyry gondy.
-Eý, Toty guş, näme asmanda beýle köp eglendiň? Ýa bir zadyňy ýitirdiňmi?
-Ýok, çopan atanyň agajyny gözledim.
-Çopan atanyň agajy?
-Näme sen ol baradaky rowaýaty bileňokmy?
-Ýok.
-Şeýle diýsene... Onda eşidip goý.

## USSAT SARPASY

Üstýurduň ýaýlalarynda gazak säharalarynda iki sany arasy onçakly daş bolmadyk gonamçylyk bar. Olaryň birine Çopan ata, beýlekisine Guşçy ata diýýärler. Aýtmaklaryna görä olaryň ikisem türkmenmiş...

Ürgenç soramynda medreselerem köpdi, ylymly adamlaram. Şägirtler ussat görüp, kemala gelýärler. Bu demir ýaly düzgündi. Halypanyň petegi bolsa, kybla bakyp, elini ýüzüne sylyp berýän ak patasydy.

Halypalaryň sarpasy örän belentdi. Şägirtler halypanyň her bir ýumşuna şatdylar. Onuň göwnünden turup bilseler başga myratlary ýokdy. Halypanyň gargyşyna dagy galmakdan hudaý saklasyn. Bu ýerdäki ynanja görä, halypanyň gargyşyna galanyň ýedi arkasy ýerden galmazmyş, önüp-örňemezmiş, garny doýup, eşigi bitmezmiş.
Tüni derýanyň aşak akymlarynda owazly ussatlaryň biri bardy. Talyplara ylym bererdi, göwni ýetenlerine ak pata bererdi. Başga ussatlardan tälim almagy maslahat bererdi.

Remezan aýy ýetip gelýärdi. Bir gün halypa ähli şägirtlerini ak öýe ýygnady. Şägirtler kimleredir birlerine ak pata beriljegini aňýardylar. Hemişe şeýledi. Halypa ak pata berip, birini ugratjak bolsa, ähli şägirtlerini ýygnardy.

Halypa töre geçdi. Ähli şägirtler edep bilen oturdylar. «Kimiň bagty çüwerkä?» diýip hemmeler garaşýardylar. Halypa bu gezek äwmedi. Hasasyny eline aldy. Soňam çaltlyk bilen ýokary zyňdy, hasa tüýnükden çykyp gitdi. Hiç zada düşünmedik şägirtlere garap şeýle diýdi:

-Kim hasany tapyp gelse, şoňa ak pata berjek. Gözläp görjegiňiz barmy?

Şägirtler şol demde dyr-pytrak boldular. Diňe iki talyp-Çopan bilen Guşçy ýerlerindenem gozganmady. Halypa olara soragly garady:

-Siz nä gitmediňiz? Tapmak umydyňyz ýokmy?

Çopan ilki bilen söze başlady:

-Tagsyr hasaňyz aýak ýeterden uzakda. Oňa ýetjek bolsaň üç-dört günlük ýol gerek. Alyp gel diýseňiz. Indi gitmesek bolmaz. Bize rugsat ber. Ýöne bize garaşma. Biz barýançak hasa gögerer. Onoň düýp tutan zada el urup bilmeris. Biz indi şonuň gapdalynda ömürlik galmakçy.

Beýleki şägirtler bütin aýak ýeter ýeri elek-dörjük edip boş gelýärler. Halypa diňe şol ikisine ak pata berip ugradýar.

Çopan ata hem, Guşçy ata hem Üstýurt gyrynda ýaşap ötýärler. Ikisiniň mazarynyň arasy bir salkynlyk ýol. Olar halypanyň hasasyny äkeljek bolup gaýdyşlaryna bu ýerden gidip bilmeýärler. Hasany alyp gideli diýseler-ä düýp tutupdyr. Ýogsamam ýumşuny bitirmän baryp boljak däl.

Çopan atanyň mazarynyň başynda şildiräp akýan çeşme bar. Çeşmäniň gözbaşynda bir düýp agaç ösýär. Bu-Çopan atanyň ömrüni şu ýere örklemegine sebäp bolan şo-ol hasa bolmaly.

## TOTY GUŞ

Toty guş pikire çümüp otyr. Oglanjyk ony sorag bilen gorjaýar:

-Nirede başlajagyňy bileňokmy?

-Ýok, dünýede bolýan zatlara akyl ýetirip bilmän otyrdym.

-Hä, seňem düşünmeýän zatlaryň barmy?

-Kän, ynsan balasy, gaty kän. Sen öz atasyna, öz iline ikilik edýän gyz hakynda eşidipmidiň? Ol şeýle...

## YZMYKŞIR

Baýguş mesgenine öwrülip galan köne gala gaty haýbatly görünýär. Aýlaryň-ýyllaryň, ýel-ýagmyryň, yssynyň-sowugyň täsiri bilen üstünde araba sürübermeli diwarlaryň käbir ýeri gemrik atyp başlapdyr. Galanyň gündogar kybla tarapy bolsa köl bolup çaýkanyp dur. Megerem galanyň laýy şol ýerden alnan bolarly. Gala könelse-de o baradaky iniňi dygladýan rowaýata könelme ýok. Eşidesiň gelýärmi? Onda guilak as.

...Gülçeçek sähralaryň, kowçum-kowçum obalaryň üstünde ýaýnaýan şemal erkindi. Bagtyýar illeriň bagtly gününe aýdym aýdýardy. Suwam öz erkine bulanmaýar. Bir günem bu sazlaşyk bozuldy. Sansyz leşgerleriň süýşüp gelýändigi baradaky habar oba aralaşdy.

Indi Yzmykşir obasy gaýnap duran gazana çalym edýärdi. Yzmykşiriň häkimi onça ýagynyň öňünde durup bolmajagyny aňdy. Şonuň üçin hem gyssagly örän berk gala gurmaly diýen karar geldi. Ýerden ýöräniň bary galanyň gurluşygyna sürüldi. Hiç kime rehim edilmedi. Ýaramadyklar diwaryň arasyna basylyp gidildi. Sebäbi ertir ýagy dökülse, gan gaty köp döküljekdi. Ondan ummasyz meýdany tutup ýatan galany gaty tiz gurup gutarmalydy.

Gala gurlup gutaryldy. Gaty beýik diwarlaryň üstünde eşek araba arkaýyn ýöräp bilýärdi. Garawul gözaralaryndan gaty uzakdaky ýagyny saýgarmak boljakdy. Mahlasy gala halky ygtybarly gorap biljekdi.

Yzmykşiriň häkimi üstünden agyr ýük aýrylan ýaly boldy. Indi galmyk hany näçe goşun bilen gelse gelibersin.

Ýagy uzak garaşdyrmady. Galmyk hany Yzmykşir galasynyň üstüne doly ýagan ýaly döküldi. Obanyň ähli halky bar azyk-suwlugy, maly bilen gala girip ýetişdi. Mergenler gözaralaryň öňüni eýeldiler. Çöpde-çörde san bardy, dökülen ýagyda san-sajak ýokdy. Diňe mäkäm gala bil baglaýmasaň, olary urşup ýeňerin diýip umyt eder ýaly däldi. Ýöne galanyň halky batyr goranýardy.

Duşman galanyň daşyny halkalaýyn alyp ýatyberdi. Olar galany urşup alyp bilmejekdiklerine göz ýetirip, uzak wagtlyk gabawdan soňra yzmykşirlileriň öz boýun egerlerine garaşdylar. Galanyň azyk-suwlugy uzak wagtlyk gabawa çydamaly däldi.

Gabaw üç aýlap dowam etdi. Galada azyk rejeli tutulýardy. Ýöne Yzmykşir häkimi bir pirim oýlap tapmagy ýüregine düwdi. Ol her öýden

bir gysym däne ýygnamagy buýurdy. Ony bir öküze iýdirdi. Soň garny topa dönen öküzi galanyň diwarynyň üstüne çykaryp goýberdiler.
Garny däneden doýan öküz duşmanlara haýbat atyp, her hili oýunlar edýärdi, galmyklar ony şol bada atyp gaçyrdylar. Semiz öküzi soýanlarynda onuň diňe däne bilen bakylandygyny görüp, haýran galypdyrlar. Galmyk hany özüçe netije çykardy.
-Biz bu galany aljak diýip ýatyşymyza beýleki oljalardan galarys. Bular öküzlerini galla bilen bakýan bolsalar, entek bize boýun egmez. Gowusy, gideliň.
Bu bolýan zatlary görsene! Şol wagt ujy hatly bir peýkam gaýyp gelip düşdi. Haty açyp okadylar:

«Eý, galmygyň batyr hany. Siz aldanyp gitmäň. Galada açlyk dowam edýär. Ýene üç gün garaşsaňyz, gala size boýun eger. Men size aşyk boldum. Ölsem ýeriňki-ölmesem seniňki diýip kasam içdim. Size garaşýan. Yzmykşir häkiminiň gyzy».

Öz kör söýgüsine bäs gelip bilmedik gyz tutuş galany harap etdi. Adamlar barybir açlykdan öljek bolsak, duşman bilen garpyşyp öleli diýip, iň soňky demlerinde derwezäni açyp, duşmanyň üstüne eňdiler. Ne gözel ýigitler al ganyny bu topraga akdyrdylar. Galmyklar köp gurban berip, şäheri eýelediler.

Galmyk hany galany oljalady. Yzmykşir häkiminiň gyzyny öz gaşyna getirmegi buýurdy. Gaýybana aşyk bolan görkana gözeli alyp geldiler. Gyz onuň gaşynda baş egdi. Galmyk hany onuň garamyk ýaly gözleriniňi garaçygyna seretdi-de:
-Kellesini alyň diýdi. Atasyna, obasyna biwepalyk eden gyz aýal bolup bize wepa bermez.

Ynsan deri bilen bina bolan äpet gala baýguş mesgenine öwrülip galdy. Açgöz gargalar gyzyň kesilen kellesindäki towlanyp ýatan gara saçyndan birbada heder etseler-de, soň nämäniň-nämedigine göz ýetirip, onuň üstüne gondular, iki gözüni çokalamaga başladylar.

## TOTY GUŞ

Oglanjyk kän wagtdan bäri ýüreginde Toty guşa bir sorag besläp ýördi. Ony Toty guşa bermekçidi. Ýöne her gezek gyzykly bir rowaýat ara düşýärdi-de, ol ýatdan çykyp galýardy. Şu gün ara böwşeňlik düşende şol soragy Toty guşa berdi:
-Eý, Toty guş, sen zooparkdan geldiňmi?

-Ýok, ertekilerden. Saňa Köneürgenç hakyndaky rowaýatlary gürrüň bermek üçin geldim.
-Soň ýene gidermiň?
-Hawa, giderin.
-Gaýdyp dolanmazmyň?
-Kämahal saňa rowaýat aýdyp bermäge gelerin.
-Sen ol rowaýatlary nämä salyp gelýäň? Bu kiçijik kelläňe nädip sygýar.?
-Göreňokmy näme muny?- -OL edil ertekilerdäki ýaly äpet, haşamly horjuny görkezdi. Şuňa salyp getirýän.
Toty guş birden kah-kah edip güldi:
-Seret!-diýip, horjunyň bir gözüne çüňküni sokdy:
-Örän gyzykly birje rowaýat galan ekeni. Özem Döwkesen hakynda...

## DÖWKESEN

Gyryň edil byçgy bilen kesilen ýaly ýarylan ýerini göreniňde gudrat diýýärsiň. Ýöne gyryň adam eli bilen kesilendigigi görnüp dur. Onuň aňyrsynda hasratly rowaýat ýatyr.

...Ýaz ýaýla müň dürli öwüşgini bilen ýazyldy. Perhat atly çopan ýigit üçin bu ýazyň gözelligi goşlanan ýalydy. Ýogsam näme! Gözelleriň gözeli Şirini söýen, onuňam söýgüsine mynasyp bolan ýigit üçin bu baharyň görki aýratyndy. Ýöne .. ol uludan dem aldy. Gyryň üstünde ýerleşen, hol ýokardaky gala seretdi. Soň ýamaly çokaýyna garady. Gyry etekläp ýagşy ýazylan dowar sürüsine çala nazar aýlan Perhat ýene hyýallara çümdi.

Şirin han gyzy. Ol Perhada ýetdirmezmikä? Ýigit gyra seretdi. Onuň üstündäki gala gaty haýbatly görünýärdi. Perhat Şirin üçin gyryň iň uçut ýerinden çykmalam bolsa çykjakdygyna ynandy. Han gyzyna aşyk bolan ýigidiň öz öňünde ondanam agyr, onda-da al goşulan kynçylyklaryň duranyndan habary ýokdy.

Perhat mallaryny ýataga dolady. Soň Şirin üçin gülleriň iň owadanyndan owadanyny ýygmaga başlady.

Perhat güllerini gizlinlik bilen magşugyna gowşurdy. Gelen aýgytly netijesi barada söýgülisine hem aýtdy. Ol kellesini etegine salyp, hanyň ýanyna barmagy ýüregine düwüpdi.

Han öz galasynda daşardan edilýän çozuşlardan howpsuzlyk üçin gyry kesdirip, nähili garym gazdyryp boljakdygy baradaky hyýallara çümüp otyrdy. Birden onuň huzurynda Perhat häzir boldy. Perhat özüne

üns gönügenden ölümden öňünçä iň soňky sözüni aýdýan ýaly, habaryny bermäge howlukdy.

Han göni ajala gelen garyp ýigidiň mertligine haýran galdy. Öňünde kesgitli şert goýup, şoňa razy bolsa, Şirini bagyş etjekdigini aýtdy. Ýüreginiň gürsüldisi çep gursagyny ýarara getirýän ýigit tizräk onuň şertini eşitmäge gyssandy. Han äwmedi. Ahyry agras dillendi:

-Dagy ýaryp, garym geçirmeli borsuň. Gutaran günüň toýa taýýarlanyber. Müddetiň hem kyrk gündür.

...Zarp bilen daga urulýan kerkiniň zarbyndan uçgun syçrap gidýärdi. Söýgüniň gudraty bilen, garyp ýigidiň güýçli golarynyň astynda dag müm-helime dönüp barýardy. Dagyň aňyrsynda Şirin durdy. Perhat oňa ýetmäge howlugýardy.

Bu ýagdaýa azgyny açan adamlar, perhadyň güýjüne haýran galyp:

-Ýigid-ä dagy döw ýaly kesip barýar-diýýärler. Bu köne galanyň Döwkseen ady şondan galypdyr.

Han ynjalykdan gaçdy. Ol Perhatdan beýle zada garaşmandy! Ýok, ol garamaýaga gyzyny ömür hem berjek däldi. Nätmeli? Lebňizi ýuwutmalymy?! Olam boljak däl.

Çykalga tapyldy. Otuzikisinden biri galmadyk, bükür, betnyşan kempir onuň öňüne iki büküldi:

-Sylagymyzy ýetirseň, aşyklaryň arasyna çöp atmak biz bilen.

Han razylyk berdi. Kempir üç günläp goýunlary guzudan, düýeleri köşekden, sygyrlary göleden aýra saklamagy talap etdi. Aýdyşy ýaly etdiler. Üç güni geçirip, olary goýberdiler. Aç guzular, köşekler, göleler, gökläp emjekleri çişen goýunlar, düýeler, sygyrlar yzan-da-çuwan boldular.

Derini syryp, gyra çykan Perhadyň gulagyna obadan gelýän zarlaşyk diňe häzir eşidildi. Ol süňňi bir zat syzan ýaly munuň sebäbi bilmek isledi. Şol barmana onuň nazary özüne tarap elem-tas bolup gelýän betnyşan kempirde eglendi. Soraga zerurlyk bolmady. Kempir gele-gelmäne ýarym-ýaş bolup, ýaka ýyrtyp ses etdi:

-Oglum, bagtymyz ýatandyr-la, waý... Eh-he-eh-he-eh-he...

Şirin tarpa-taýyn jan berdi. Eh-he-eh-he... Bütin ili eňredip gitdi-le, waý...

Ýigidiň gursagyndan ýüregi sogrulan ýaly boldy. Uçudyň gyrasyna geldi-de özüni aşak oklady. Hemme zadyň anygyna göz ýetiren Şirin hem Perhatsyz jahanda galmak islemedi. Gyzyň meýdini uçudyň eteginden tapdylar.

Aşyklary aýra salmak garapällilere barybir başartmandyr.

Seleňläp görünýän gyryň üstündäki köne galada hile bilen aýra salnan aşyklaryň ýanaşyk mazary bar.

## TOTY GUŞ

Toty guş bu gzek oýlanyp kän oturdy. Teý gürrüňe başlanok.
Ahyry oglanjyk dillendi:
-Eý, Toty guş, näme gürläňok? Ýa ýadyňa düşenokmy?
-Ýok, rowaýatlarym gutardy.
Oglanjyk erbet gynandy:
-Gutardy?
-Hawa, häzirlikçe gutardy. Ýöne sen gynanmaz ýaly Döwksene galasy baradaky rowaýatyň başga bir görnüşini aýdyp bereýin.
-On-a ýaňy aýtdyň.
-Ýok, oňa meňzeş däl. Ýok, bile öwrenmäge gideris. Bolýamy.
Diňle, onda.

## WEZIR GALASY

-Bagşylaryň käte «Bi pylan sazyň çöwre ýüzi» diýip çalamsy bardyr. Şonda olar şol bir mukamy iki dürli röwüşde çalýandyrlar. Döwkesen galasy hakyndaky gamly hekaýat ýadyňdadyr. Bi hem şonuň çöwre ýüzi diýen kysmy bir zat...
döwkesen galasy baradaky rowaýatyň çöwre ýüzi çözlenýär. Gör bak näme diýer?!

Gadymy Üstýurt. Haraba dönüp galan galalar. Daş diwarlar, mawzoleýler her ýerde, her ýerde garry adamyň dişi ýaly iki-ýeke somalyp galypdyrlar. Olar ýalňyzlyk täleýine kaýyl bolup otyrlar.
Tüni derýanyň gyryň etegini ýuwup akýan zamanlary. Şo wagtlar bi giden harabalar, bi giden galalar Ürgenç bilen bäs edýän şäherler ekeni. O zamanlar bi etraplarda gala sözi şäher sözi bilen manydaşyrak bolupdyr. Sebäbi şäher bolanyň hökman daşynyň galasam bar ekeni. Şamahy galasy «Günbatar şäheri», «Günbatar şäheri», Şirwan galasy «Pul şäheri» diýmegi aňladypdyr. Şindiki Döwkesen diýýäniňize şol mahalar Wezir galasy diýýän ekenler.

Wezir galasy... Onuň günorta hem günbatar taraplary gyryň kert eňňidinde dogry gelipdir. Demirgazyk hem gündogar taraplaryna beýik daş diwar aýlanyp, onuň daşyndan hem çuňňur garym gazylypdyr. Wezir galasy... Bu adyň aňyrsynda bir zatlar-a bolmaly.

Birmahal şäheriň şasy öz goşuny-serkerdesi, topy-topalaňy bilen uzak wagtlyk awa çykypdyr. Ugramazyndan ozal şa baş weziri ýanyna çagyrypdyr:
-Men gelýänçäm galanyň daşyna şeýle bir berkitme guruň. Hiç bir ýagy alyp bilmez ýaly bolsun.

Şanyň saldamly hökümi weziriň egninden basylan ýaly etdi. Gazaply şanyň hökümi gaty düşnüklidi. Onuň aňyrsynda dar agajy gerlip durdy. Haýal-ýagallyk etmek gerek däldi. Şa ugrandan baş wezir haýdan-haý işe girişdi. Ýedi ýaşardan ýetmiş ýaşara çenli ähli raýat galanyň gurluşygyna çekildi.

Är gaýratyny ölçeýän, aýdanyňdan hem juda zabun iş dowam edýär. Ýaraňokmy?! Daş diwaryň arasynda müdimi galýaň. Diwara basyp, üstünden daş galdyryp giderler. Gurluşykda ýaramadyklary diwaryň aşagyna basyp gitmek adaty şu elhenç galanyň gurluşygyndan soňra galanmyşyn.

«Iliň güýji-siliň güýji». Üstünde arba sürübermeli galyň diwar galanyň daşyna aýlanyp gelýär. Onuň daşyndanam gyry oýup, çuň garym gazylýar-da içine suw goýberilýär. Ine-de berkitme taýýar. Näçe ýagyň bolsa sürünibersin. Aljak gümany bolmaz.

Şa şikardan dolanyp gelýär. Gyryň üstüdäki äpet gala dumana duwalanyp dur. Ýöne şanyň sadyk gullary onuň öňünde derwezäni dabara bilen açmadylar. Wezir häkimligi bermek islemeýändigini aýtdy. Uly goşun bilen gelýän patyşa garşy uruş yglan etdi.

Şa galanyň daşynda, wezir içinde. Dogan-doganyň arasynda uruş gidýär. Şanyň goşuny oňat ýaraglanan, özem weziriňkiden köp. Ýöne weziriň goşuny azam bolsa, olary daş diwarlar örän ygtybarly goraýar. Gözaralaryndan atylýan oklar sowa geçenok.

Şa ýeňildi. Onuň boýnuna ýüp salyp, weziriň gaşyna süýräp getirdiler. Wezir oňa baş egip, hormat bilen salam berdi:
-Tagsyr, hoş geldiňiz. Hökümiňiz ak ýürek bilen ýerine ýetirendiris. Ine, tagtyňyz, ine, galaňyz. Eýe boluň.
Şa öz gözüniň görýän zadyna, öz gulagynyň eşidýän zadyna ynanmady. Wezir dowam etdi:
-Eger şeýle etmedik bolsam, meni dar agajyndan asardyňyz. Galany hiç kimiň alyp bilmejekdigini men size subut etdim...
Wezir galasy ady şondan galypdyr. Hökümdarlar nämeler etmeýär. Ýöne iki arada horluk ýene-de garyp halkyň gerdenine düşýär.

## TOTY GUŞ

Toty guş oglanjyga her gün rowaýat aýdyp berýär. Özem şeýle bir gyzykly, şeýle bir gyzykly, heý ýöne goýaý! Toty guş oglanjyga näme üçin aýdyp berýärkä?! Ýa-da ol gadymky döwürlerdäki ýaly, kiçijik şazadamyka?! Ýok, üç, gezek ýok! Onuň patyşa-da, şazada-da bolasy gelenok. Oglanjyk olaryň gowy adamlar bolmaýandygyny bilýär. Oglanjygyň niýetini aňlaýan ýaly ýene Tity guşuň günleç sesi ýaňlanýar: -Şonam bileňokmy?-diýip ol soraýar –Öz obaň, öz ýurduň geçmişini hökman biläýmeli. Ýogsam, hakyky adam bolmak kyn. Heý, öz ata-babalary, asly barada bilmeýänem adam bolarmy? Men saňa şu zatlary bilsin diýip gürrüň berýärin.

Toty guş ýene-de rowaýata başlaýar. Oglanjygyň geň galmakdan, gyzyklanmakdan ýaňa gözleri kä tegelenýär, käte Toty guşuň görejine garaýar.

Rowaýatlar bolsa dowam edýär. Oňa gutarma ýok...

## GADYMYÝETIŇ GALYNDYLARY

Köneürgenç rowaýatlary... Olar gulaga ýakymly saz diňledigiçe diňläsiň gelýär. Olar bilen çaý başynda ak sakgally gojalar gürrüňdeşlerini ýüpsüz örkläp goýýar. Olar dürli-dürli. Hatda şol bir zat hakynda dürli-dürli rowaýat bar. Hakykata çala ýanaşýanlary-da, hyýalyň ganatyna münüp uçýanlary-da duşýar.
-Diýseňem, tötänlikmi ýa hakykatmy, bilemok, aýdylýanlaryň gabat gelýän ýerlerem bar. Köneürgenç bir tuduň dikilen ýeri, hemme zat ýene gaýtalanmaly diýerdiler. Oglankak minaranyň astynda aždarhanyň hini barmyş, şony çykarmajak bolup gurupdyrlar diýlenine hem güp ynanardyk. Ýakyn barmaga gorkardyk-diýip, goja çöşlenip ugran gürrüňi alyp gidýär –O gürrüňleriň ýalandygyna indi şübhelenip ýörüs.
Könäň ileri çetinde Fahreddin ar Razynyň mawzoleýiniň kybla tarapynda gadymy kerwensaraý bardyr. Şol birmahallar Ürgenjiň günorta derwezesi bolupdyr. Uzak-uzak ýurtlardan gelip düşýän kerwenler şonda togtar eken. Ana, şoňa ýene bir mahal derweze, kerwnsaraý bolmalymyş, şol gadymy zatlar ýene bir gezek gaýtalanmalymyş diýerdiler. Asyl-asyl ynanmazdyk. Gör-ä, bi bolýan zatlary. Şol ýerden Köneürgenç-Aşgabat magistral ýoly başlanyp gitdi. Demirýol hem edil şo ýerden geldi. Eşidişime görä, demirýol stansiýasy, wokzaly hem şo ýerden guruljakmyş...

Şäher gün-günden ösýär, pajarlaýar. Ajaýyp-ajaýyp ymaratrlar çar ýandan galýar. Köneürgenç öz gadymy geçmişdäki belentliklerine tarap uzap barýar. Köneürgenç gadymy rowaýatlardan şu güne dolanýar. Iň esasy hem rowaýatlar hakykaty gaýtalaýar.